**J.Annaorazow, G.Orazmuhammedowa,**
**M.Akmyradow, H.Çakanow**

# TÄZE TARYH

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VIII synpy
üçin okuw kitaby

*Ikinji neşir*

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 373:957.54
A 65

**Annaorazow J. we başg.**
A 65 **Täze taryh.** Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VIII synpy üçin okuw kitaby. – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

TDKP № 38, 2017 KBK 63,3(2 Tü)Ýa 72

© J.Annaorazow we başg., 2017



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

**«Täze taryh» we «täze döwür» düşünjesi**

Gadyrly okuwçylar! Siz dünýä taryhynyň ýene-de bir döwrüni öwrenmäge girişýärsiňiz. Bu döwür dünýä taryhynyň orta asyrlar döwründen soň başlanýan eýýamydyr. Oňa «Täze taryh» diýip at berýärler. Bu döwri «Täze taryh» diýip atlandyrsalar-da, onuň başlaryna çenli (takmynan XVII asyryň ortalary) dünýä ýurtlarynyň we yklymlarynyň ösüş derejesi dürli-dürlüdi. XVII–XIX asyrlarda täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar diňe Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň ösen ýurtlarynda berkarar bolupdy.

Bu döwürde ýewropalylar taryhy ösüşde dünýäniň beýleki yklymlaryndan öňe saýlanmagy başardylar. Olar öz serhetlerinden çykyp, dört ummanyň giňişliklerinde ýüzüp, täze açylan ýerleri özleşdirýärdiler.

Ýewropada ylmyň, tehnikanyň ösmegi netijesinde Täze taryhda önümçilik gatnaşyklary üzül-kesil üýtgedi, ykdysadyýetde täze pudaklar peýda boldy. Bu döwürde tehnikanyň gazananlarynyň köp ulanylyp başlanandygy üçin Täze taryh döwri «maşyn asyry» diýlip hem atlandyrylypdyr.

Täze döwrüň adamlary köp derejede orta asyrlaryň adamlaryndan düýpli tapawutlanyp başlapdyr. Bu döwürde ýaşaýyş-durmuşda we zähmetde işewürlik, dünýewilik güýçli ösdi, adamyň döwlet häkimiýeti bilen gatnaşygy-da üýtgäpdir. Ençeme ýüzýyllyklar dowam eden absolýut häkimiýetiň hökmürowanlygy peselip, ösen Ýewropa ýurtlarynda korolyň häkimiýeti çäklendirilip ugrapdyr.

**Täze taryhyň döwürlere bölünişi.** Alymlaryň arasynda Täze taryhyň haçan başlanyp, haçan gutarandygy barada dürli pikirler bar. Muňa garamazdan, Täze taryhyň başlanýan döwri hökmünde iňlis buržuaz rewolýusiýasy esas edilip alyndy, bu döwrüň tamamlanýan wagty hökmünde bolsa 1914–1918-nji ýyllarda bolup geçen Birinji jahan urşy kabul edildi. Täze taryhyň şeýle wagt çäginde seneleşdirilmeginiň öz sebäpleri bolupdyr. Çünki iňlis buržuaz rewolýusiýasyndan soň diňe bir Angliýada däl, eýsem Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda hem täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar kemala gelipdir. Bu bolsa adamzat taryhynyň ösüşinde täze döwrüň başlanýandygyny aňladýardy.

Taryhçy alymlar Täze taryhy iki döwre bölýärler: birinjisi XVII–XIX asyrlaryň ortalary, ikinji döwri bolsa XIX asyryň ikinji ýarymyndan XX asyryň başlaryna çenli döwürler.

Mähriban okuwçylar! Siziň eliňizdäki şu okuw kitabynda Täze taryhyň birinji döwrüniň (XVII asyryň 40-njy ýyllaryndan XIX asyryň ortalaryna çenli aralygy) dowamynda bolup geçen taryhy wakalar öwrenilýär.

**Ýewropada senagat öwrülişigi.** Täze taryhyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de, XVIII asyryň ahyrynda – XIX asyryň başynda Angliýada senagat öwrülişiginiň bolup geçmegidir. Bir ýurduň çäginde bolup geçen bu jemgyýetçilik hadysa soňra Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösüşine ägirt uly täsir etdi. Senagatyň ösüşi Ýewropa sebitinde oba hojalygynyň ösüşine hem öz täsirini ýetirdi. XIX asyryň ahyrynda senagat öwrülişigi Aziýa ýurdy bolan Ýaponiýada hem başlanýar. XIX asyryň ahyrynda Ýewropa ýurtlarynda we ABŞ-da industrial siwilizasiýa kemala geldi, tehnikanyň ösmegi bolsa onuň hereketlendiriji güýji bolup hyzmat etdi.

Täze taryh Ýewropanyň we Amerikanyň öňde barýan ýurtlarynda önümçilik gatnaşyklarynda iri maýa goýumlarynyň emele gelmegi hem-de berkleşmegi bilen häsiýetlen-

dirilýär. Ýewropa döwletleriniň içinde Angliýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Gollandiýa, Fransiýa, birneme soňrak Germaniýa, Awstro-Wengriýa, Russiýa ýaly uly ýurtlar dünýäniň dürli sebitlerinde köp ýerleri basyp aldylar.

«Täze taryh» düşünjesiniň Aziýa we Afrika ýurtlary babatynda şertli häsiýeti bardyr. Sebäbi bu sebitlerde, öňküleri ýaly, orta asyr gatnaşyklary dowam etdi. Aziýada Osman imperiýasy, Hytaý, Ýaponiýa, Eýran, Beýik Mogollaryň döwleti ýaly uly ýurtlar bardy. Emma XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap bu döwletleriň durmuş-ykdysady we syýasy ýaşaýşynda yzagalaklygyň alamatlary ýüze çykyp başlapdyr.

«Täze taryh» düşünjesiniň Aziýa we Afrika ýurtlary babatynda şertli häsiýeti bolan-da bolsa, Ýewropadaky wakalar barybir bu yklymlaryň halklarynyň taryhy ösüşine hem bellibir derejede täsir etdi. Baknalygyň güýjemegi Aziýa we Afrika ýurtlarynyň kemala gelip ugran dünýä bazaryna goşulmagyna, bu ýurtlarda milli aňyýetiň kemala gelmegine, şunuň netijesinde bolsa sebitleriň we yklymlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagyna getirdi.

Şonuň üçin hem Täze taryh döwri başgaça «baknaçylyk zamanasy» diýlip hem atlandyrylýar. Sebäbi ýewropalylar Aziýada, Afrikada we Latyn Amerikasynda köp ýerleri eýeläp, bakna mülkleri (koloniýa) döretdiler we ägirt uly baknadar döwletlere (metropoliýa) öwrüldiler.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Täze taryh döwründe Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetinde we syýasy durmuşynda nähili özgerişler bolup geçdi? Dünýä taryhynyň täze döwrüne häsiýetnama beriň.
2. Näme üçin Täze taryh döwri «maşyn asyry» diýlip atlandyrylypdyr?
3. Täze taryh döwründe Ýewropanyň haýsy ýurtlary ykdysady we syýasy ösüş boýunça kerwenbaşy boldular?
4. Näme üçin «Täze taryh» düşünjesiniň Aziýa we Afrika ýurtlary babatynda şertli häsiýeti boldy? Aziýa ýurtlarynyň Ýewropa ýurtlaryndan yza galmagynyň sebäpleri hakynda gürrüň beriň.

## Geografiki açyşlaryň dowam etdirilmegi we onuň netijeleri

**«Täze» ýerlere baknaçylyk.** Ýewropa döwletleri tarapyndan keseki ülkeleri basyp almaklyk ilkinji gezek XVI–XVII asyrlarda başlapdyr. Ispaniýa, Portugaliýa, Gollandiýa, Fransiýa, Angliýa uly baknadar (kolonial) döwletlere öwrüldi. Keseki ýerleri eýelemek, esasan, XIX asyryň aýaklarynda tamamlandy. Basyp alan döwletler tarapyndan bakna ýurtlaryň talanylmagy, olaryň tebigy baýlyklaryna eýe çykylmagy, ýerli ilata agyr salgytlaryň salynmagy bakna ýurtlaryň ykdysady hem-de syýasy taýdan yza galmaklygyna getirdi.

XIX asyryň aýaklarynda Beýik Britaniýa we Fransiýa has uly baknadar imperiýalara öwrüldiler. Afrikanyň içerki ýerleriniň uly bölegi we Ýuwaş ummanyň adalary entek basylyp alynmandy, ýöne şol ýerlere hem gözleg we ylmy-barlag toparlar iberilip durulýardy.

Ýewropanyň öňde barýan ýurtlary, ozaly bilen-de Angliýa, özleriniň basybalyjykly uruşlarynyň gerimi we eýelän bakna mülkleriniň möçberi boýunça gadymy dünýäniň hem-de orta asyrlaryň imperiýalaryndan ozdurdylar.

**Ylmy-tehniki açyşlar.** Täze taryh döwründe ylmy-tehniki açyşlar giň gerime eýe boldy. XVII asyryň ahyrynda, XVIII asyryň başynda suwuň buguny hereketlendiriji güýç hökmünde ulanmaklyk pikiri fransuz oýlap tapyjysy Deni Papen tarapyndan amala aşyrylýar. Papene nemes filosofy Leýbnis bug hereketlendirijisi baradaky pikiri aýdypdyr. Özüniň oýlap tapyşyna Papen «Az çykdajy bilen köp hereket etdiriji güýji almaklygyň täze usuly» diýip at beripdir. Kömür känlerinde suwy çykarmakda ulanylan bug maşynyny iňlis ussasy Nýukomen özgerdýär. Onuň oýlap tapan maşyny bolsa 1732-nji ýylda işläp başlaýar.

Papeniň we Nýukomeniň başlangyçlaryny Jeýms Uatt kämilleşdiripdir. Ol 1784-nji ýylda bug maşynyny oýlap tapýar. Ol maşyny diňe bir suw çykarmakda däl-de, başga

işlerde hem ulanyp başlaýar. Bug maşynynyň giňden ulanylmagy Angliýany tehniki tarapdan ösen döwlete öwürýär. 1810-njy ýylda bu ýerde 5 müňe golaý bug maşyny dürli maksatlar üçin ulanylypdyr.

Ilkinji tikin maşyny 1755-nji ýylda Angliýada döredilýär, ýöne ol Zingeriň meşhur maşyny döreýänçä birnäçe özgerişleri geçmeli boldy.

**Manufaktura we telekeçilik.** Ýewropada XVII–XVIII asyrlarda başlan senagat öwrülişigi adamzat taryhynyň ösüşinde wajyp döwür boldy. Ol öndüriji güýçleriň düýpli ösüşini aňladyp, şol bir wagtyň özünde bolsa täze ykdysady gatnaşyklaryň kemala gelmegi üçin möhüm şertleri döretdi. Senagat öwrülişigi Angliýadan soň Fransiýa, ABŞ-a, Germaniýa, Ýaponiýa, Russiýa we başga-da köp ýurtlara ýaýrady. Ol manufaktura önümçiliginde ulanylan ýönekeý gurallary maşynlar bilen çalşyp, gol zähmetinden maşyn bilen guralýan zähmete geçmeklige ýol açdy.



**Täjirçilik meýdany**

XIX asyryň başlarynda fransuz inženeri Žakatt dokma stanogyny döretdi, ol stanokda her dürli reňkdäki ýüplükleri ulanmak arkaly nagyşly hem-de gülli matalary dokap bolýardy, şol stanokda dokalan matalary soňra boýamak gerek bolmaýardy.

XIX asyryň ortalarynda iňlis inženeri Bessemer agdarylýan ägirt uly susagy oýlap tapdy. Susagyň içine oda çydamly kerpiç örüp, onuň içinde çoýny polada ýa-da demre öwürmek üçin eredýärdiler. 60-njy ýyllarda fransuz inženeri Marten demir ýa-da polat döwükleri we şlaklar garyndyly çoýny täzeden eredip, polat almak üçin peç gurdy. Marten peçleri Bessemeriň susaklaryna (konwertorlaryna) garanda has ýokary hilli polat berýärdi.

XIX asyrda tokar stanoklary kämilleşdirildi, maşynlaryň metal gurallaryny işläp bejermek üçin frezer stanoklary (*freza* – gurşawyň daşyndaky berk päkiler bilen bilelikde aýlanýan gural) ulanylyp başlandy. Maşynlaryň birmeňzeş şaýlary – nurbatlary, hyrly gaýkalary we beýlekiler köpçülikleýin öndürilip başlanyldy. Towlap deşýän, hyr kesýän stanoklar önümçilikde häli-şindi ulanylýan zada öwrüldi.

**Industrial jemgyýetiň kemala gelip başlamagy.** Ýewropanyň hem-de Amerikanyň öňde barýan ýurtlarynda, iri maýa goýum gatnaşyklarynyň kemala gelmegi hojalyga täze eýeçilik gatnaşyklarynyň ornaşmagyndan ybaratdy. Erkin telekeçilik, iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklary – munuň özi täze ykdysady we durmuş gurluşy bolup, onda girdejileriň çeşmesi bolup önümçilige goýulýan maýa goýumlary hyzmat edýärdi. Ýewropada şäherleriň ösmegi industrial jemgyýetiň ösüşini görkezýärdi. Bu ýagdaý tutuş täze döwri öz içine aldy. Senagatda bolşy ýaly, oba hojalygynda hem iri maýa goýumlaryň ornaşmagy oba ilatyny işsizlige eltdi. Senagat öwrülişigininiň başlanmagy bilen aragatnaşyk ulgamynyň ösmegi täze senagat merkezleriniň döremegine itergi berdi. Döwletleriň merkezi şäherleri ösdi,

olaryň ilatynyň sany artdy. Ykdysadyýetiň we syýasatyň ösmeginde täze baýan gatlak öňdebaryjy orna geçdi. Irki senagat kärhanalarynyň we banklaryň ýolbaşçysy bolup täze baýlaryň wekilleri – buržuaziýa orta çykdy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. «Baknadar» we «bakna ýurtlar» düşünjeleriniň mazmunyny düşündiriň.
2. Ylmy-tehniki ösüş diýip nämä düşünýärsiňiz? XVII–XIX asyrlarda ylmyň hem-de tehnikanyň haýsy ugurlarynda ösüşleriň bolandygy barada aýdyp beriň.
3. «Senagat öwrülişigi» diýip nämä düşünýärsiňiz? Onuň esasy alamatlaryny beýan ediň. Senagat öwrülişigi ilkinji gezek haýsy ýurtlarda bolup geçdi?

# I BÖLÜM. DÜNÝÄ DÖWLETLERI TÄZE TARYHYŇ BIRINJI DÖWRÜNDE (XVII – XIX asyrlar)

## I BAP. ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARY XVII – XVIII ASYRLARDA

### ANGLIÝA

### §1. XVI – XVII asyrlaryň sepgidinde Angliýada ykdysadyýetiň ösüşi we jemgyýetiň ýagdaýy

**Angliýada ykdysadyýetiň ösüşi.** XVII asyryň başlarynda Angliýada önümçilik gatnaşyklarynda uly öwrülişikler bolup geçdi. Şu döwürde önümçilikde tehnikanyň ulanylyşynyň gerimi artdy. Önümçilik gatnaşyklarynda energiýa öndürmek üçin ilkinji enjamlar ornaşdyrylyp başlandy, ol enjamlar suwuň hem-de ýeliň güýji bilen herekete getirilýärdi. Şol enjamlaryň üsti bilen bolsa degirmenler işledilýärdi, deri eýlenýärdi, demir eredilýärdi.

XVII asyryň başynda Angliýada demir eredýän 800 sany körük bolup, olar hepdede 3-4 tonna metaly eredipdirler. Kömrüň çykarylyşy artypdyr. XVII asyryň birinji onýyllygynda Ýewropada gazylyp alynýan daş kömrüň 80%-i Angliýada gazylyp alnypdyr.

Angliýada içerki we daşarky söwda çalt ösýärdi. Daşarky söwdada birnäçe kärhanalar – Ost-Hindistan, Lewant (Gündogar) hem-de Moskwa kompaniýalary öňe çykdylar.

Angliýanyň oba hojalygynda iri ýer eýeçilik gatnaşyklary höküm sürüp başlady. Ähli ýerler korolyň eýeçiligi hasap-



**Iňlis obasynda**

lanýardy, begzadalar bolsa ýeri miras galdyrjak ýa-da satjak bolsalar, ýerden peýdalanýandyklary üçin oňa bellibir mukdarda pul tölemelidiler.

**Manufaktura önümçiligi.** XVII asyrda Angliýanyň ykdysadyýetinde täze tehnika we enjamlar ornaşdyrylýardy. Tehnikanyň ornaşdyrylmagy iri kärhanalaryň döremegine getiripdir. Şeýle kärhanalara manufakturalar («manus» latynça – el, «faktura» – önüm) diýipdirler. Manufakturalarda gol zähmeti ösüpdir. Ýöne onuň iki sany aýratynlygy bardy. *Birinjiden*, ol iri kärhana bolupdyr. Onda onlarça, hatda ýüze golaý hakynatutma adam zähmet çekýärdi. *Ikinjiden*, orta asyr hünärmentlerinden, senetçilerinden tapawutlylykda, zähmet çekýän adamlaryň ýerine ýetirýän işiniň görnüşi dürli-dürli bolupdyr. Her bir işçi özüne degişli işi edýärdi. Ol bolsa önümçiligiň ösmegine uly itergi beripdir.

Manufakturalaryň döremegi jemgyýetde täze gatlaklaryň emele gelmegine getiripdir. Manufakturalar şäher-



**Iňlis daýhany**

lerde ösüpdir we ol şäherlerde hem-de obalarda täze döwrüň iri baýlarynyň gatlagyny kemala getiripdir.

**Iňlis jemgyýetiniň gurluşy.** Angliýada önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi jemgyýetçilik gatnaşyklarynda gapma-garşylyga getiripdir. Onuň esasy sebäbi jemgyýetçilik gatnaşyklarynda gatlaklaryň arasyndaky ýiti gapma-garşylyklar bolupdyr. Bir tarapdan, köne begzadalar, beýleki bir tarapdan bolsa önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde baýlaşan täze gatlak özleriniň girdejilerini köpeltmek isleýärdiler.

Iňlis jemgyýetine köpsanly jemagat we beýleki öz-özüňi edara etmegiň ýerli dolandyryşynyň bolmagy häsiýetlidi. Bu jemagatyň esasyny iňlis obasy emele getirýärdi. Obanyň adamlary oba maslahatyna ýygnanypdyrlar. Şol ýerde kethuda saýlapdyrlar. Birnäçe obanyň wekilleriniň ýygnanyşmagynda uly maslahatlar geçirilipdir. Angliýada korollyk häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen oba maslahatlary patyşanyň ýerlerdäki wekillerine öwrülýärdiler. Birnäçe wekillikleriniň birleşmegi graflygy düzüpdir. Ony korol tarapyndan bellenilýän şerif dolandyrypdyr. Şerif öz işinde graflygyň maslahaty bilen ylalaşmaly bolupdyr. Ol ýerde bolsa esasy orun ýerli begzadalara degişli bolupdyr. Graflykda halk geňeşleri hem ýygnanyşypdyr.

**Ýer eýeçiligi we onuň üýtgemeginiň sebäpleri.** XVI–XVII asyrlarda Angliýada jemagat düzgünleriniň dargamagy dowam edipdir. Güýçli oba jemagaty (folklend) bilen bir hatarda iri ýer eýeçiligi ösüp başlaýar. Begzadalaryň ýer eýeçiligi korol ýer eýeçiligini berkidipdir. Netijede, ykdysady taýdan gowşan daýhan jemagatlary begzadalaryň täsirine düşýärdiler. Daýhanlaryň goňşy iri ýer eýesine – lendlorda baglylygy döwlet häkimiýeti tarapyndan olara berilýän immunitet (*immunitet* – eldegrilmezlik) hukugy

arkaly berkidilipdir. Immunitet hukugy lorduň içki işlerine döwlet häkimiýetiniň gatyşmazlygyny aňladýardy. Eldegrilmezlik hukugyny alan iri ýer eýesiniň golastyna düşen daýhan «sokmen» diýlip atlandyrylypdyr. Sokmen erkin hasaplanypdyr we öz ýerine eýelik etmegini dowam etdiripdir, hatda ol mülkden hem gidip bilipdir, emma kazyýet jähtden şeýle daýhan iri ýer eýesine bakna bolupdyr.

Emma XVII asyrda Angliýada iri ýer eýeçiliginiň dowam etmegine garamazdan, daýhanlaryň köp bölegi erkindi. Angliýa XVII asyryň ortalarynda hem agrar ýurt bolmak bilen, onuň ilatynyň bäşden dört bölegi obada ýaşapdyr. Oba hojalygynda iri maýa goýumlar peýda bolup, haryt önümçilik gatnaşyklary ösüpdir.

**Iňlis buthanasy we özgerişlikler.** Angliýada din barada özgerişlikler korol aýal Ýelizaweta döwründen başlanypdyr. Iňlis buthanasy Rim papasyndan azat bolup, ol korola boýun egmeli bolupdyr. Daýhanlar üçin buthana tölenmeli salgytlar üýtgemän galypdyr. Iňlis buthanasyna garşy çykanlar berk yzarlanypdyr we ol korola biwepalyk diýlip hasaplanypdyr.

Täze dörän baý gatlaklar iňlis dini guramalarynda özgerişlikleriň geçirilmegini, buthanadaky ýolbaşçylaryň saýlanylmagyny, olaryň korol häkimiýetinden özbaşdak bolmagyny talap edipdirler. Angliýada bu akyma *puritanizm* diýip at beripdirler. Puritanlaryň pikirleri häkimiýet tarapyndan goldanylmansoň, olar Stýuartlar nesilşalygy döwründe resmi buthanadan ýüz dönderipdirler.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Manufaktura näme? Manufakturalar Angliýanyň ykdysadyýetinde nähili orun tutupdyr? XVI-XVII asyrlarda Angliýanyň syýasy-ykdysady ýagdaýy barada gürrüň beriň.
2. Iňlis lendlordlary kimler? Iňlis jemgyýetini düzýän gatlaklar barada aýdyp beriň.

2.Sargyt № 1718

3. Angliýada buthananyň tutýan orny we onda bolýan gapma-garşylyklaryň sebäpleri nämeden ybarat bolupdyr? Puritanlaryň garaýyşlaryna häsiýetnama beriň.
4. «Senagat öwrülişigi» diýip nämä düşünýärsiňiz? Onuň esasy alamatlaryny beýan ediň. Senagat öwrülişigi ilkinji gezek haýsy ýurtda bolup geçdi?

## §2. Angliýada rewolýusiýanyň başlanmagy



**Karl I**

**Angliýa döwletiniň dolandyrylyşy.** Angliýa Ýewropa döwletleriniň arasynda birinji bolup XVII asyryň ahyrynda parlament korollygy boldy. Parlament korollygy – munuň özi döwlet gurluşynda ýokary häkimiýetiň parlamente degişlidigini aňladýardy. Stýuartlar nesliniň ilkinji patyşalary Ýakow I we Karl I döwleti edara etmekde korol häkimiýetiniň çäklendirilmedik ygtyýarlyklaryny berkarar etmäge çalyşýardylar. Olar parlamentiň (mejlis) hukuklaryny çäklendirmäge ýa-da ýatyrmaga çalyşýardylar. Sebäbi parlamentiň aşaky maslahaty bolup durýan jemagat ýygnagynyň wekilleri korolyň çäklendirilmedik ygtyýarlyklaryna garşy çykýardylar.

Korol häkimiýeti parlamentiň ygtyýarlyklaryny çäklendirip bilmeýärdi, oňa mümkinçiligi hem ýokdy. Sebäbi parlamentiň çykarýan resminamalary ýurduň ykdysadyýetine uly täsir edýärdi. Esasan hem erkin söwda etmek, maliýe işlerini amala aşyrmak ýaly ygtyýarlyklar, däp bolşy ýaly, parlamente degişlidi.

Parlament korolyň anglikan (iňlis) buthanasyny goldap çykyş edýän dini syýasatyny hem goldamaýardy.

**Puritanlar we olaryň garaýyşlary.** Daýhanlaryň aglabasy hem-de şäher ilatynyň aşaky gatlaklary täze öwrülişiklere garaşýardy. Ondan başga-da, Angliýada hris-

tian dininiň puritan akymy (puritanlar dini durmuşyň zynatlaşdyrylmagyna, Isa pygamberiň heýkeliniň mahabatlandyrylmagyna we korolyň din işlerine goşulmagyna garşy çykýardylar) köpçülikleýin ýaýrap başlaýar. Puritanlaryň arasynda täze begzadalar, baý söwdagärler, ussalar, manufakturalaryň eýeleri, gurply daýhanlar köp bolup, olar zähmetsöýerlige hem tygşytlylyga çagyrýardylar.

XVII asyryň başlarynda puritanlaryň arasynda iki akym peýda bolupdyr. Olaryň birini «preswiterianlar» (olar buthana preswiterleriniň (arçyn) saýlawly bolmagy ugrunda çykyş edýärdiler), beýleki bölegini bolsa «independentler» (garaşsyzlar) diýip atlandyrýardylar. Täze begzadalaryň ýokary gatlagynyň we iri buržuaziýanyň wekilleri bolan preswiterianlar işi raýatlyk urşuna eltmezden korol bilen ylalaşyk gazanmagyň tarapdarlary bolupdyrlar. Täze begzadalaryň, orta we ownuk buržuaziýanyň, şeýle hem barjamly daýhanlaryň isleglerini araýan independentler raýatlyk urşunda koroly gutarnykly ýeňmegiň tarapdary bolupdyrlar.

**Korol bilen parlamentiň arasyndaky gapma-garşylyk.** Parlament Ýakow I-niň daşary syýasatyny hem goldamaýardy. Sebäbi ol Angliýanyň garşydaşy bolup duran Ispaniýa bilen hyzmatdaşlyk etmäge çalyşýardy. Döwlet dolandyryşynda galplygyň we eden-etdiligiň ösmegi iňlis halkynyň arasynda närazylygy artdyrýardy. 1625-nji ýylda Ýakow I aradan çykypdyr. Tagta onuň ogly **Karl I** (1625 – 1649) çykýar.

Iňlis korollary Angliýada XIII asyrdan bäri dowam edip gelýän parlamenti ýatyrmaga çalşyp, ýurtda çäklendirilmedik ygtyýarlyklary bolan häkimiýeti girizmäge dalaş edýärdiler. Şu döwürde Angliýa üç sany döwlet – Fransiýa, Ispaniýa we Awstriýa bilen uruş alyp barýardy. 1628-nji ýylda parlament hökümetiň uruş sebäpli çekýän kynçylyklaryndan peýdalanyp, koroly «Hukuk hakyndaky talapnama» gol çekmäge mejbur edýär. Şol kanunda parlamentiň hukuk

ygtyýarlyklaryna hormat goýmak hem-de kazyýetiň razylygy bolmasa, onuň agzalaryny jenaýata çekmek gadagan edilýärdi. Karl I şol kanuny bozjak bolupdyr. Emma parlament muňa garşy çykýar. Şonuň üçin hem 1629-njy ýylda korol parlamenti ýatyrýar we ýurdy 10 ýyldan gowrak wagt çäklendirilmedik häkimiýetli korol hökmünde dolandyrýar.

Däp bolşy ýaly, parlamentiň razylygy bolmasa, täze salgytlar girizilip bilinmeýärdi, emma muňa garamazdan, korol häkimiýeti tarapyndan salgytlar girizilipdir. Salgytlar, esasan hem, gämi gurluşygynda girizilipdir. Bu bolsa närazyçylyga getirip, şäherlerde gozgalaňlar bolupdyr. Parlamentiň ygtyýarlyklaryny dikeltmegi talap edýänleriň sany köpelipdir.

1637-nji ýylda korola garşy Şotlandiýada gozgalaň başlanýar. Gozgalaňa şotland jemgyýetiniň ähli gatlaklary gatnaşypdyr. Olar syýasy hem dini taýdan Şotlandiýanyň garaşsyzlygyny talap edýärdiler. 1639-njy ýylyň iýun aýynda Angliýa parahatçylyk şertnamasyna gol çekmäge mejbur boldy. Şertnama boýunça Şotlandiýa Angliýadan erkinlik alýar.

Birnäçe wagt geçenden soň Karl I täze goşun düzmäge hyýallanýar.Ýöne muňa pul gerekdi, döwlet gaznasy bolsa boşdy. Döwlet gaznasyny maliýeleşdirmek üçin salgyt ulgamyny täzelemelidi. Parlamentiň razylygy bolmasa, täze salgytlar girizilip bilinmeýärdi. 1640-njy ýylyň 13-nji aprelinde 11 ýyllyk arakesmeden soň Angliýanyň parlamenti çagyrylýar. Parlamentiň wekilleri uruş üçin girizilmeli salgyt bilen ylalaşmadylar. Patyşa gahar-gazaba münüp, 6-njy maýda parlamentiň işini ýatyrýar. Halk arasynda şu döwür «gysga parlamentiň döwri» diýlip atlandyrylypdyr. Ýurduň içinde tolgunyşyklar döräp, parlamentiň ygtyýarlyklaryny dikeltmek ugrunda hereketler başlanýar. Şotlandiýalylar korolyň täze uruş hereketine taýýarlanýandygyny aňyp, goşun çekip gelip, iňlisleri Nýuber diýen ýerde derbi-dagyn edýärler.

**Angliýa uzak parlamentiň döwründe.** Karl I 1640-njy ýylyň noýabrynda parlamentiň mejlisini çagyrmaga mejbur bolýar. Bu döwür «uzak parlament» (1640–1653) adyny alypdyr. Uzak parlamentiň döwründe birnäçe özgertmeler geçirilip, patyşanyň ygtyýarlyklaryny çäklendirmek hakynda kanunlar kabul edilýär. Döwletde häkimiýet gitdigiçe parlamentiň ygtyýaryna geçip başlaýar. Emma Karl I parlamentiň kabul eden kararlary bilen ylalaşmaýar, ol öz garşydaşlaryny tussag etmek barada perman çykarýar.

**Raýatlyk urşy.** Angliýada 1642-nji ýylda patyşa bilen parlamentiň arasynda Raýatlyk urşy başlanýar. Şol wagt Londonyň ilatyndan, içerki tertibi goramak üçin, halk polisiýasy döredilýär. Onuň hataryna girmek we parlamenti goramak üçin goňşy şäherleriň we obalaryň daýhanlaryndan düzülen toparlar Londona ugrapdyrlar. Angliýanyň ilaty ikä bölünýär. Olaryň patyşanyň tarapdarlary bolan birinji toparyny «kawalerler» (şäherliler «kawalerler» diýip gymmatbaha eşik geýýän baý adamlara aýdypdyrlar), parlamentiň tarapdarlary bolan ikinji toparyny bolsa «puritanlar» – «togalak kelleliler» (olaryň ýönekeý lybaslary, gysgajyk saçlary bolupdyr) diýip atlandyrýardylar.

Karl I Angliýanyň demirgazygyna gaçyp, öz tarapdarlaryndan goşun toplap başlaýar. Şol ýerden hem korol 1642-nji ýylyň güýzünde parlamentiň garşysyna urşa başlaýar. 1642-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda parlamentiň goşuny korol goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Parlamentiň goşunynyň baştutany **Oliwer Kromwel** (1599 – 1658) täze goşun düzüp başlaýar. Ol gelip çykyşy boýunça asly baý bolmadyk iňlis puritan maşgalasyndandy. Kromwel goşuny berkitmek, tertip-düzgüni ýola goýmak, harby taýýarlygy güýçlendirmek bilen baglanyşykly işleri geçirýär.

1644-nji ýylyň 2-nji iýulynda parlamentiň goşunlary Marston-Mur diýen ýerde korol goşunlaryny derbi-dagyn edýär. Kromweliň atlylary yzly-yzyna ýeňiş gazanýardylar.

Ýeňişler Kromwele ägirt uly abraý getiripdir. 1645-nji ýylyň 14-nji iýunynda korolyň goşuny Neýzbi obasynyň ýanynda bolan söweşde ýene-de derbi-dagyn edilip, onuň özi zordan gaçyp gutulýar. Iňlis korolynyň Fransiýanyň koroly bilen alşan gizlin haty hem ele salynýar. Karl I garamaýagyň eşigini geýip, Şotlandiýa gaçyp gidýär. Emma şotlandlar koroly 400 müň altyn pula parlamente satýarlar. Şeýlelikde, 1646-njy ýylda Birinji raýatlyk urşy tamamlanýar.

**Soraglar we ýumuş**

1. Puritanlar we olaryň arasyndaky akymlar hakynda gürrüň beriň.
2. «Hukuk hakyndaky talapnama» haçan kabul edildi? Bu kanun iňlis parlamentine nähili hukuklary beripdir?
3. Näçenji ýylda Şotlandiýa garaşsyzlygyna eýe boldy?
4. «Gysga parlament» haçan hereket etdi? Angliýada Raýatlyk urşy haçan başlady? Parlamentiň goşunlary korol goşunlaryny haçan we nirede aýgytly ýeňdiler?

## §3. Respublikanyň yglan edilmegi

**Independentler bilen preswiterianlaryň arasyndaky göreş.** Korola garşy hereketler güýçlendikçe, korolyň garşydaşlary bolan independentleriň we preswiterianlaryň arasynda hem göreşler ýitileşipdir. Eger-de goşun independentleriň elinde bolan bolsa, preswiterianlar parlamentde köpçülikdi. Parlamentde **Jon Miltonyň** (1608 – 1674) preswiterianlara garşy gönükdirilen ajaýyp goşgulary köp okalypdyr.



**Oliwer Kromwel**

Parlamentde ähli adamlaryň deňligi ugrunda çykyş edýän lewellerleriň (iňlisçe «*to lewel*» – deňleşdirmek), ýagny deňleşdirijileriň serdary **Jon Lilberniň** (1614 – 1657) çykyşlary hem uly

üstünlik, uly meşhurlyk gazanypdyr. Olar häkimiýeti dolandyrmaga halkyň gatnaşmagyny, erkek adamlaryň ählisiniň syýasy hukuklarynyň deňleşdirilmegini, söwda-senagat telekeçiligini alyp barmakda doly erkinligiň berilmegini talap edipdirler.

1648-nji ýylyň ýazynda ýurduň dürli ýerlerinde korolyň tarapdarlarynyň çykyşlary başlanýar. Korolyň özi ýesirlikde ýatandygyna garamazdan, şotlandlar bilen gizlin gepleşige girişýär. Iýul aýynda şotland goşunlary koroly halas etmek üçin Angliýanyň demirgazygyna çozup girýärler. Şeýlelikde, «Ikinji raýatlyk urşy» başlanýar. Emma **Kromwel** 1648-nji ýylyň 17–19-njy awgusty aralygynda şotlandlaryň hem-de korol kawalerleriniň goşunlaryny derbi-dagyn edýär.

Bu wakadan soň iňlis rewolýusiýasynyň üçünji döwri – respublikany esaslandyrmak ugrundaky hereket başlanýar. Parlament Kromweliň esasy daýanjy bolan goşuny dargatmaga synanyşyk edýär. Şonuň üçin Kromwel parlamente goşun iberip, preswiterianlaryň parlamentden kowulmagyny gazanýar.

Respublikany esaslandyrmak üçin koroly kazyýet jogapkärçiligine çekmek gerekdi. Kromweliň hem-de onuň tarapdarlarynyň talap etmegi bilen 1649-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda jemagat palatasy Karl I-ni Raýatlyk urşuny tutaşdyrmakda, iňlis halkynyň öňünde dönüklikde aýyplady we maý aýynyň 19-ynda parlamentiň karary bilen Angliýa «respublika» diýlip yglan edilýär. Angliýada korol häkimiýetiniň ornuna goşun serkerdelerinden hem-de independentlerden düzülen Döwlet maslahaty döredilýär, onuň baştutanlygyna bolsa Kromwel saýlanýar.

**Oliwer Kromweliň protektoraty.** Ýewropanyň feodal hökümdarlary iňlis rewolýusiýasyny duşmançylykly garşylapdyrlar. Hatda buržuaz düzgünli Gollandiýa döwleti hem jezalandyrylan iňlis koroly Karl I-niň ogluna gaçybatalga beripdir. Emma Kromwel Angliýanyň Ýewropadaky

abraýynyň peselmegine ýol bermek islemändir. 1649 – 1651-nji ýyllarda iňlis goşunlary Irlandiýadaky gozgalaňlary basyp ýatyrypdyr. Soňra Kromweliň goşunlary Şotlandiýa iberilipdir.

Iňlis parlamenti tarapyndan milli buržuaziýanyň bähbitlerini araýan kanunlar kabul edilýärdi. 1651-nji ýylda deňizçilik hakynda kanun kabul edilip, şol boýunça harytlary Angliýa diňe iňlis gämileri ýa-da haryt öndürýän ýurtlaryň öz gämileri getirip bilýärdi. Mazmunyndan görnüşi ýaly, kanun Angliýanyň esasy bäsdeşi Gollandiýa garşy gönükdirilipdi.

Tiz wagtdan iňlis-golland urşy başlanýar. Angliýa deňizde birnäçe gezek ýeňiş gazanýar we 1654-nji ýylyň aprelinde Gollandiýa bilen parahatçylyk şertnamasy baglaşylýar. Gollandiýa Angliýada kabul edilen deňizçilik kanuny ykrar etmäge mejbur bolýar.

Wagtyň geçmegi bilen Kromweliň «uzak parlament» bilen arasy bozulyp ugraýar. Parlamentiň wekilleriniň bir bölegi korollyk düzgüniniň dikeldilmegini arzuw etse, ýene birlerini Kromweliň häkimiýetiniň hetdenaşa güýçlenmegi gorkuzypdyr. Kromwel 1653-nji ýylyň aprelinde parlamenti güýç bilen dargadýar. Şol ýylyň dekabr aýynda bolsa Kromweliň tarapdarlary ony Şotlandiýanyň, Angliýanyň, Irlandiýanyň lord-protektory (goragçysy) diýip yglan edýärler. Täze wezipe oňa korolyňky ýaly giň hukuklary berýärdi.

Kromweliň lord-protektory diýlip yglan edilmegi bilen iňlis rewolýusiýasynyň üçünji döwri tamamlanýar. Bu Independent respublikasynyň üçünji döwrüdi. Independent respublikasy öz ornuny Kromweliň protektoratlygyna berýär. Rewolýusiýanyň esasy öňde goýan maksatlary amala aşdy, ýagny buržuaziýa döwlet häkimiýetiniň esasy daýanjyna öwrüldi.

1658-nji ýylyň sentýabrynda Kromwel aradan çykyp, onuň häkimiýeti ogly Riçarda geçdi. Emma iňlis jemgyýetinde onuň abraýy pesdi. Şonuň üçin hem 1659-njy ýylda Riçardy häkimiýet başyndan aýyrýarlar, ýurtda bolsa gapma-garşylyk güýçlenip, dartgynly ýagdaý emele gelýär.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Angliýadaky raýatlyk urşunyň başlanmagyna nämeler sebäp bolupdyr?
2. Independentleriň, preswiterianlaryň we lewelleriň garaýyşlary barada aýdyp beriň, olaryň garaýyşlaryndaky tapawutly aýratynlyklary düşündiriň.
3. Iňlis rewolýusiýasynyň näçe sany döwri boldy? Rewolýusiýanyň üçünji döwrüniň esasy maksady nämedi?
4. Haçan Angliýa respublika diýlip yglan edildi? Korol we respublika gurluşlarynyň arasynda nähili tapawut bar?
5. Kromweliň «lord-protektor» wezipesiniň «diktator» adalgasy bilen nähili baglanyşygy bar?

## §4. Parlament monarhiýasynyň berkarar edilmegi

**Korol düzgünininiň dikeldilmegi.** Ýurduň içinde topalaňlaryň bolmak howpy goşun serkerdeleriniň we buržuaz liderleriniň arasynda Stýuartlaryň nesilşalygyny dikeltmäge bolan meýilleri güýçlendirýär. Olar Gollandiýada gezip ýören Karl I-niň ogly bilen gepleşik geçiripdirler. 1659-njy ýylyň dekabrynda Parlament işläp başlaýar, onuň işine ýatyrylan lordlar ýygnagynyň wekilleri hem gatnaşypdyrlar. 1660-njy ýylyň maýynda Angliýada Stýuartlaryň nesilşalygy täzeden dikeldilýär we **Karl II** tagta çykýar. Emma Karl II hem birnäçe gezek parlamenti dargadýar we ony birnäçe ýyllap çagyrmaýar. Şu gapma-garşylygyň içinde 1670-nji ýylda Angliýada iki sany syýasy topar: *toriler* we *wigiler* partiýalary emele gelýär. Toriler köne begzadalara daýanyp, korolyň çäklendirilmedik ygtyýarlyklary ugrunda çykyş edipdirler, wigiler bolsa täze dörän gatlagyň – buržuaziýanyň bähbitlerini gorap çykyş edipdirler.

1685-nji ýylda Karl II aradan çykýar we onuň dogany Ýakow II korol diýlip yglan edilýär. **Ýakow II** hem dogany ýaly Angliýany çäklendirilmedik ygtyýarlyk bilen dolandyrmak isleýärdi, üstesine-de ol ýurtda katolisizm buthanasyny dikeltjek bolýardy.

Parlamentiň karary bilen Ýakow II korol häkimiýetinden çetleşdirildi we häkimiýet Gollandiýanyň patyşasy Wilgelm III Oranskä berilýär. Sebäbi ol Ýakow II-niň gyzy Mariýa öýlenipdi. Parlamentiň çagyrmagy boýunça 1688-nji ýylda Wilgelm Oranskiý Londona gelýär, Ýakow II bolsa Fransiýa gaçyp gidýär. Şunuň netijesinde parlament bilen patyşanyň arasyndaky gapma-garşylyk bes edilýär. XVII asyrdaky iňlis rewolýusiýasy tamamlanýar.

**Korolyň hukuklary baradaky kanun.** Iňlis buržuaz rewolýusiýasynyň netijesinde Angliýada parlament ulgamy döreýär. Korolyň häkimiýeti kanun tarapyndan çäklendirilýär. Korollyk düzgüni we Parlamentiň ygtyýarlyklary barada 1689-njy ýylda «Hukuk barada bill (kanun)» kabul edilýär. Bu taryhy kanun korol bilen Parlamentiň arasyndaky jedeli ahyry çözüpdir we korol häkimiýeti bilen Parlamentiň ygtyýarlyklaryny gutarnykly kesgitläpdir. Mundan beýläk patyşa Parlamentiň kabul eden kanunlaryny ýatyryp ýa-da togtadyp bilmändir, Parlamentiň razylygy bolmasa salgyt girizmäge hem-de goşun ýygnamaga korolyň ygtyýary bolmandyr.

Kanun koroly kazylary bellemek we aýyrmak hukugyndan mahrum edýär. Angliýanyň hökümeti hem korolyň däl-de, Parlamentiň öňünde hasabat bermeli edilýär. Şeýlelikde, kabul edilen kanunlar Angliýada korolyň çäklendirilmedik häkimiýetini dikeltmäge edilen synanyşyklaryň ählisiniň soňuna çykýar, ýurtda buržuaz gurluş doly berkarar edilýär. Şeýlelikde, Angliýada kanun bilen çäklendirilen korollyk düzgüni (konstitusion monarhiýa) diýlip atlandyrylýan döwlet gurluşy kemala geldi.



**Karl II**

1707-nji ýylda Şotlandiýa bilen Irlandiýa birikdirilenden soň, Angliýa Beýik Britaniýa diýlip atlandyrylyp başlanýar. Anna Stýuart aradan çykandan soň, 1714-nji ýylda Parlament

tarapyndan iňlis tagtyna nemes asylly gannowerler nesilşalygy çagyrylýar. Gannowerleriň çagyrylmagynyň sebäbi, Angliýanyň täze koroly Georg I Ýakow I-niň çowlugy bolupdyr.

Georg I nemes bolandygy üçin, iňlisçe bilmändir we ýurtda ýüze çykýan meseleler bilen gyzyklanmandyr we ol «Ýurdy, goý, ministrler dolandyrsyn» diýip aýdýar eken. Korol Parlament saýlawlarynda köp ses alan partiýalaryň wekillerinden ministrleri belläpdir. Eger-de hökümetiň agzalary Parlament tarapyndan goldanylmasa, hökümet iş başyndan gitmeli eken. **Georg II** dolandyran döwründe (1727–1760) korolyň häkimiýeti syýasy taýdan has hem peselipdir, Korolyň Parlament tarapyndan kabul edilen kanunlary ýatyrmaga ýa-da kabul etmezlige hukugy bolmandyr, ol Ministrler geňeşiniň mejlisine gatnaşmak hukugyndan mahrum edilipdir. Ol diňe Ministrler geňeşiniň sereden meseleleri hakynda habarnama alypdyr.



**Georg I**

**Angliýanyň parlamenti.** XVIII asyrda Angliýanyň Parlamenti iki palatadan – *lordlar* we *jemagat* palatalaryndan ybarat bolupdyr. Parlamentdäki orunlar esasy iki partiýa degişli bolupdyr. *Wigiler* partiýasyny, esasan, söwdagärler, maýadarlar, daşary ýurt söwdasyny edýän iri telekeçiler we senagat kärhanalarynyň eýeleri emele getirýärdiler. *Toriler* partiýasyny bolsa begzadalar, iri ýer eýeleri ýa-da bolmasa patyşa häkimiýetini goldaýan toparlar emele getirýärdi. Bu partiýalaryň arasynda döwletiň içeri we daşary syýasaty babatynda uly gapma-garşylyk bolmandyr.

1716-njy ýyldan başlap Angliýada Parlamente agzalygyň möhleti 3 ýyldan 7 ýyla çenli uzaldylypdyr. Bu bolsa syýasatda hünärli, güýçli döwlet işgärleriniň peýda bolmagyna ge-

tiripdir. Lendlord (iri mülkdar) we maliýe işgäri **R.Uolpolo** (1721–1742) Parlamenti we döwleti edara etmäge işeňňir gatnaşypdyr. Ol ýer salgydyny, daşary ýurtlar bilen oba hojalyk önümleriniň söwdasyny edýänleriň gümrük salgydyny azaldypdyr. Uolpolo parahatçylykly daşary syýasaty alyp barypdyr.

Daşary syýasatda Angliýanyň esasy bäsdeşi Fransiýady. 1701–1714-nji ýyllarda ispan tagty ugrunda uly göreş bolup, Angliýa Utreht şertnamasyny baglaşýar. Şertnama boýunça Angliýa Gibraltar adasyny eýeleýär hem-de ispan bakna ýurtlary bilen söwda etmäge hukuk gazanýar. XVIII asyryň 40-njy ýyllarynda Amerikada koloniýalaryň üstünde Fransiýa bilen Angliýanyň arasynda uruşlar bolupdyr. 1763-nji ýylda Pariž şertnamasy boýunça iňlisler bakna ýurtlarda agalyk etmek ugrundaky göreşde ýeňiş gazanypdyrlar. Angliýa Kanadany, Floridany, Hindistanda bolsa Bengal, Bihar, Madras welaýatlaryny basyp alypdyr.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Angliýada Stýuartlar nesilşalygynyň dikeldilmeginiň sebäplerini düşündiriň.
2. Näme üçin Parlament Karl II-niň syýasaty bilen ylalaşmandyr? Angliýanyň Parlamentiniň düzümi barada gürrüň beriň.
3. Angliýa «Beýik Britaniýa» diýlip haçandan atlandyrylyp başlanypdyr? Onuň şeýle atlandyrylmagynyň sebäbi näme?
4. Wigiler we toriler partiýalary barada aýdyp beriň.

## §5. Angliýada senagat öwrülişigi

**Daýhanlaryň ýerden mahrum edilmegi.** Iňlis rewolýusiýasynyň netijesinde iri mülkdarlar bolan lendlordlar öz ýerlerine eýelik etmek hukugyny gazanypdyrlar. Eger-de olaryň özleri hojalygy ýöretmek islemeseler, öz mülklerini iri fermerlere kärendesine beripdirler.

Edil köne döwürde bolşy ýaly, XVIII asyrda-da lendlordlar Parlamentiň goldawyna daýanýardy. Sebäbi Parlament ýerleriň daşyny germemäge rugsat berýän kanunlary kabul etmegini dowam edýärdi. Daşyny germemek syýasaty boýunça iri ýer eýeleri oba jemagatlaryna degişli bolan çemenlikleri, örüleri we tokaýlary eýeleýärdiler we şol ýerleriň daşyna gazyk dikip, haýat aýlaýardylar. Soňabaka ýer eýeleri daýhanlaryň özlerini hem ekerançylyk ýerlerinden kowup çykarýardylar we şol ýerleriň hem daşyny germeýärdiler. Oba hojalyk ýerleriniň daşyny germemek bilen ýer eýeleri şol ýerleri öri meýdanlaryna öwrüp, mal bakýardylar. Sebäbi Angliýanyň ösýän dokma senagatyna köp mukdarda ýüň gerek bolýardy. Daşyny germemegiň netijesinde, Angliýada ýüzlerçe obalar tozupdyr we öňki daýhanlar ykmandalara ýa-da hakynatutma işçilere öwrülýärdi.



**Täze gatlagyň wekili**

XVIII asyrda iňlis oba hojalygy şäherleri we işçi şäherçelerini oba hojalyk önümleri bilen yzygiderli üpjün edýärdi. Şäher bilen obanyň arasynda söwda gatnaşyklary ösdi, munuň üçin ýollar gurulýardy, derýalary gazyp çuňaldýardylar, daşdan edilen köprüleriň sany artýardy. Oba hojalygyndaky bolup geçen bu hadysalar agrar rewolýusiýanyň amala aşyrylandygyny görkezýärdi. Oba hojalygyndaky öwrülişik söwdanyň we senagatyň çalt ösmegine-de ýardam edýärdi.

**Manufakturadan fabrige, gol zähmetinden maşyn önümçiligine geçilmegi.** XVIII asyryň ortalarynda An gliýada senagat öwrülişigi üçin amatly şertler döredi. Senagat öwrülişigi – bu manufaktura önümçiliginden, ýagny gol zähmetinden fabrik-zawod, maşyn önümçiligine geçilmegidi. Bu şertler Angliýanyň mundan beýläk ösüşlerini taýýarlapdy. *Birinjiden*, amala aşan oba hojalygyndaky rewol-

ýusiýa işçileriň giden bir gatlagyny döredipdi. *Ikinjiden*, harytlary satmak üçin bazarlar kemala gelipdir. Şäherler ulalýardy, olaryň ilat sany artýardy. *Üçünjiden*, ýurduň içinde ýerleri satmagyň we satyn almagyň, koloniýalary talamagyň we gul söwdasynyň hasabyna söwdagärleriň we işewür adamlaryň elinde fabrikleri gurmak we olarda enjamlary hem-de maşynlary oturtmak üçin ummasyz köp mukdarda serişdeler toplanýardy.

Angliýada bolup geçen ykdysady öwrülişik iňlis jemgyýetiniň baý gatlagynyň elinde uly maýa goýumlarynyň toplanmagyna sebäp bolupdyr. Ýurtda ägirt uly maliýe serişdeleri telekeçileriň elinde jemlenip, söwdagärler, bank işgärleri maýa goýumlaryny önümçilige goýýardylar. Daşarky hem-de içerki söwdadan, senagat önümçiliginden, oba hojalygyndan gelýän girdejiler Angliýanyň senagat öwrülişigini maliýeleşdirmäge hyzmat edýärdi.

**Senagat öwrülişigi.** XVIII asyryň ahyrynda senagat önümçiligi Angliýada ýokary depginde ösdi. Täze senagat merkezleri emele geldi. Lankaşir ýurduň ýeňil senagatynyň merkezi, Ýorkşir, Uels, Şotlandiýa bolsa kömür känleriniň mekany boldy. Senagat öwrülişigi täze önümçilik gatnaşyklaryny emele getirdi. Täze peýda bolýan maşynlar we enjamlar bahasy boýunça gymmatdy. Şonuň üçin hem ol senetçilere elýeter däldi. Bu ýagdaý öz senetçiliginiň gysylyp çykarylmagyna alyp bardy. Senetçiler önümçilikde maşynlary hem-de tehniki enjamlary peýdalanýan kärhanalar bilen bäsleşip bilmän, fabrikleriň hakynatutma işçilerine öwrülýärdiler. Senagat öwrülişigi ilkinji nobatda Angliýanyň dokma senagatynda bolup geçdi. Dürli reňkdäki owadan hem-de nepis matalar bolsa Hindistandan getirilýärdi. Hindi matalary XVII asyrdan başlap iňlisleriň öz dokma önümlerine bäsdeş bolup ugrady. Hindistandan arzan mata önümleriniň gelmegi yzygider köpelýärdi. Parlament bu ýagdaýyň öňüni almaga çalşypdyr. Emma matalaryň getirilmegi ka-



**Iňlis banky**

nun taýdan gadagan edilse-de, harytlar barybir gizlin ýagdaýda ýurda getirilýärdi. Bu bolsa dokma senagaty üçin uly bäsdeşlik bolup, bu bäsdeşlik iňlisleriň dokma pudagyny pese gaçyrýardy.

Ägirt köp girdejileri Angliýanyň bakna ýurtlary berýärdi. Ýurduň durmuş-ykdysady ýaşaýşynda bolup geçen özgertmeler Angliýanyň öz ösüşinde täze eýýama gadam basýandygyny aňladýardy.

**Soraglar we ýumuş**

1. Senagat öwrülişigi diýip nämä düşünýärsiňiz? Angliýada senagat öwrülişiginiň başlanmagy barada aýdyp beriň.
2. Oba hojalygynda «daşyny germemek» diýip nämä düşünýärsiňiz?
3. Angliýada işçiler gatlagy nädip döräpdir?
4. Angliýa haýsy döwletler bilen söwda gatnaşygyny saklapdyr we nähili önümler daşary ýurtlardan getirilipdir?

## §6. Ylmyň we tehnikanyň ösüşi



Egriji maşyn

**Oýlap tapyşlaryň ornaşdyrylmagy.** XVII asyryň ahyrynda – XVIII asyryň başlarynda Angliýada ylmyň we tehnikanyň ösüşinde uly ilerlemeler bolup geçdi.

Angliýanyň senagat öwrülişiginiň başyny başlan möhüm oýlap tapyşlaryň biri-de dokma stanogynyň kämilleşdirilmegi boldy. 1733-nji ýylda **Jon Keý** çalt hereket edýän mäkini oýlap tapdy. Keýiň oýlap tapmasy has inli matany öndürmäge mümkinçilik berdi. Mundan başga-da, dokmaçynyň zähmet öndürijiligi iki esseden-de köp artdy. Stanogyň başynda iki adam däl-de, bir adam durup işleýärdi. Nah mata öndürmegiň çaltlandyrylmagy ýüplük ýetmezçiligini döretdi. Ýüplügi egirmek işini kämilleşdirmegiň juda zerurdygy ýüze çykdy, muny bolsa diňe egriji maşyny döretmek arkaly gazanyp boljakdy. Bu ugurda hakyky üstünligi gazanmak 1765-nji ýylda dokmaçy hem-de agaç ussasy Jeýms Hargriwise başartdy. Onuň döreden «Jenni» atly mehaniki igi (öz gyzynyň hormatyna şeýle atlandyrypdyr) bir wagtyň özünde hem süýüp, hem egrip, ýüplük öndürýärdi. Egrijiniň zähmet öndürijiligi 18 – 20 esse artdy.

Tehniki kämilleşdirmeler geçirilmese, öndürilen köp mukdardaky ýüplügi mata öwrüp ýetişip boljak däldi. 1784-nji ýylda **Edmund Kartraýt** tarapyndan oýlanyp tapylan mehaniki dokma stanogy dokmaçynyň zähmet öndürijiligini 40 esse artdyrdy. XVIII asyryň ahyrynda **Motsli** tokar enjamyny döredýär. Täze döredilen bu enjam senagat öwrülişigine uly itergi berdi.

**Ylmy açyşlaryň önümçilige ornaşdyrylmagy.** XVIII asyryň dowamynda çoýnuň, soňra bolsa daşkömür ulanmak arkaly demri köpçülikleýin öndürmek meselesi çözüldi. 1785-nji ýylda hili pes, port çoýnuň ýerine, sap demir öndürmegi oýlap tapdylar. Netijede, daşkömri diňe bir ýyladyş üçin däl-de, eýsem senagat maksatlary üçin-de gazyp çykarmaga başladylar. Kömür gazyp çykarmaklyk hojalygyň esasy pudaklarynyň birine öwrüldi.



**Bug bilen ýöreýän otly**

Bug maşyny gatnaw üçin ulanmak, ýagny tigirleri bug bilen herekete getirilýän otlyny (parawozy) döretmek baradaky pikir örän çalt ýüze çykdy. Ilkibada daş düşelen ýoldan ýöreýän bug otlulary döredi, emma olar amatsyz bolup çykdy. Bug otlulary demir ýoluň üstünde ýörän mahaly welin, ol örän gowy netije berdi. 1814-nji ýylda bir wagtda 8 wagony dartyp, sagatda 10 *km* ýol geçip bilýän ilkinji otlyny inžener **Jorj Stefenson** döretdi.

1807-nji ýylda Amerikada mehanik **Robert Fulton** kürek tigirli ilkinji gämini gurdy we işledip gördi. Uly märekäniň ugratmagynda gämi Nýu-Ýorkdan geçýän Gudzon derýasyndan ýokarlygyna sagatda 8 *km* tizlikde ýüzdi. **Abraham Darbi** (1677 – 1717) 1707-nji ýylda polat öndürmegiň täze usulyny oýlap tapýar.

**Isaak Nýuton we beýlekiler.** Baryp manufakturalaryň dörän döwründen başlap tebigaty öwrenmeklige, onuň kanunlaryna akyl ýetirmeklige bolan höwes ep-esli artypdy. Tejribe we gözegçilik esasynda tebigata akyl ýetirmeklige tarap öwrülişik edildi.

Meşhur iňlis alymy **I. Nýuton** (1643–1727) we nemes alymy **G. Leýbnis** (1646–1716) XVII – XVIII asyrlarda hä-

3. Sargyt № 1718



**Bug bilen ýöreýän söwda gämisi**

zirki zaman ýokary matematikanyň düýbüni tutdular. Mehanikanyň we optikanyň Nýuton tarapyndan açylan kanunlary ylmyň we tehnikanyň köp meselelerini çözmäge esas döretdi. Nýutonyň bütindünýä dartylma kanunyny açmagy onuň esasy hyzmatlarynyň biridir.

Matematikanyň gazanan üstünlikleri, Nýutonyň açyşlary, teleskopyň kämilleşdirilmegi XIX asyrda astronomiýanyň ösmegine kuwwatly itergi berdi. Ozal nämälim bolan müňlerçe ýyldyzlar, köpsanly kometalar açyldy. Astronomiýa adamlaryň dünýägaraýşyna hem uly täsir edýärdi. Lukmançylyk ylmynda möhüm açyşlar edildi. XVII asyrda golland alymy **A.Lewenguk** 300 esse ulaldyp görkezýän mikroskopy döretdi. Bu bolsa adamyň bedeniniň, ösümlikleriň,



**London porty**

haýwanlaryň gurluşyny jikme-jik öwrenmäge we iň ownuk organizmleri – bakteriýany ýüze çykarmaga mümkinçilik berdi. XVIII asyrda iňlis lukmany **E.Jenner** mama keseline garşy sanjym usulyny işläp düzdi. Bu usul millionlarça adamy ölümden halas etdi.

**Işçiler hereketi.** Senagat öwrülişigi döwründe işçileriň ilkinji hereketi emele gelýär. Bu hereket, esasan, önümçilikde ulanylýan maşynlara garşy bolupdyr. Oňa gatnaşyjylar özlerine «ludditler» diýip at beripdirler. Munuň ady işçi Nedo Ludduň ady bilen baglanyşyklydyr. Işçiler göreşiniň usuly, köplenç, maşynlary we fabrik jaýlaryny weýran etmek bolupdyr. Käbir işçiler maşynlaryň işe ornaşdyrylmagynyň işsizlige we açlyga getirýändigini görüp, özleriniň mätäçlikleriniň sebäpleri maşynlarda diýip düşünipdir. Gözi gorkan kärhana eýeleri Parlamentden arka durmagy talap edipdirler. Parlamentde maşyny zaýalaýanlara berk jeza bermek kanuny kabul edilipdir.

**Soraglar we ýumuş**

1. Haýsy oýlap tapyşlar tehnikanyň mundan beýläkki ösüşine uly täsir edipdir?
2. Manufakturadan fabrige geçilmegi diýip siz nämä düşünýärsiňiz?
3. Işçiler hereketiniň döremeginiň sebäpleri hakynda aýdyp beriň.
4. Siziň pikiriňizçe, ludditleriň maşynlary hem-de enjamlary döwmekleri dogrumy?

# AMERIKA

## §7. Demirgazyk Amerikada iňlis koloniýalary

**Demirgazyk we Günorta koloniýalaryň içerki durmuşy.** XVII asyryň başlarynda Amerika göçüp barýanlaryň sany barha köpelipdir. Iňlis puritan jemagatynyň köpüsi

Amerika göçýärdi, şol ýere olar özlerine eklenç etmek hem-de dini adatlaryny ýöretmek hyýallary bilen barýardylar. Koloniýalara garamaýaklar, hünärsiz ýaşlar göçüp gelýärdiler, bu ýere jenaýatçylar hem köpçülikleýin sürgün edilýärdi.

Ilkinji iňlis koloniýasy Demirgazyk Amerikada häzirki Wirginiýada 1607-nji ýylda esaslandyryldy. Ýuwaş-ýuwaşdan 13 sany koloniýa döräp, olaryň ilaty 2,5 *mln* adama ýetipdir. Göçüp barýanlar ýerli indeýlerden mekgejöwen we temmäki ösdürip ýetişdirmegi öwrenipdirler.

Göçüp gelen ýewropalylar indeýleri pes jynsly saýýardylar we olary kemsidýärdiler. Indeýleri aldaýardylar we olar bilen gatnaşyklarda ýalançylyga we kezzapçylyga ýüz urýardylar. Indeýlerden sütükli derini, aýratyn-da gymmatbaha samyr derisini örän arzan bahadan satyn alýardylar. Indeýler üçin öz ýerleriniň basylyp alynmagy we göçüp barýanlaryň Amerikanyň jümmüşine süýşmekleri heläkçilikli boldy. Indeýler harby hereketlere başlaýardylar. Ýöne olar basybalyjylara garşy durup bilmeýärdiler.

**Koloniýalaryň dolandyrylyşy.** Iňlis koroly tarapyndan koloniýalary dolandyrmak üçin häkimler – gubernatorlar bellenilýärdi. Häkimiň elinde kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, kazyýet häkimiýeti jemlenipdir. Ondan başga-da, koloniýalarda ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary hem bardy. Olara kolonial «assambleýa» diýip at beripdirler. Assambleýa iki ýygnakdan durýardy. Ýokarky ýygnak – häkim tarapyndan bellenip, ol atly begzadalardan durupdyr. Aşaky ýygnagyň wekilleri koloniýanyň erkek ilaty tarapyndan saýlanypdyr. Saýlawçylar üçin ýörite töleg bar eken, oňa emläk salgydy diýipdirler. Kim emläk salgydyny töläp bilse, şonuň saýlawlara gatnaşmaga hukugy bolupdyr.

Kolonial assambleýalar koloniýanyň ilatyna giň hukuklar beripdir. Gubernatoryň we ýerli dolandyryş edaralarynyň gullukçylarynyň aýlyklaryny assambleýa belleýär eken. Günorta koloniýalarda ägirt uly ýer mülkleri iri

mülkdarlara, lordlara we korola ýakyn beýleki adamlara paýlanyp berlipdir. Iňlis begzadalary Amerikada özleriniň begzadalyk atlaryny we hukuklaryny saklaýardylar. Ýerleri kärendesine alýandyklary üçin fermerlerden salgyt almaga we fermerleriň günbatara gitmeklerini gadagan etmäge synanyşýardylar.

Amerikanyň günorta koloniýalarynda ýer eýeleri giň ýerleri özleşdirip, olarda şaly we temmäki ekýärdiler. Bu ekin ýerleriň eýeleri (plantatorlar) şol ýerleri işläp bejertmek üçin Afrikadan tutulyp getirilen garaýagyz gullary satyn alýardylar. Garaýagyz gullary getirmeklik Demirgazyk we Günorta Amerika sebitlerinde ägirt uly gerim aldy.

Gullary Amerikadaky iňlis we beýleki koloniýalara ellerini-aýaklaryny zynjyrlap alyp gidýärdiler. Olary ýerli plantatorlara mal satan ýaly söwdalaşyp satýardylar. Gullaryň birentegi agyr zähmetden ölýärdi. Olar ýygy-ýygydan gozgalaň turuzýardylar.

Angliýanyň demirgazyk koloniýalarynda garaýagyz gullaryň zähmeti az ulanylýardy. Bu ýerleriň ilatynyň esasy köpçüligi kiçeňräk ýerleri bolan fermer daýhan hojalyklary bolup ýaşaýardylar. Ol ýerde senetçiler bilen täjirler hem köpdi. Ýüň manufakturalary, sabyn we şem öndürýän zawodlar döredilýärdi. Oba hojalyk gurallaryny we ýaraglary ýasamak üçin demir öndürýärdiler.

**Täze amerikan jemgyýetiniň döremegi.** Amerika göçüp gelen kolonistler onlarça ýurtlardan gelen ilatdan durýardy. Ýöne iki asyrlyk gurluşdan soň, Amerikanyň ýerinde bir taryhy umumylyk döredi. Umumy dil bolup iňlis dili hyzmat etdi, sebäbi kolonistler aglaba Angliýadan göçüp gelipdi. Ýuwaş-ýuwaşdan bu dile iňlis, nemes, fransuz sözleri goşulyp, amerikan dili emele geldi. XVIII asyryň ortalarynda ilatyň köpüsi özüni amerikanlar diýip atlandyrýardylar.

Amerikan koloniýalarynda ykdysadyýetiň, hojalyk bähbitleriniň, diliň, diniň, medeniýetiň bir bolmagy täze milletiň

döremegine esas döretdi. Dünýewi bilim, ylym, edebiýat, sungat ösýärdi. Ýörite orta okuw mekdepleri açylýardy. XVIII asyryň ortasynda olaryň sany eýýäm 8-e ýetipdi. 1636-njy ýylda Amerikada ilkinji ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Garward uniwersiteti açyldy. Soňra şeýle uniwersitetleriň ýene-de ikisi Ýel we Prinston uniwersitetleri açyldy.

Demirgazyk Amerikada metbugat hem ösüp ugraýar. Eýýäm 1765-nji ýylda koloniýalarda 43 sany gazet çap edilýärdi, kitaphanalar açylýardy, çaphana işi ösýärdi. Boston we Filadelfiýa şäherleri Amerikada uly medeniýet merkezlerine öwrülýärdi.

**Koloniýaçylar we metropoliýa.** Angliýanyň Demirgazyk Amerikadaky koloniýalarynda edil Ýewropadaky ýaly, ýiti durmuşy gapma-garşylyklar bolmandyr. Emma bu ýerde kähalatlarda koloniýada ýaşaýanlar bilen koloniýanyň eýesi bolan Angliýanyň arasynda çaknyşyklar bolupdyr. 1676-njy ýylda Wirginiýanyň koloniýaçylary gozgalaň turzupdyrlar. Iňlis häkimiýetleri olar barada çäklendirmeleri girizipdir, şonuň netijesinde temmäkiniň bahasy peselipdir we fermerleriň köpüsi tozupdyr.

1689 – 1691-nji ýyllarda Nýu-Ýork koloniýasynda gozgalaň turupdyr. Gozgalaňçylara **Jekob Leýsler** baştutanlyk edipdir. Koloniýaçylar wagtlaýynça ýerli häkimiýeti öz ellerine alypdyrlar. Şeýle gozgalaň Merilend koloniýasynda hem bolupdyr. Emma gozgalaňlaryň üstünligi uzaga çekmändir. Nýu-Ýorkdaky gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr, Leýsleri bolsa dardan asypdyrlar.

**Soraglar we ýumuş**

**1.** Ýerli ilat bolan indeýleriň iňlis kolonizatorlary bilen gatnaşygy barada gürrüň beriň. Amerikan milleti nähili döredi?
**2.** Koloniýalaryň syýasy dolandyrylyşy nähili bolupdyr?
**3.** Iňlisler basyp alnan ýerlerinde näme bilen meşgullanypdyrlar?

## §8. Demirgazyk Amerikanyň koloniýalarynyň garaşsyzlyk ugrundaky urşy

**Koloniýalaryň gozgalaňlarynyň sebäpleri we garaşsyzlyk ugrundaky uruşlar.** Angliýanyň koroly, begzadalar täze ýerleri basyp almak, gymmatbaha sütükli derileri äkitmek hem-de iňlis harytlaryny satmak, gümrük paçlaryny we salgytlar almak netijesinde amerikan koloniýalaryndan örän köp peýda görýärdiler. Iňlis parlamenti we korol koloniýalara erkin söwda etmegi gadagan edýärdi. Esasan hem



**Boston berkitmesi**

demir we mata önümlerini öndürmek gadagandy. Bu önümleri taýýar görnüşinde Angliýadan alyp gitmek buýrulýardy. Iňlis täjirleriniň öz harytlarynyň bahalaryny erkin ýokarlandyryp bilmekleri üçin, amerikan koloniýalaryna beýleki döwletler bilen söwda etmek hem gadagan edilýärdi.

Iňlis koroly mundan beýläk Amerikanyň günbataryndaky ýerlere göçmegi gadagan edipdir, emma fermerler bu çärelere boýun bolmaýardylar. Şonuň üçin hem günbatara hereket dowam edýärdi. Iňlis gaznasynyň üstüni ýetirmek üçin koloniýalarda 1765-nji ýylda gerb (nyşan) ýygymy salgydy barada kanun çykarylýar. Her bir söwda geleşigi, res-

minamalar, gazetler ýa-da bildirişler üçin ýygym salnypdyr. Bostonda we beýleki şäherlerde gerb ýygymyny tölemekden boýun gaçyrdylar. Salgyt ýygnaýjylary masgaralapdyrlar. Gerb nyşanlaryny bolsa ýakypdyrlar. Gerb ýygymyny ýatyrmaly bolupdyr.

Tiz wagtdan ýerli parlament tarapyndan Angliýadan getirilýän harytlar üçin täze gümrük paçlary girizildi. Birnäçe şäherlerde iňlis harytlaryny satyn almakdan köpçülikleýin boýun gaçyryldy. Iňlis koroly indeýleri goramak bahanasy bilen 10 müňlük goşuny koloniýa ugratdy. Goşunyň çykdajylary koloniýalaryň üstüne ýüklendi.

**Urşuň başlanmagy.** 1773-nji ýylda iňlis täjirleri Boston şäherine köp mukdarda çaý getirdiler. Emma bostonlylar gäminiň üstüne çozup, çaýly gaplary deňze taşladylar. Bu waka «Boston çaý içişligi» diýen at bilen taryha girdi. Iňlis häkimiýeti Boston portuny söwda üçin ýapdy. 1775-nji ýylda 13 koloniýanyň ählisinde gozgalaň başlandy. Halkyň närazylygynyň esasy sebäbi iňlis korolynyň koloniýalar babatynda ýöredýän adalatsyz syýasaty bolupdyr.

Koloniýalar iňlis hökümetinden söwda we senagat baradaky çäklendirmeleriň ýatyrylmagyny hem-de koloniýalar razyçylyk bermese, olara salgyt salmazlygy talap etdiler. Korol bu hereketleri pitne diýip yglan etdi, goşunlaryna ilaty ýaragsyzlandyrmaly we olary güýç bilen boýun egdirmeli diýip buýruk berdi.

1774-nji ýylda Filadelfiýada ilkinji kongres çagyrylýar. Kongrese gatnaşyjylar Angliýanyň syýasaty bilen ylalaşmaýandyklaryny beýan etdiler. Bu maslahatda jarnama kabul edilip, onda adamyň ýaşamaga, azatlyga, eýeçilige bolan tebigy hukuklary ykrar edilýärdi, şonuň bilen birlikde, jarnama koloniýalaryň ilatyny iňlis harytlaryny satyn almazlyga çagyrýardy.

Koloniýalar özleriniň Angliýadan bölünip aýrylýandyklaryny yzly-yzyna yglan edýärdiler. Ilatyň hemmesi garaşsyzlyk

ugrundaky urşy goldaýardy. Koloniýalarda 3 million ilat ýaşaýardy. Ýurduň syýasy güýçleri iki akyma – *watançylara* we *loýalistlere* («loýalistler» – iňlis kanunlaryna boýun egýänler) bölündi. Koloniýanyň tas ähli ilaty diýen ýaly özlerini «watançylar» diýip hasaplapdyr. Emma iňlis korolyndan ägirt uly mülkleri alan iri ýer eýeleri, angliçan buthanasynyň ruhanylary, kolonial edaranyň köpsanly gullukçylary we iňlis bazary bilen baglanyşykly bolan söwdagärleriň bir bölegi garaşsyzlyga garşy çykypdyrlar.

Filadelfiýada koloniýanyň ähli ilatyndan saýlanan wekiller Kongrese ýygnandylar. Ýygnananlaryň aglabasy Angliýa bilen aranyň kesilmegine ýykgyn etdiler. Kongres gaçgak esgerlerden goşun bölümlerini düzýär. Onuň baş serkerdeligine wirginiýaly iri mülkdar, harby derejesi polkownik bolan **Jorj Waşington** (1732 – 1799) bellenýär. Ol garaşsyzlygyň aýgytly tarapdarydy. Waşington uly serkerde we döwrüniň görnükli syýasy işgäri hökmünde özüni görkezdi.

**Garaşsyzlyk jarnamasy.** 1776-njy ýylyň 4-nji iýulynda Filadelfiýada bolup geçen kongres Angliýadan bölünip



**Garaşsyzlyk jarnamasynyň kabul edilmegi**

aýrylmak baradaky jarnamany kabul etdi. «Garaşsyzlyk jarnamasy» diýlip atlandyrylan bu resminama Amerikanyň Birleşen Ştatlary (ABŞ) ady bilen garaşsyz döwletiň dörediláýändigini yglan etdi. Bu resminamanyň awtory XVIII asyryň meşhur amerikan akyldary we syýasy işgäri, 33 ýaşly **Tomas Jefferson bolupdyr** (1743 – 1826).

Jarnamada «Biz ähli adamlaryň deň ýaradylandygy, Ýaradanyň olara elinden alyp bolmajak hukuklary bagyş edendigi, şol hukuklaryň arasynda ýaşamak, azatlyk we bagta ymtylyş hukuklarynyň bardygy hakyndaky hakykata tüýs ýürekden ynanýarys» diýlip aýdylýardy. Her ýyl 4-nji iýulda Jarnamanyň kabul edilen güni Garaşsyzlyk baýramy hökmünde bellenilip başlandy.

Garaşsyzlyk jarnamasynda Tomas Jefferson demokratik döwletiň binýady bolan esasy ýörelgeleri öňe sürüpdir. Jarnamada hökümet her bir adamyň dünýä inmegi bilen oňa bagyşlanan tebigy hukuklary goramak üçin dörediláýär, şonuň üçin hem şol hukuklary adamlaryň elinden almaga jemgyýetiň-de, döwletiň-de haky ýokdur diýlip aýdylýardy.

Jarnamada ähli adamlar deň ýaradylandyr, halkyň zulumy ýok etmäge hem-de özüniň hökümetini döretmäge hukugy bardyr diýlip beýan edilýärdi. Şunlukda, häkimiýetiň çeşmesi halk diýlip yglan edildi, halk häkimiýeti jar edildi.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Koloniýalaryň ilatynyň Angliýa garşy gozgalaň turuzmagynyň esasy sebäpleri haýsylar? «Boston çaý içişligi» hakynda gürrüň beriň.
2. Garaşsyzlyk ugrundaky uruşlar haçan başlandy? Watançylar we loýalistler kimler?
3. Garaşsyzlyk jarnamasy haçan kabul edildi? Onuň mazmunyny düşündiriň.
4. Jorj Waşington we Tomas Jefferson barada gürrüň beriň. Olaryň amerikan halky üçin bitiren hyzmaty nämeden ybarat?

## §9. Garaşsyzlyk ugrunda uruş

**Urşuň gidişi.** ABŞ-nyň garaşsyzlygynyň yglan edilmegi koloniýa bilen metropoliýanyň arasyndaky gatnaşyklary ýitileşdirdi. Taraplaryň arasynda uruş hereketleri başlandy. Iňlis goşunlary bölünip aýrylan koloniýalaryň paýtagty Filadelfiýany basyp aldylar. Azatlyk ugrundaky uruşlarda amerikan goşunlary agyr ýitgilere sezewar bolýardy. Ýarag, pul, aýakgap we egin-eşik ýetmezçilik edýärdi. Aýakýalaňaç esgerleriň gijesini meýdanda garyň üstünde geçirýän wagtlary seýrek bolmaýardy.

Azat ediji goşunlara ok-ýarag hem ýetmeýärdi. Kähalatlarda üç esgere bir tüpeň ýetýärdi. J.Waşington tälim almadyk fermerlerden we senetçilerden düzülen goşunda düzgün-nyzamy pugtalandyrmak üçin berk çäreler gördi. Ol goşundan gaçýan esgerleri, Kromweliň iňlis ynkylaby döwründe edişi ýaly, berk jezalandyrýardy. Arakhorlyk, ogurlyk, talaňçylyk edýänlere temmi berilýärdi. Azat edijilik goşunyň hatarlarynda garaýagyzlar, gullar we azat adamlar söweşýärdi. Goşun toplamak üçin garaýagyz gullaryň müňlerçesi hökümet tarapyndan gul eýelerinden satyn alyndy. Watançy garaýagyz aýal Debora Gennet erkek kişiniň geýimini geýnip, azat edijilik goşunynyň harby bölümleriniň birinde 17 aý söweşdi. Watançy goşunlardan tapawutlylykda iňlis korolynyň hakynatutma goşuny mejbury söweşýärdi.

Bölünip aýrylan koloniýalar Angliýanyň köne duşmanlary Fransiýa we Ispaniýa bilen ýaranlyk baglaşdylar. Kongres kömek almak barada gepleşik geçirmek üçin özüniň ilçisi edip, meşhur alym we jemgyýetçilik işgäri **Benjamin Franklini** (1706 – 1790) Pariže iberdi. Fransiýanyň öňdebaryjy jemgyýetçilik toparlary amerikanlaryň azat edijilik urşuna gyzgyn duýgudaşlyk bildirýärdiler.

**Uly döwletleriň kömegi.** Fransiýanyň korol hökümeti amerikanlaryň azat edijilik meýillerinden howatyrlanýardy. Emma beýleki bir tarapdan, ol Angliýanyň gowşadylmagyny

gazanmak barada arzuw edýärdi. Fransiýanyň hökümeti ABŞ-nyň garaşsyzlygyny ykrar etdi. Onuň bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy we söwda ylalaşygyny baglaşdy. Erkinlik ugrunda göreşýän ABŞ-a Fransiýanyň hökümeti tarapyndan karz pul kömegi berildi. ABŞ Ispaniýa bilen hem ýaranlyk baglaşdy. Amerika fransuz goşunlary, harby gämileri we ýarag iberildi.

Dürli tarapdan hüjüm edilýän Angliýanyň güýji bökdeldi. Ýaş amerikan respublikasy özüniň garaşsyzlygyny goramak üçin köne kolonial döwletleriň – Ispaniýanyň, Fransiýanyň bäsdeşi bolan Angliýanyň arasyndaky garşylyklary ussatlyk bilen peýdalandy. Angliýa bu uruşda özüne ýaran tapmak başartmady.

Angliýanyň hökümeti ABŞ-a kömek berilmezligini gazanmak üçin deňizlerde dürli harby çäreleri geçirýärdi. Emma Ýewropa ýurtlarynyň hereketi Angliýanyň ýagdaýyny öňküden-de beter kynlaşdyrdy. Urşuň barşynda 1777-nji ýylyň oktýabrynda Saratoganyň eteginde bolan söweşde iňlis goşunlarynyň daşy gabaldy we boýun egdirildi. 1781-nji ýylda iňlisleriň esasy güýçleri Ýork Taunyň eteginde Waşingtonyň we fransuz Lafaýetiň goşunlary tarapyndan gabawa salyndy we ýesir düşdi. Bu amerikanlaryň garaşsyzlyk ugrundaky iň soňky söweşleri boldy.1783-nji ýylda ABŞ bilen Angliýanyň arasyndaky ýaraşyk şertnamasy baglaşyldy. Şertnama boýunça Angliýa ABŞ-nyň we onuň çäginiň günbatara tarap, tä Missisipi derýasyna çenli giňeldilmegini ykrar etdi.

**Urşuň tamamlanmagy.** Özüniň ähmiýeti we häsiýeti boýunça garaşsyzlyk ugrundaky uruş milli azat edijilik urşy boldy. Urşuň tamamlanmagy Amerikanyň akýagyz ilatyny iňlis korolynyň häkimiýetinden we iňlis begzadalarynyň hojaýynçylygyndan azat etdi. Şol bir wagtyň özünde bolsa bu waka amerikanlaryň durmuşynda uly öwrülişik boldy. Sebäbi ýurtda respublikan döwlet gurluşy esaslandyrylýar we düýpli özgertmeler geçirilýär. Garaşsyzlyk ugrundaky

uruş senagatyň we söwdanyň ösmegine päsgel berýän ähli päsgelçilikleri aradan aýyrdy, ýurduň içinde erkin telekeçilik, işewürlik üçin giň mümkinçilikleri açdy. Içerki bazar emele gelip başlady, telekeçilik ösdi we ykdysady durmuş galkyndy.

**Konstitusiýanyň kabul edilmegi.** 1776-njy ýylda Massaçusets ştatynyň şäherleriniň biriniň ýaşaýjylary öz ýygnaklarynyň birinde: «Köne düzgünler ýatyrylandan soň, ilkinji nobatda, halk häkimiýetine eýe bolmak ýa-da ony dikeltmek üçin kanunçylygyň binýady bolan Konstitusiýany döretmeli» diýip aýdypdyrlar.

Beýleki bir şäheriň ýaşaýjylary bolsa «Konstitusiýanyň düýp manysy, onuň raýatlarynyň hukuklaryny we ýeňilliklerini häkimiýetleriň islendik hyýanatçylykly hereketinden goraýandygyndadyr» diýip görkezipdirler. Şeýlelikde, Konstitusiýa, bir tarapdan, 13 sany koloniýany özünde birleşdirýän merkezi häkimiýeti döretmelidi, beýleki bir tarapdan bolsa, raýatlaryň şahsy durmuşyna bu häkimiýetiň gatyşyp bilmeginiň öňüni almalydy.

1787-nji ýylda Filadelfiýada amerikan ştatlarynyň wekilleriniň ýörite maslahaty – esaslandyryjy konwenti ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň ýa-da döwlet gurluşy baradaky kanuny (latynça *«konstitutio»* – gurluş) kabul etdi.

**Soraglar we ýumuş**

1. ABŞ-nyň haýsy ýerlerinde harby hereketler bolup geçdi?
2. Waşingtonyň goşunyna amerikan jemgyýetiniň haýsy gatlagynyň wekilleri giripdir? ABŞ-nyň garaşsyzlyk ugrundaky urşunyň watançylary barada gürrüň beriň.
3. Ýewropanyň uly döwletleri näme üçin Angliýany kolonial syýasatda goldamandyrlar? Näme üçin Fransiýa we Ispaniýa Demirgazyk Amerikanyň halkyny Angliýa garşy uruşda goldadylar?
4. Özüniň ähmiýeti we häsiýeti boýunça garaşsyzlyk ugrundaky urşy nähili uruş diýip hasap edip bolar?

## §10. ABŞ-nyň döremegi

**ABŞ-nyň döwlet gurluşy.** 1787-nji ýylda kabul edilen ABŞ-nyň Konstitusiýasy respublikan gurluşy esaslandyrdy we ABŞ-ny federatiw döwlete öwürdi. Federasiýa – munuň özi bitewi döwleti emele getirýän döwletleriň meýletin birleşmesidi. Federasiýanyň agzalary bolup durýan ştatlar öz ygtyýarlyklarynda köp hukuklary saklap galypdyrlar, ýöne bitewi döwletiň özüne degişli meseleler (maliýe, umumy kanunlar düzmek, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, daşary syýasat we goranyş) merkezi (federal) hökümetiň garamagyna berlipdir.

ABŞ-nyň Konstitusiýasy häkimiýetiň üçe bölünmegini, ýagny kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerini göz öňüne tutupdyr. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň



**ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň kabul edilen jaýy (Filadelfiýa)**

baştutany bolup prezident durýardy. ABŞ-nyň prezidenti dört ýyl möhlet bilen saýlanýardy. Oňa ägirt uly ygtyýarlyklar berilýärdi. Ol goşuna we deňiz flotuna serkerdelik edýärdi, ýurduň ýokary wezipeli adamlaryny belleýärdi, döwletiň daşary syýasatyny işläp düzýärdi. Wezipesini ýeri-

ne ýetirýän döwründe prezidentiň näsaglan halatynda ýa-da aradan çykan ýagdaýynda döwlete ýolbaşçylygy bökdençsiz amala aşyrmak üçin wise-prezidentiň wezipesi döredildi. ABŞ-nyň ilkinji prezidenti edilip Jorj Waşington saýlandy.

ABŞ-nyň Kongresi ýurduň iň ýokary kanun çykaryjy edarasyna öwrüldi. Ol iki basgançakly maslahatdan durýardy. Kongresiň ýokarky maslahaty *Senat*, aşaky maslahaty bolsa *Wekiller* maslahaty diýlip atlandyrylýardy. Senatda ştatlaryň deň wekilçiligi üpjün edildi. Senata her ştatdan iki senator saýlanýardy. Wekiller maslahatyna saýlanan wekilleriň sany bolsa ştatlaryň ilat sanyna görä bolmalydy. Senat ýurduň ýokary döwlet wezipeli adamlaryny tassyklaýardy, daşary syýasat meselelerini çözýärdi. Onuň ygtyýarlyklaryna ýokary döwlet wezipeli gullukçylaryny aýyplap bilmek hukuklary hem girýärdi. Senat prezidenti hem aýyplap bilýärdi. Prezidentiň garşysyna senat *impiçment* (iňlisçe abraýdan düşmekde aýyplamak manysyny aňladýar) yglan edip bilýärdi.

Wekiller maslahaty kanunlary çykarýardy, salgytlary we döwletiň býujetini girizýärdi. Ýöne wekiller maslahaty haýsydyr bir çözgüt kabul etjek bolsa hökman giň gözegçilik hukuklary bolan senat bilen ylalaşmalydy. Bulardan başga-da Kongresiň söwda işlerine gözegçilik etmek, pul çykarmak, goşunyň sanyny artdyrmak ýaly ygtyýarlyklary hem bardy.

ABŞ-da iň ýokary kazyýet häkimiýeti ABŞ-nyň Ýokary kazyýetine degişlidi. Ýokary kazyýetiň agzalary prezident tarapyndan ömürlik bellenilýärdi. Ýokary kazyýet ol ýa-da beýleki kanunyň Konstitusiýa laýyk gelýändigini ýa-da gelmeýändigini kesgitleýärdi we garşy bolan halatynda olary ýatyryp bilýärdi. Ýokary kazyýet kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýete bagly däldi.

ABŞ-nyň Konstitusiýasy ýurduň 21 ýaşan akýagyz erkek adamlaryna emläk ýagdaýyna görä saýlaw hukugyny berdi. Garyplara, aýallara, garaýagyzlara, indeýlere saýlaw hukugy berilmedi.

Konstitusiýany aýry-aýry ştatlar makullamady, onuň şol ýerlerde ara alyp maslahatlaşmasy dört ýyla diýen ýaly çekdi. Konstitusiýa demokratik düzedişler girizmek ugrunda köpçülikleýin hereket boldy. 1791-nji ýylda «Hukuklar baradaky kanun» kabul edildi. Şu kanun boýunça ABŞ-nyň Konstitusiýasyna 10 sany düzediş girizildi. Bu kanun raýatlaryň söz, ýygnaklar, wyždan azatlygy, şahsyýetiň we öýüň eldegrilmezligi ýaly hukuklaryny ykrar edýärdi. Kazynyň hökümi bolmasa, özbaşdak tussag etmek gadagan edildi.

1787-nji ýylda ABŞ-nyň Kongresi tarapyndan ähli ýerler federasiýanyň eýeçiliginde diýlip yglan edildi. Her bir ştata özlerine degişli ýerleriň çäginde kanun boýunça doly özbaşdaklyk berildi.

Şeýlelikde, Konstitusiýany ABŞ-nyň 13 ştatyndan 9-sy tassyklapdyr we kabul edipdir.

**Rewolýusiýanyň netijeleri.** Garaşsyzlyk ugrundaky uruş Amerika materiginde bütinleý täze gymmatlyklara esaslanýan täze eýýamyň garaşsyz döwletini döredipdir. Bu döwletde demokratiýanyň esasy ýörelgeleri bolan halkyň öz ykbalyny özi kesgitlemäge, erkinligi islendik çäklendirmelerden goramaga bolan hukuklary tassyk edilipdir.

XVII–XVIII asyrlarda Demirgazyk Amerikada ägirt uly jemgyýetçilik tejribesi geçirilipdir: Ýewropanyň dürli ýurtlaryndan (esasan, Angliýadan Amerika) göçüp gelen iňlis koloniýasynyň ilaty bitewi bir halka öwrülipdir. Ol halk özüni amerikaly diýip atlandyrýardy. Amerikanlar köp babatda ýewropalylaryňka meňzeş, şonuň bilen birlikde özboluşly hojalyk we medeni endiklerine eýe bolupdyrlar. Bu halk iňlis hökümeti bilen gandöküşikli uruşda özüniň garaşsyz bolmaga hukugyny gazanypdyr we Täze Dünýäde (Amerikany ýewropalylar şeýle atlandyrýardylar) ilkinji azat döwlet – Amerikanyň Birleşen Ştatlaryny döredipdirler.

**Soraglar we ýumuş**

1. Angliýanyň koloniýalary Amerikanyň haýsy böleginde döredi?
2. ABŞ-nyň Konstitusiýasy haçan kabul edildi?
3. Döwlet häkimiýetiniň ýokary edaralarynyň atlaryny aýdyp beriň. ABŞ-nyň Kongresiniň nähili ygtyýarlyklary bolupdyr?
4. ABŞ-nyň garaşsyzlygyny haýsy döwletler goldadylar?

# FRANSIÝA

## §11. Fransiýa XVI – XVII asyrlaryň sepgidinde

**Fransiýada manufakturanyň we söwdanyň ösmegi.** XVII asyrda Fransiýanyň koroly çäklendirilmedik ygtyýarlyklara eýe bolup, ýurtda onuň şahsyýeti keramatlaşdyrylypdyr. Korol köşgüne, begzadalara, goşuna senagat harytlary, döwletiň gaznasyna bolsa pul gerekdi. Şonuň üçin hem döwletiň garamagynda manufakturalar döredilýärdi.


Lýudowik XIII

Fransiýanyň koroly **Lýudowik XIII** döwlet dolandyryşynda ýurdy edara etmegi birinji ministriň üstüne ýükläpdir. 1624 – 1642-nji ýyllarda ýurduň hökümetiniň baştutany kardinal Rişelýe bolupdyr. Korolyň ejesiniň, aýalynyň we doganynyň özüne duşmançylyk edýändigine garamazdan, kardinal Rişelýe XVII asyryň birinji ýarymynda Fransiýanyň ykdysady we syýasy kuwwatyny dikeltmek ugrunda uly işleri alyp barypdyr. Rişelýe Fransiýada ylmyň, bilimiň, sungatyň ösmegine giň ýol açypdyr. Onuň karary bilen ilkinji fransuz gazeti neşir edilýär. Bu syýasaty **Lýudowik XIV** ýurdy dolandyran döwründe onuň birinji

4. Sargyt № 1718



**Wersal köşgi**

ministri **Kolber** (1619–1683) dowam etdirdi. Ol döwletiň maliýe we ykdysady durmuşyna 20 ýyllap gözegçilik edipdir. Ýurtda gämiler gurulýardy, polat we demir öndürýän senagat ösýärdi, gara ýollar gurulýardy. Ýüňden we pagtadan mata öndürýän iri manufakturalar döredilýärdi. Senagatda başlan ilerlemeler Fransiýada hakynatutma işçi güýjüniň emele gelmegini üpjün etdi.

**Çäklendirilmedik korollyk düzgüni (Absolýut monarhiýa).** XVII asyryň ortalarynda Fransiýa çäklendirilmedik (absolýut) ygtyýarlyklary bolan korollyk döwleti bolup galmak bilen, ol Günbatar Ýewropanyň iň kuwwatly döwletine öwrüldi. Lýudowik XIV ýurdy dolandyran ýyllarynda (1643–1715) ol Ispaniýanyň, Awstriýanyň üstünden uly ýeňişleri gazandy. Fransuzlaryň ýaşaýan ähli ýerleri diýen ýaly birleşdirildi. Iri koloniýalar Kanada, Luiziana, Gaiti adasynyň bir bölegi, Hindistandaky ençeme şäherlerdir galalar basylyp alyndy.

Lýudowik XIV döwründe ýurdy birinji ministr, kardinal **Mazarini** dolandyrypdyr. Gelip çykyşy boýunça Maza-

rini italiýaly bolup, ol diýseň akylly, örän mekir hem-de başarjaň adam bolupdyr. Ol halk gozgalaňlaryny basyp ýatyrypdyr, korolyň häkimiýetine dalaş edýänleri ýowuz yzarlapdyr.

Fransiýanyň ýokary kazyýet häkimiýeti, begzada gullukçylaryndan durýan Parižiň parlamenti patyşanyň çäklendirilmedik ygtyýarlyklaryna garşy çykypdyr. Lýudowik XIV parlamente gelip: «Jenaplar! Siz», «Döwlet – bu biz» diýip pikir edýärsiňiz. Emma siz ýalňyşýarsyňyz, döwlet – bu mendirin!» diýýär. Lýudowik XIV-niň buýrugy bilen Parižiň günbatarynda Köşkler toplumyndan, seýilgählerden we suw çüwdürimlerinden ybarat bolan Wersal şäheri gurulýar.

**Çäklendirilmedik häkimiýetiň özboluşlylygy.** XVIII asyrda fransuz korollary edil öňki asyrlardaky ýaly çäklendirilmedik ygtyýarlyklara eýe bolupdyrlar.



**Lýudowik XIV**

Lýudowik XIV aradan çykandan soň, Fransiýany onuň çowlugy **Lýudowik XV** (1754–1774) dolandyrdy. Onuň kämillik ýaşyna ýetmändigi üçin, ýurdy ministrler edara edipdirler.

XVIII asyrda korol köşgi öňküden-de has dabaraly ýagdaýa öwrüldi. Çäklendirilmedik häkimiýetiň daşky görki onuň kemçilikleriniň üstüni örtýärdi. Begzadalaryň köpüsi işlemän, toý-tomaşalarda keýp çekip, mugthorçylyga baş urupdyrlar. Ýokary döwlet wezipeleri, adatça, satylýardy ýa-da köşk gatnaşyklary esasynda asly beglerden bolan ukypsyz adamlara paýlanýardy. Bu ýagdaý harby işiň we ýurdy dolandyrmagyň pese gaçmagyna eltdi. Begzadalar zynat we baýlyk içinde baýnap ýaşaýardylar, olar geljege nazar aýlamaýardylar. Lýudowik XV: «Goý, bizden soň dünýäni sil alsyn!» diýer eken.

**Fransiýanyň daşary we içeri syýasaty.** Emele gelen ýagdaý korolyň daşary syýasatynyň şowsuzlygyny görkezdi. Fransiýanyň Amerikadaky koloniýalary Angliýanyň ygtyýarlygyna geçdi. Fransiýanyň Günbatar Ýewropadaky täsiri hem peseldi.

Oba hojalygynda orta asyr ýer eýeçilik düzgünleriniň höküm sürmegi Fransiýanyň Angliýadan hojalyk taýdan yza galmagyna we onuň uruşlarda ýeňilmegine sebäp bolýardy. Fransiýanyň deňiz goşuny pese gaçyp, ol iňlis goşunyndan barha yza galýardy. Fransiýa Angliýanyň we Prussiýanyň garşysyna ýediýyllyk uruşda (1756 – 1763) agyr ýeňlişe sezewar bolansoň, Kanadadan hem-de Hindistandaky kolonial mülkleriniň ählisinden diýen ýaly mahrum boldy.

**Oba hojalygynyň ýagdaýy.** XVIII asyryň 70-nji ýyllarynda Fransiýanyň 25 million ilaty bolup, şäherlerde 3 million adam, oba ýerlerinde bolsa 22 million ilat ýaşaýardy. Oba hojalygy ýurduň ähli girdejisiniň dörtden üç bölegine golaýyny berýärdi. Fransiýanyň oba hojalygynda orta asyrlar döwri üçin häsiýetli bolan köne gatnaşyklar entegem saklanyp galýardy. Ýerleriň ählisi diýen ýaly begzadalaryň we buthanalaryň eýeçiligindedi. Kärendeçi daýhanlar we düýbünden ýersiz daýhanlar oba ilatynyň ýarysyndan gowragyny tutýardy. Ýurduň diňe demirgazygynda fermer hojalygy duş gelýärdi.

**Soraglar we ýumuş**

1. XVIII asyryň başynda Fransiýany ykdysady we syýasy taýdan suratlandyryň. Fransiýa Ýewropanyň haýsy döwletleri bilen bäsleşýärdi?
2. «Absolýut monarhiýa» diýip siz nämä düşünýärsiňiz? Fransiýada häkimiýet bilen iri ýer eýeleriniň baglanyşygy nähili bolupdyr?
3. Korol Lýudowik XIV-niň dolandyran ýyllary nähili häsiýetlendirilýär?

## §12. Fransiýanyň syýasy we ykdysady ýagdaýy

**Manufakturanyň we söwdanyň ösmegi.** Fransiýa Angliýa garanyňda gowşak ösen ýurt bolsa-da, önümçilige iri maýa goýumlaryny goýmaklyk ösýärdi. Senagatyň we söwdanyň ösüşi çaltlanýardy. Korol köşgi harby enjamlary we ýarag öndürýän manufakturalaryň döremegine we ösdürilmegine uly gyzyklanma bildirýärdi.

Fransuz söwda kompaniýalarynyň başga ýurtlar we koloniýalar bilen söwda etmekleri döwlet tarapyndan goldanylýardy. Bularyň hemmesi döräp gelýän baý gatlaklar bolan buržuaziýa üçin peýdalydy. Ilkibaşda buržuaziýa korolyň çäklendirilmedik häkimiýeti we onuň girizýän düzgünleri bilen oňuşýardy.

Ýurduň demirgazyk-gündogarynda senagat kärhanalarynyň önümçiligi ösýärdi. Nah mata pudagynda ilkinji fabrikler peýda boldy. Ýüpek mata önümçiliginiň möhüm merkezi hökmünde Lion şäheri tapawutlanýardy. Merkezleşdirilen iri kärhanalar entek azdy, ýöne ýuwaş-ýuwaşdan şeýle kärhanalar hem peýda bolýardy. Olara korolyň ýarag ussahanalary we az sanly kärhanaçy begzadalaryň Brestdäki hem-de Tulondaky bug maşynly metallurgiýa kärhanalary, şeýle hem ýurduň demirgazygynda ýerleşýän kömür känleri degişlidi.

Söwdanyň we senagatyň ösmegi netijesinde buržuaziýa begzadalaryň ýeke-täk agalyk ediji gatlak bolup galmagyny islemeýärdi. Ol söwda we senagat işinde özüne doly erkinlik berilmegini, begzadalaryň we tüçjar täjirleriň koloniýalar bilen söwda etmekde artyk hukuklarynyň ýatyrylmagyny talap edýärdiler. Ondan başga-da buržuaziýa ýurduň dürli ýerlerindäki uzynlyk we agyrlyk ölçegleriniň birmeňzeş bolmagyny, köpsanly içerki gümrükhanalarynyň ýatyrylmagyny talap edýärdi.

Fransiýanyň söwda gämilerini Amerikanyň, Demirgazyk Afrikanyň, Ortaýer deňziniň kenarlarynda görmek bol-

ýardy. Koloniýalardaky baý täjirleriň uly mülkleri, köpsanly gullary we kärhanalary bardy, fransuz täjirleri gul söwdasyny hem edýärdiler. Şeýdip olar gysga wagtyň içinde ägirt uly baýlyklara eýe boldular.

**Fransuz jemgyýetiniň gatlaklary.** Edil orta asyrlarda bolşy ýaly, Fransiýada bu döwürde-de jemgyýet üç sany gatlaga bölünýärdi: birinjisi – *ruhanylar*, ikinjisi – *begzadalar*, üçünjisi bolsa ilatyň galan bölegidi. Korollyk düzgüni fransuz jemgyýetiniň şu üç gatlaga bölünmegini jany-teni bilen goraýardy. Fransiýada «Ruhanylar korola öz doganlary, begzadalar – gylyçlary, üçünji gatlak bolsa – emläkleri bilen gulluk edýärler» diýip aýdar ekenler.

*Birinji* hem-de *ikinji* gatlak artykmaç hukuklardan peýdalanmak bilen salgyt tölemändirler we mülklere eýeçilik edipdirler. Serkerdelik wezipelerine diňe begzadalar bellenipdir. *Üçünji* gatlagyň düzümine daýhanlar, senetçiler, hakynatutma işgärler, günlükçiler giripdirler. Şeýle hem bu gatlaga buržuaziýa, ýagny bankirler, gämi eýeleri, täjirler, manufakturalaryň eýeleri, emeldarlar, hukukçylar hem degişli bolupdyr. Olar hem salgyt töleýärdiler. Buržuaziýanyň hatarynda örän baý adamlar hem bar eken. Olar korola karz pullary hem berýärdiler, emma olaryň köp zatlara hukuklary bolmandyr.

**Ýönekeý halkyň ýagdaýy.** XVIII asyrda Fransiýanyň ilatynyň köpçüligi oba ýerlerinde ýaşapdyr. Şonuň netijesinde Fransiýanyň ykdysady ösüşinde birnäçe aýratynlyklar bolupdyr. Oba hojalyk önüminiň ösüşine ownuk daýhan hojalygy päsgel beripdir. Baý adamlar, begzadalar uly hojalyk döretmäge höweslenmändirler. Fransuz daýhanlary şahsy taýdan azat bolupdyrlar. Şonuň üçin şahsy taýdan azat bolan daýhanlara dürli hünärler bilen meşgullanmaga mümkinçilik bolupdyr. Emma daýhanlaryň öz ýerlerini satyn almaga hukugy bolmandyr.

Pul-haryt gatnaşyklarynyň ösüşi we daýhanlaryň pul salgydyna geçirilmegi oňyn netije beripdir. Sebäbi pul

salgydynyň girizilmegi netijesinde Fransiýanyň oba hojalygynda bazar gatnaşyklary kemala gelip başlapdyr. Bu döwürde ýurduň oba ýerlerinde we şäherlerde täze baýlaryň – buržuaziýanyň täsiri hem güýçlenip ugraýar. Buržuaziýa begzadalardan salgyt ýygnamak hukugyny satyn alýardylar we çalt baýlaşýardylar.

Fransiýada Angliýadaky ýaly ösen maldarçylyk bolmandyr. Şonuň üçin hem oba hojalygynda, esasan, bugdaý ekilipdir. Emma bugdaýy daşary ýurtlara satmaga Fransiýanyň mümkinçiligi bolmandyr.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. XVIII asyrda Fransiýanyň syýasy we ykdysady ösüşine häsiýetlendirme beriň.
2. Fransuz jemgyýeti nähili gatlaklardan ybarat bolupdyr? Näme üçin buržuaziýa hem üçünji gatlaga degişli bolupdyr?
3. Oba daýhanlarynyň ýagdaýy barada gürrüň beriň.

## §13. Beýik fransuz rewolýusiýasy

**Fransiýada rewolýusiýanyň sebäpleri.** 1774-nji ýylda Lýudowik XV aradan çykýar. Fransuz tagtyna onuň agtygy **Lýudowik XVI** (1774–1793) çykýar. Ol häsiýeti boýunça gowşak, erksiz hem döwlet işlerinden başy çykmaýan tejribesiz korol bolupdyr. Ol döwlet işlerinden gaça durýardy we döwlet geňeşinde meseleler ara alnyp maslahatlaşylanda, köplenç, irkiler oturardy. Korolyň görmegeý hem-de zehinli aýaly, awstriýaly **Mariýa Antuanetta** köşkde toý-tomaşalaryň guramaçysydy, ol çäklendirilmedik häkimiýetiň saklanyp galmagynyň tarapdarydy.

Fransiýa özgerişlikleri isleýärdi, şonuň üçin korol muny birbada goldady. Ol Pariž parlamentini dikeldýär we maliýe işleriniň baş gözegçisi edip ykdysadyýetçi alym Žak Týurgony belleýär. Týurgonyň maksatnamasy özgerişlikleriň üs-



**Mariýa Antuanetta**

ti bilen döwleti ykdysady kynçylykdan alyp çykarmakdy. Maliýe gözegçisi bolmak bilen Týurgo goşmaça salgytlaryň girizilmegine garşy çykyp, bugdaýa goýlan kesgitli bahany aýyrdy. Ondan başga-da, ol iri ýer eýeleriniň we buthananyň hukugynyň çäklendirilmegi ugrunda iş alyp bardy.

1774-nji ýylda Fransiýada hasylsyz ýyl boldy. Çöregiň bahasy birnäçe esse ýokarlandy, bu bolsa «çörek topalaňlaryna» eltdi. Týurgony wezipesinden boşatdylar. Onuň çykaran kararlary ýatyryldy.

Ýurtdaky tolgunyşyklar dowam edýärdi. Şäherlerde garyplar gymmatçylyk sebäpli korola ýüzlenýärdiler, işçiler iş taşlaýardylar, edaralar, kärhanalar ýapylýardy, işsizleriň sany artýardy. Onuň üstesine-de, ýurtda gurakçylyk başlady we ýurtda gaty sowuk gyş boldy. Fransiýada heniz görülmedik açlyk döredi.

**Baş ştatlaryň çagyrylmagy.** Korol Lýudowik XVI özüniň iş oňarmaýanlygyny görkezdi. Ol aýaly bilen köşkde toý-tomaşalary geçirmek üçin ägirt uly pullary harçlaýardy. Fransiýanyň bergisi 140 million altyn pula ýetdi. Goşmaça karz alyp bolmady. Ýekeje çykalga bardy, ol hem hukukly gatlaklar babatynda salgyt girizilmelidi. Munuň üçin Lýudowik XVI Baş ştatlary çagyrmagy karar etdi. Baş ştatlar indi 1614-nji ýyldan bäri çagyrylmaýardy.

Baş ştatlaryň maslahatynyň çagyrylmagy bütin ýurtda özgerişlikler geçirmek umydyny we ägirt uly jemgyýetçilik tolgunyşygyny, köpçüligiň syýasy işjeňliginiň ýokary göterilmegini döretdi. Baş ştatlara ähli gatlaklardan wekil saýlanan halatynda, şäherlerde we obalarda sargytlary düzmäge ygtyýar edildi. Üçünji gatlagyň wekilleri bolan daýhanlar we senetçiler özleriniň närazylygy baradaky şikaýatlaryny öz sargytlarynda ýazyp aýan etmäge mümkinçilik aldylar.

1789-njy ýylyň 5-nji maýynda Wersalda Fransiýanyň parlamenti – Baş ştatlaryň maslahaty açyldy. Ägirt uly maslahat köşgünde tagtyň öňünde ýerleşen giň zalyň bir tarapynda birinji gatlagyň wekilleriniň 270-si ýerleşdi. Zalyň beýleki tarapynda ruhanylaryň wekilleriniň 291-si otyrdy. Üçünji gatlagyň 600 sany wekili birinji hem-de ikinji gatlagyň wekilleriniň yzynda dik durdular.



**Fransiýanyň Milli ýygnagynyň mejlisi**

Lýudowik XVI täzeliklere çensiz köp dyrjaşmaklygy ýazgardy we täze salgytlary tassyklamagy höküm etdi. Emma maslahatda ses bermegiň tertibi gatlaklaryň arasynda jedel döretdi. Wekiller nädip ses bermeli, hemmesi bilelikdemi ýa-da aýratynlykda? Üçünji gatlagyň wekilleri bileleşip ses bermegi talap etdiler. Emma ses bermegiň gatlaklaýyn geçiriljekdigi, ýagny her bir gatlaga bir ses ýetýänligi yglan edildi. Bu bolsa begzadalar bilen ruhanylara öz erk-isleglerini üçünji gatlagyň boýnuna mejbury dakmaga mümkinçilik berýärdi. Emma ilatyň üçünji gatlagynyň wekilleri muňa boýun bolmadylar. Baryp Baş ştatlar açylmazdan ozal, gazetlerde üçünji gatlagyň wekilleri gatlaklaýyn ses bermegiň ýatyrylmalydygyny we Baş ştatlaryň bütin milletiň wekilleriniň ýeke-täk ýygnagyna öwrülmelidigini talap edýärdiler. Şeýle edilse her bir wekiliň öz sesi boljakdy. Kararlar bolsa sesleriň köplügi bilen kabul ediljekdi. Şu hili düzgünde 600 wekili bolan üçünji gatlak begzadalar we ruhanylar gatlaklarynyň aýry-aýry öňdebaryjy pikirli wekilleri bilen bileleşip, sesleriň köplügini gazanyp biljekdi.

**Milli ýygnagyň döredilmegi we onuň Esaslandyryjy ýygnaga öwrülmegi.** Parižden Wersal köşgüne ge-

len märeke üýşüp, korola we begzadalara eglişik etmezligi talap edýärdiler. Iýun aýynda üçünji gatlagyň wekilleri üýşüp, gatlaklara bölünip ses bermekligi ret etdiler. Olar özlerini diňe bir üçünji gatlagyň wekilleri diýip däl-de, eýsem, bütin milletiň hem wekilleri – Fransiýanyň Milli ýygnagy diýip, onuň kararlaryny bolsa hatda korolyň-da ýatyrmaga hukugynyň ýoklugyny yglan etdiler.

Baş ştatlaryň ýygnagynda döredilen Milli ýygnaga birinji we ikinji gatlagyň öňdebaryjy wekilleri hem goşuldy. Milli ýygnak özüniň bütin ýurtda ýokary häkimiýetdigini we korolyň çäksiz häkimiýetiniň soňuna çykmagy niýet edinýänligini yglan etdi. Korol gaharlanyp, mejlisi ýapmagy buýurdy. Emma üçünji gatlagyň wekilleri köşgüň top oýnalýan otagyna täzeden ýygnanyşdylar we Konstitusiýa işlenip düzülýänçä dargamajakdyklary barada kasam etdiler. Iýul aýynyň başynda Milli ýygnak özüni Esaslandyryjy ýygnak diýip yglan etdi, ýagny Konstitusiýany işläp düzmäge we kabul etmäge öz hukugynyň bardygyny jar etdi. Maslahatda ses bermeklik gatlaklaýyn däl-de umumydy.

Lýudowik XVI Wersaldaky goşunyň bir böleginiň Milli ýygnagyň tarapyny tutýandygyny aňyp, öz garşydaşlaryna garşy goşuny ulanmakdan çekindi. Emma ol gizlinlikde güýç ulanmagy ýüregine düwdi. Onuň görkezmesi boýunça Wersala ýaragly begzadalar üýşýärdiler. Assyrynlyk bilen paýtagta korola wepaly goşunlar çekilýärdi. Korolyň Milli ýygnagy dargatmakçy bolýandygy Parižiň ilatyna mälim boldy. Halk köpçüligi korol hökümetine garşy aýaga galdy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Fransiýada korolyň çäklendirilmedik ygtyýarlyklary näme bilen kesgitlenýärdi?
2. XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda Fransiýada emele gelen gapma-garşylygyň sebäplerini aýdyp beriň.
3. Lýudowik XVI näme üçin Baş ştatlaryň maslahatyny çagyrdy?

4. Baş ştatlaryň mejlisiniň Esaslandyryjy ýygnaga öwrülmeginiň sebäpleri nämeden ybarat?
5. Fransiýanyň ilatynyň üçünji gatlagynyň syýasy özgerişdäki orny barada aýdyp beriň. «Üçünji gatlak» diýip fransuz ilatynyň haýsy bölegine aýdýarlar?

## §14.Bastiliýanyň alynmagy

**Rewolýusiýanyň başlanmagy.** Korol hökümeti Parižе öz harby goşunlaryny çekip ugrady. **Lýudowik XVI** Milli ýygnagyň tarapynda durýan ministrleri işden aýyrdy. Parižde «Hökümet öz goşunyny Bastiliýa galasynda jemleýär we onuň toplarynyň nili şähere tarap gönükdirilenmişin» diýen myş-myşlar ýaýrap ugrady. Halk köpçüligi hem mitinglere ýygnanyşyp başlady.

1789-njy ýylyň 12-nji iýulynda adamlar oratorlaryň joşgunly çykyşlaryny diňleýärdiler. Olar öz çykyşlarynda ele ýarag almaga çagyrýardylar. Halk köpçüligi birnäçe müň



**Bastiliýanyň alnyşy**

tüpeňi, topy ele saldy. Demirçilik ussahanalarynda onlarça müň naýza ýasaldy. Gozgalaňçylar ok guýdular, ätiýaçlyk däri edindiler.

Aýylganç zyndan bolan Bastiliýa galasy Parižde korol hökümetiniň esasy daýanjy we onuň häkimiýetiniň gorkunç nyşanydy. Bastiliýa töwerek-daşy çuň garymly, köpsanly atyşhanaly, sekiz sany diňli ägirt uly galady.



**Lýudowik XVI**

14-nji iýulda ir bilen şäheriň ilatynyň, senetçileriň, işçileriň we dükançylaryň tüpeňdir naýza bilen ýaraglanan uly märekesi, gozgalaňa goşulan birtopar esgerler Bastiliýany gabady we galanyň boýun egmegini talap etdi. Gepleşikler geçirmek üçin ugradylan ak baýdakly ilçiler oka tutuldy. Gabaw başlandy. Halk köpçüligi galanyň girelgesine toplary süýräp getirdi. Toplardan oka tutulmagynyň netijesinde Bastiliýanyň göterme köprüsiniň zynjyrlary üzüldi. Gozgalaňçylar derwezäni döwüp, gala kürsäp girdiler.

15-nji iýula geçilýän gijesi Lýudowik XVI-ny Bastiliýanyň alnandygy baradaky habar bilen turuzdylar. Ol muňa ynanman, geň galyp: «Bu topalaň ahyryn» diýip, howsalaly gygyrypdyr. Köşk adamlarynyň biri: «Ýok, hökümdarym, bu rewolýusiýa» diýip jogap beripdir.

Bastiliýanyň alynmagy rewolýusiýanyň başy we onuň ilkinji ýeňşi boldy. Korol Baş ştatlaryň Esaslandyryjy ýygnaga öwrülmegi bilen ylalaşmaga mejbur boldy. Korol eldegrilmesiz ygtyýarlyklardan mahrum edilip, ýurt konstitusion, ýagny korolyň häkimiýeti kanun esasynda çäklendirilen monarhiýa öwrüldi. Bastiliýa gozgalaňçy halk tarapyndan ýer bilen ýegsan edildi.

Bastiliýanyň alnan güni – 14-nji iýul fransuz halkynyň her ýylda geçirilýän Milli baýramyna öwrüldi. Ähli häkimiýeti elinden gidip barýan Lýudowik XVI Esaslandyryjy

ýygnagyň kanunydygyny ykrar etmäge mejbur boldy. Paýtagta häkimiýet Şäher geňeşine – Pariž kommunasynyň ygtyýarlygyna geçdi. Rewolýusiýa Fransiýanyň täze baýdagyny tassyklady. Üçünji gatlagyň gyzyl hem-de gök reňkine burbonlar nesliniň ak reňkini hem goşdular.

Lýudowik XVI Parižе gelende baş-gabyna rewolýusiýanyň gyzyl-gök-ak nyşanyny dakyp gelipdir. Gysga wagtyň içinde Fransiýada korol emeldarlary dolandyryş işlerinden çetleşdirilip, döwleti dolandyrmak we ony edara etmek işleri üçünji gatlagyň wekilleriniň eline geçipdir.



**Žilber de Lafaýet**

Parižde Milli goşun döredilip, onuň serkerdeligine markiz **Žilber de Lafaýet** (1757–1834) bellenilýär. Lafaýet ýaş wagtlary mekdepde Russonyň we Monteskiýäniň eserleri bilen tanşypdyr. Ol adamlaryň tebigy hukuklary durmuşa ornaşdyrylan adalatly jemgyýet hakynda arzuw edipdir. Haçan-da Angliýanyň Demirgazyk Amerikadaky koloniýalarynda gozgalaň başlanda, ol azatlyk söýüji amerikanlara duýgudaşlyk bildiripdir. Ol haýal etmän Demirgazyk Amerika gidýär we özüne ynanylan goşunlary hususy serişdeleriniň hasabyna ýaraglandyrypdyr. Onuň edermenlikleri hakyndaky gürrüňler Fransiýada meşhur bolupdyr. Fransuz akyldary Wolter Lafaýeti «Täze Dünýäniň (ýagny Amerikanyň) gahrymany» diýip atlandyrypdyr.

Korol köşgüne we begzadalara lomaý pul kömegini beren bankirler patyşanyň, iri ýer eýeçiliginiň ýok edilmegini islemeýärdiler. Korol begzadalar bilen ylalaşmagyň mümkin bolan usullaryny gözleýärdi. Üçünji gatlagyň wekili, maslahatyň görnükli söz ussady, rewolýusiýanyň öň ýanynda korol hökümetiniň eden-etdiligine garşy üzül-kesil çykyş eden Mirabo indi iri maýadarlaryň bähbitlerini mälim edip, korol bilen milleti ýaraşdyrmak üçin özüniň söz us-

satlygyny we iş başarjaňlygyny ulandy. Ol rewolýusiýanyň güýçlenmeginden howatyrlanyp, hatda korolyň daşary ýurda gaçmagyny hem gurady.

Bütin Fransiýany daýhanlar hereketi gurşap alypdy. Daýhanlar salgyt tölemek islemeýärdiler. Olar begzadalaryň üstüne çozup, olaryň köşk-galalaryny otlaýardylar, zähmet borçlarynyň we salgytlaryň hasabaty ýöredilýän kitaby ýok edýärdiler. Daýhanlaryň hereketiniň täsiri astynda Esaslandyryjy ýygnak 1789-njy ýylyň awgustynda daýhanlaryň zähmet borçlarynyň ýatyrylýandygy barada karar kabul etdi. Emma iş ýüzünde esasy zähmet borçlaryndan pul töläp azat bolmalydy. Muňa bolsa daýhanlaryň aglaba köpüsiniň gurby çatmaýardy. Ýöne daýhanlaryň käbir zähmet borçlary we begzadalaryň daýhanlaryň ýerlerinde aw awlamak hukugy pul tölenilmän ýatyryldy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. 1789-njy ýylyň 14-nji iýulynda Parižde nähili wakalar bolup geçdi? Näme üçin bu sene fransuz halkynyň Milli baýramy hökmünde her ýyl bellenilip geçilýär?
2. Rewolýusiýa döwründe Fransiýada nähili döwlet baýdagy kabul edildi? Onuň sebäbini düşündiriň.
3. Rewolýusiýa döwründe Mirabonyň eýelän syýasy ornuna häsiýetnama beriň.Onuň bu hereketini dogry hasap edýärsiňizmi? Lýudowik XVI-nyň rewolýusiýa döwründäki hereketi barada gürrüň beriň.

## §15. Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasy

**Jarnamanyň kabul edilmegi we onuň esasy mazmuny.** Esaslandyryjy ýygnak 1789-njy ýylyň 27-nji awgustynda «Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasyny» kabul etdi. Onda ýokary häkimiýetiň çeşmesi milletdir diýip yglan edilýärdi. «Jarnamada» adamlar doglanda azat

we deňhukukly dogulýarlar hem-de şeýle bolmaklarynda-da galýarlar diýlip, dabaraly aýdylýardy. «Jarnama» ähli raýatlaryň kanunlary kabul etmäge, bu işe hut özleriniň ýa-da öz wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugynyň bardygyny göz öňünde tutýardy, söz, metbugat, ýaşaýan ýeriňi üýtgetmäge bolan erkinligi jar edýärdi, eden-etdiligi, bikanun tussag etmeleri gadagan edýärdi, begzadalaryň gatlaklaýyn artykmaç hukuklaryny ýatyrýardy.

«Jarnamada» hususy eýeçilik eldegirilmesiz we mukaddes diýlip yglan edilýärdi. Bu möhüm resminama Fransiýada hukuk döwletleriniň binýat esaslaryny goýdy. Onda umumadamzat ahlak we hukuk kadalary jar edilýärdi. Fransiýada kabul edilen «Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasy» ähli Ýewropa döwletleriniň XIX asyrda kabul edilen konstitusiýalary üçin esas edilip alyndy.

**Halkyň täze rewolýusion çykyşlary.** Parižde açlykdy, çörek ýokdy, onuň bahasy gün-günden gymmatlaýardy, şonuň üçin hem ol hemmelere ýetmeýärdi. Çörek satylýan dükanlaryň öňünde häli-şindi basa-baslyklar bolýardy. Güýzde obalardan azyk getirilmegi kemeldi, korol daşary ýurda gaçmaga hyýallanýarmyşyn diýen gürrüň ýaýrady. Halk şäher etegindäki ýaragly köpçüligiň we milli goşunyň goragy astynda Esaslandyryjy ýygnagyň hem-de korolyň Pariže gelmegini talap etdi. Korol we Esaslandyrjy ýygnak Pariže dolanyp geldi.

Emma Lýudowik XVI we onuň bütin maşgalasy 1791-nji ýylyň 20-nji iýunynda gündogar serhede tarap ugrady. Poçta duralgasynyň birinde gözegçiniň ogly Drue paýtunyň äpişgesinden korolyň keşbini görüp (onuň keşbiniň puluň ýüzünde şekillendirilýändigi üçin, ol hemmelere mälimdi) galmagal turuzdy. Korol we onuň aýaly tutuldy hem-de tussag astyna alnyp, Pariže gaýtarylyp getirildi.

**Konstitusiýanyň kabul edilmegi.** Iýul aýynda Parižde korolyň tagtdan düşürilmegini we respublikanyň berkarar edilmegini talap edip, ägirt uly çykyşlar guraldy. Çykyşlar

dabaraly harby ýörişleriň geçirilýän ýeri bolan Mars meýdanynda başlady. Emma Esaslandyryjy ýygnak we Parižiň ýerli dolandyryş häkimiýeti halkyň garşysyna Milli goşuny sürdi. Milli goşun çykyşlary derrew basyp ýatyrdy, ölenler we ýaralananlar köp boldy.



**Konstitusiýanyň kabul edilmegi**

1791-nji ýylyň sentýabrynda Esaslandyryjy ýygnak tarapyndan işlenip düzülen Konstitusiýa güýje girdi. Korolyň häkimiýeti saklanyp galdyryldy, ministrler hem korolyň öňünde jogapkär bolmaklarynda galdy. Saýlaw hukuklary 25 ýaşa ýeten we üç günlük iş hakyndan kem bolmadyk möçberde ýyllyk salgydyny töleýän erkek adamlara berildi.

Içerki gümrükhanalar, gatlaklar we atly derejeler ýatyryldy. Fransiýanyň öňki welaýatlarynyň ornuna 83 sany departament döredildi. Bitewi uzynlyk we agyrlyk ölçegleri girizildi, kärhanalara eýeçilik etmekde erkinlige ýol berildi.

Konstitusiýa güýje girenden soň, Esaslandyryjy ýygnak dargady. Onuň ýerine Milli Kanun çykaryjy ýygnakda Žironda departamentinden saýlanan wekiller aýgytly hereketleri bilen beýlekilerden tapawutlanýardylar. Olaryň

döreden toparyny «žirondaçylar» diýip atlandyrýardylar. Žirondaçylar senagatda, söwdada giň özgertmeleriň geçirilmegini, buržuaz respublikasynyň döredilmegini, bolmanda korol häkimiýetiniň çäklendirilmegini talap edýärdiler.

**Watan howp astynda.** 1792-nji ýylyň ýazynda ýurduň üstüne Ýewropanyň patyşalyk monarhiýa düzgünli döwletleriniň goşunlarynyň çozmak howpy abandy. Awstriýanyň koroly rewolýusion Fransiýanyň garşysyna urşa taýýarlanýardy. Fransiýanyň Kanun çykaryjy ýygnagy Awstriýanyň goşunlarynyň serhetden yzyna çagyrylmagyny talap etdi. Emma muňa jogap edip, Awstriýanyň koroly Fransiýada korolyň çäklendirilmedik hukugynyň dikeldilmek şertini goýdy.

Kanun çykaryjy ýygnak çozuşa garaşyp durman, Awstriýa garşy uruş yglan etdi. Emma uruş hereketleri Fransiýa üçin şowsuz başlandy. Awstriýa bilen birleşip, Prussiýa hem Fransiýa garşy hereket edýärdi. Onuň goşuny Fransiýa çozup girip, ençeme galalary eýeledi. Basybalyjylaryň garşysyna fransuz halky adalatly uruş alyp barýardy. 1792-nji ýylyň iýulynda Kanun çykaryjy ýygnak halka: «Watan howp astynda!» diýen çagyryş bilen ýüzlendi. Paýtagta ähli departamentlerden ýaragly meýletinçileriň müňlerçesi ýygnandy.

**Korol häkimiýetiniň agdarylmagy.** Awstriýa – Prussiýa goşunlarynyň baş serkerdesi Braunşweýg gersogy Karl Wilgelm Ferdinand 1792-nji ýylyň 25-nji iýulynda fransuzlara ýörite hat bilen ýüzlendi. Onda ol korolyň eldegrilmezligine milt edilse, Parižiň doly weýran ediljekdigi barada haýbat atdy. Gersogyň ýüzlenmesi halkyň gahar-gazabyny döretdi. Şäher halky Pariž kommunasynyň täze rewolýusion geňeşini saýlady.

1792-nji ýylyň 10-njy awgustynda halk köpçüliginiň 20 müňe golaýy korolyň Týuilri köşgüni gabady. Halk köşgüň derwezesini döwüp, howla kürsäp girdi. Hakynatutma



**Týuilri köşgünde**

esgerleriň we begzadalaryň köpüsi ýok edildi. Ýygnak halkyň zor salmagy astynda koroly häkimiýetden çetleşdirmäge we ony öz maşgalasy bilen bilelikde Tampl zyndanyna salmaga mejbur boldy. Kanun çykaryjy ýygnak koroly häkimiýetden çetleşdirdi we häkimiýetiň täze ýokary guramasyny – Milli maslahaty (konwent) döretmegi karar etdi.

**Respublikanyň yglan edilmegi.** Korol agdarylandan soň, Milli konwente saýlawlar bellenildi. Ol Konstitusiýa gaýtadan seretdi. Emläk salgydy ýatyryldy, saýlawçylaryň ýaşy bolsa ýigrimi bir ýaşa çenli aşakladyldy.

1792-nji ýylyň sentýabr aýynyň başlarynda Fransiýanyň goşuny gaty agyr ýagdaýdady. Daşary ýurt goşunlary Parižе howp salýardy. Meýletinçileri köpçülikleýin ýygnamak yglan edildi. Hökümetiň agzasy, adalat ministri Danton Kanun çykaryjy ýygnagyň geňeşinde batly sesi bilen: «Duşmandan üstün çykmak üçin bize batyrlyk, ýene-de bir gezek batyrlyk, elmydama batyrlyk gerek...» diýip aýtdy. Danton rewolýusiýanyň iň bir meşhur söz ussatlarynyň we serdarlarynyň biri hökmünde şöhrat gazandy.

Fransuz goşunlarynyň güýçli gury ýer bölümleri bardy. Oňa watançy harbylar serkerdelik edýärdiler. 1792-nji ýy-

lyň 20-nji sentýabrynda Walmi obasynyň ýanynda olar top oklarynyň güýji bilen Prussiýanyň pyýada goşunynyň çozuşyny yza serpikdirdiler. Fransuz goşuny serhetden geçdi we Awstriýanyň goşunlaryny Belgiýadan kowup çykardy. Konwent 1792-nji ýylyň sentýabrynda Fransiýany respublika diýip yglan etdi.

**Sorag we ýumuşlar**

1. Näme üçin 1789-njy ýylyň iýul aýynda Fransiýada häkimiýeti üçünji gatlagyň wekilleri eýeledi?
2. «Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasynyň» öz döwri üçin ähmiýeti barada aýdyp beriň.
3. 1791-nji ýylda Fransiýanyň Awstriýa garşy yglan eden urşuny Fransiýa üçin adalatly ýa-da adalatsyz uruş bolandygyny düşündiriň.
4. Esaslandyryjy ýygnagyň we Kanun çykaryjy ýygnagyň kabul eden çäreleriniň fransuz jemgyýetiniň haýsy gatlaklarynyň bähbitlerine laýyk gelýändigini kesgitläň.

## §16. Ýakobinçileriň diktaturasynyň berkarar edilmegi

**Rewolýusion guramalar we hereketler.** Şol wagtlar Fransiýada guramaçylykly syýasy partiýa ýokdy, olaryň ornuny kiçeňräk guramalar ýerine ýetirýärdi. Aýratyn hem ýakobinçiler guramasy tapawutlanýardy. Bu guramanyň agzalarynyň Keramatly Ýakup (Ýakow) ybadathanasynyň kitaphanasynda ýygnanyşýandyklary üçin, olary şeýle atlandyrýardylar.


**Maksimilian Robespýer**

Garyp mugallymyň ogly, käri boýunça lukman **Žan Pol Marat** (1743 – 1793) bilen ýaş aklawçy **Maksimilian Robespýer** (1758 – 1794)

ýakobinçileriň görnükli ýolbaşçylarydy. Olary Pariž kommunasy hem goldaýardy.

Pariž kommunasynyň agzalary korolyň jezalandyrylmagyny talap edýärdiler. Koroly maslahata getirip, jogapkärçilige çekdiler we 1793-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda ol jezalandyryldy.

Konwentde žirondaçylar ýerli häkimiýet edaralarynyň güýçli guramalaryny döretmek barada çykyş etdiler. Ýakobinçiler bolsa merkezde ýerine ýetiriji häkimiýetiň güýçlenmegini talap etdiler. Žirondaçylar adamyň we raýatyň hukuklaryndan gelip çykýan jarnama wepaly bolup, ýakobinçileri eden-etdilikde, gapma-garşylygyň emele gelmeginde günäkärlediler. Žirondaçylar Maraty we Eberi (ýakobinçiler guramasynyň agzasy, gazetiň redaktory) kazyýet jogapkärçiligine çekmekligi guradylar. Emma kazyýet Marat bilen Eberi aklady.



**Konwentiň maslahaty**



**Žan Danton**

**Ýakobinçileriň häkimiýet başyna gelmegi.** 1793-nji ýylyň maý aýynyň ahyrlarynda ýakobinçileriň we Pariž kommunasynyň töweregine halk köpçüliginiň jebisleşmegi Konwentde žirondaçylaryň agalygyna garşy çykyşlary tizleşdirdi. 1793-nji ýylyň 2-nji iýunynda gije ýakobinçi Anrionyň serkerdeliginde milli goşunyň bölümleri Konwentiň daşyny gabady. Žirondaçylar Konwentden kowuldy. Olaryň bir bölegi tussag edildi. Fransiýada häkimiýet **Robespýer, Marat, Danton** tarapyndan baştutanlyk edilýän ýakobinçileriň eline geçdi. Olar rewolýusion dolan-

dyryşy yglan etdiler. Bu bolsa rewolýusion jezalaryň girizilýändigini aňladýardy.

1793-nji ýylyň iýunynda Konwent täze Konstitusiýany kabul etdi. Konstitusiýa demokratik düzgünleri we adam hukuklaryny jar edýärdi. Ýöne ýurtda adatdan daşary ýagdaýyň girizilendigi sebäpli, Konstitusion azatlyklar iş ýüzünde ulanylmaýardy.

Konwentiň garamagynda Robespýer tarapyndan baştutanlyk edilýän, 11 adamdan ybarat bolan hökümet – Jemgyýeti halas ediş komiteti döredildi. Konwent kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýeti özünde jemledi. Ýakobinçileriň häkimiýeti ýurtda örän dartgynly gapma-garşylyk mahalynda berkarar boldy. 1793-nji ýylyň 14-nji iýulynda begzada aýal Şarlotta Korde Maratyň janyna kast edip öldürdi.

**Ýurtdaky ýagdaý.** Ýakobinçiler hökümeti daýhanlaryň möhüm talabyny ýerine ýetirdiler. Gaçyp gidenleriň ýerlerini kiçiräk melleklere bölýärdiler we 10 ýylyň dowamynda tölemek şerti bilen satylýardy. 1793-nji ýylyň iýulynda salgytlary we zähmet borçlaryny doly ýatyrmak barada karar kabul edildi. Bu karar daýhanlary ýeriň özygtyýarly eýesine öwürdi. Bu zatlaryň ählisi eden-etdiligiň dowam edýän şertlerinde amala aşyrylýardy. 1793-nji ýylyň oktýabrynda Mariýa Antuanettany hem jezalandyryp öldürdiler.

1793-nji ýylda Konwent aýlaryň we günleriň hasabyny ýöredýän rewolýusion senenama girizdi. 1792-nji ýylyň sentýabr aýynyň 22-si Täze zamananyň başlanýan güni diýlip yglan edildi. Aýlar ongünlüklere bölündi. Aýlaryň atlaryny oba hojalyk işleri we pasyllaryň howa ýagdaýyna görä üýtgetdiler: mysal üçin, Brýumer – duman aýy, Žerminar – ekiş aýy, Termidor – yssy aý we ş.m. Ýylda 12 aý bardy, aýlar hem 30 güne bölünipdi. Şeýle senenama Fransiýada on iki ýyllap dowam etdi.

**Fransiýanyň rewolýusion goşuny.** Ýakobinçileriň hökümeti goşuna halk köpçüligini çekip, öňki korol goşuny



**Lion şäheri**

bilen birikdirdiler. Birentek täze, ýaş we zehinli serkerdeler, generallar halkyň içinde ýetişdi. Atbakaryň ogly Goş 24 ýaşynda general derejesini aldy. Tulon şäherini iňlislerden azat etmekde ýaş serkerde Napoleon Bonapart uly gahrymançylyk görkezdi. Ýurtda däri öndürmek, ýarag ussahanalaryny we zawodlary gurmak işi ýaýbaňlandyryldy.

1794-nji ýylyň iýunynda Fransiýanyň goşunlary Belgiýada Awstriýa goşunlarynyň esasy güýçlerini derbi-dagyn etdi. Şeýlelikde, 1794-nji ýylyň başynda ýurtdaky pitneler basylyp ýatyryldy we basybalyjylaryň goşunlary fransuz topragyndan kowlup çykaryldy.

**Ýakobinçileriň syýasatynda närazyçylygyň güýçlenmegi.** Fransiýanyň üstüne daşary ýurt basybalyjylarynyň howpy abanýan we içerki topalaňlaryň gidýän döwründe ýakobinçiler agzybirdi. Emma bu howplar aradan aýrylandan soň, ýakobinçileriň arasynda oňşuksyzlyklar başlandy. Ýakobinçiler öz syýasatlaryndan nägile bolýanlary, hatda öz tarapdarlaryny hem yzarlaýardylar. Şol mahallar Pariž kommunasynyň Geňeşinde «barypýatan» ýakobinçiler diýil-

# ÝEWROPA ÝURTLARY REWOLÝUSION WE NAPOLEON URUŞLARY DÖWRÜNDE (1794-1799)



ýänler – Şomett bilen Eber çykyş edýärdiler. Olar hökümete garşy gidenleriň emläkleriniň garamaýaklaryň arasynda paýlanylmagyny, galla barada täze syýasatyň geçirilmegini, alyp-satarlara garşy göreşiň güýçlendirilmegini talap edýärdiler, soňra bolsa halky Konwentiň garşysyna gozgalaň etmäge çagyryp başladylar. Jemgyýeti halas ediş komiteti Eber bilen Şometti tussag etmeli diýip buýruk berdi. Olar jezalandyryldy.

Wagt geçdigiçe halkyň içinde ýakobinçiler hökümetiniň tarapdarlarynyň sany azalýardy. Şonuň üçin hem jeza beriji edaralar güýçlendirildi. Häkimiýet doly suratda Robespýeriň elinde jemlendi. 1794-nji ýylyň aprel aýynda Konwentde Robespýeriň hökümetine garşy Dantonyň baştutanlygynda «aramlar» diýilýän topar çykyş etdi. «Aramlar» baýlara garşy zulumyň bes edilmegini, kesgitli nyrhlaryň ýatyrylmagyny, 1793-nji ýylyň Konstitusiýasynyň dikeldilmegini, Angliýa bilen ýaraşyk baglaşylmagyny talap edýärdiler. Robespýer Dantony hem-de onuň tarapdarlaryny tussag etdi we olar jezalandyrylyp öldürildi.

**9-njy termidordaky (1794-nji ýylyň 27-nji iýuly) agdarylyşyk we häkimiýetiň «täze baýlaryň eline geçmegi».** Dildüwşüjiler Robespýeriň we onuň tarapdarlarynyň garşysyna rewolýusiýa ýyllarynda gurplanan «täze baýlary» aýaga galdyrdy. Rewolýusiýa döwründe goraga mätäç bolandyklary üçin olar Robespýere we onuň tarapdarlaryna bolan gatnaşyklaryny gizlemäge mejbur bolupdylar.



**Robespýeriň jezalandyrylyşy**

Robespýer dildüwşügiň howp salýandygyny bilýärdi we Jemgyýeti halas ediş komitetiniň düzümini täzelemegi talap edip çykyş etdi. Şol mahal dildüwşüjiler herekete

girişmeli diýen karara geldiler. Olar 1794-nji ýylyň 27-nji iýulynda Konwentiň maslahatynda gykylyk turzup, Robespýere söz sözlemäge maý bermediler, soňra bolsa Robespýer bilen onuň tarapdarlaryny tussag etmeli we olary kanundan daşary diýip yglan etmeli diýen karary geçirdiler. Pariž kommunasynyň Geňeşi Robespýeri goldamak üçin halky çagyrdy, emma ýakobinçileriň syýasatyndan lapykeç bolan ilat bu çagyryşa seslenmedi. Ertesi gün 22 adam, şol sanda Robespýer hem kazyýet tarapyndan höküm edilmän öldürildi. Ýakobinçileriň häkimiýeti ýykyldy. Häkimiýet «täze baýlaryň» wekilleriniň eline geçdi. Bu waka Beýik fransuz rewolýusiýasynyň taryhynda «Termidor agdarylyşygy» adyny aldy.

**Soraglar we ýumuş**

1. Näme üçin ýakobinçileriň diktaturasy rewolýusion-demokratik häkimiýet hökmünde häsiýetlendirilýär?
2. «Täze baýlar» diýip fransuz jemgyýetiniň haýsy gatlagyny hasap edýärsiňiz? Olary nähili atlandyrýardylar?
3. XVII asyryň iňlis we XVIII asyryň fransuz rewolýusiýalarynyň arasynda nähili umumylyk we aýratynlyklar bolupdyr? Bu rewolýusiýalaryň gazananlary hakynda aýdyp beriň.

## §17. Direktoriýa we onuň uruşlary

**18-nji brýumer (1799-njy ýylyň 9-njy noýabry) döwlet agdarylyşygy.** Beýik fransuz rewolýusiýasynyň haçan tamamlanandygy barada iki hili nukdaýnazar bar. Bir topary 9-njy termidory (1794-nji ýylyň 27-nji iýuly), beýlekileri bolsa termidorçylyk agdarylyşygyndan soň general Napoleon Bonapartyň ýolbaşçylygynda döwlet agdarylyşygynyň amala aşan gününi – respublikanyň VIII ýylynyň 18-nji brýumerini (1799-njy ýylyň 9-njy noýabry) görkezýärler.

9-njy termidor agdarylyşygyndan soň ýakobinçileriň ýüzlerçesi baý gatlagyň toparlary tarapyndan jezalandyryldy.

Ýakobinçileriň guramasy we halk jemgyýetleri ýapyldy, Pariž kommunasy bilen bir hatarda beýleki şäherlerdäki rewolýusion dolandyryş edaralary bolsa dargadyldy. Ölmän galan žirondaçylaryň wekilleri Konwentiň maslahatyna dolanyp geldiler.

Bahalaryň kesgitlenmegi ýatyryldy, erkin söwda ýol berildi, bu bolsa şol bada görlüp-eşidilmedik gymmatçylyga getirdi. Obalarda ýerleri böleklere bölüp, ýokary bahadan satmak işi dikeldildi. Termidor hökümeti Konwenti 1793-nji ýylyň Konstitusiýasyny ýatyrmagy we garyplary saýlaw hukugyndan mahrum etmegi karar etdi. Azyk ýetmezçiligi ýagdaýy ýene-de ýitileşdirdi. Halkyň termidorçylaryň hökümetine garşy hereketiniň täze tolkuny turdy. 1795-nji ýylyň ýazynda Parižde närazylyk hereketleri başlady.

Ummasyz märeke tüpeňdir naýzalar bilen ýaraglanyp, Konwentiň maslahatlar jaýynyň daşyny gabady we baýlaryň elinden azyk önümleriniň alynmagyny, hökümetiň çalşyrylmagyny hem-de 1793-nji ýylyň Konstitusiýasynyň dikeldilmegini talap etdi. Emma gozgalaňçylar guramaçylyksyz hem-de haýal hereket etdiler. Hökümet goşun çekip getirmäge ýetişdi. Esgerler gozgalaňçylary dargatdylar. Olaryň baştutanlary jezalandyryldy ýa-da sürgün edildi.

1795-nji ýylyň awgustynda Termidor hökümetini goldaýan Konwent täze Konstitusiýany kabul etdi. Bu Konstitusiýa özüniň häsiýeti boýunça buržuaziýanyň kanunydy. Garyplara saýlaw hukuklary berilmedi. Iki ýygnakdan durýan Kanun çykaryjy edara döredildi, ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa Kanun çykaryjy edara tarapyndan saýlanýan, bäş agzadan ybarat Direktoriýa berildi.

Kabul edilen Konstitusiýa Fransiýada patyşalyk (monarhiýa) düzgüniniň tarapdarlaryny gazaplandyrdy, olar Konwenti dargatmaga synanyşyk etdiler, emma olaryň hereketi şowsuz tamamlandy. Konwentiň halasgäri hökmünde Napoleon Bonapart orta çykdy we topalaňçylary derbi-da-

gyn etdi. Konwent onuň hyzmatlaryny göz öňünde tutup, Bonaparta general derejesini berdi we ony «Fransiýanyň içerki harby güýçleriniň serkerdesi» wezipesine belledi.

Direktoriýanyň goşuna we onuň generallaryna garaşlylygy kem-kemden artdy. Harby şowsuzlyklar Direktoriýanyň hökümetine bolan ilatyň baý gatlaklarynyň arasynda ynamy gaçyrýar. Gazetlerde, metbugatda berk häkimiýeti berkarar etmek barada pikirler aýdylýardy. Iri baýlaryň, emeldarlaryň, bank eýeleriniň arasynda hökümete garşy dildüwşük döredi.

1799-njy ýylyň awgustynda Bonapart Parižе dolanyp gelýär. Hökümete garşy çykýanlar onuň Parižde ýerleşýän goşunlarynyň baş serkerdesi edip bellenmegini gazandylar. Döwlet agdarylyşygyna gatnaşmak teklibine Napoleon razylyk berdi. 1799-njy ýylyň 9-njy noýabrynda (respublikanyň VIII ýylynyň 18-nji brýumerinde) Bonapart Direktoriýanyň agzalaryny iş başyndan aýyrmagy başardy. Ertesi gün ol özüne wepaly goşunlary bilen Kanun çykaryjy edaranyň jaýynyň daşyny gabady. Halk wekillerine häkimiýeti Bonapartyň baştutanlygyndaky üç konsula bermek teklip edildi.

Bonapart halk wekilleriniň bir bölegini mejlisler otagyna güýç bilen gaýtaryp getirmegi esgerlere buýurdy we öz talap edýän kanunlaryny kabul etmäge halk wekillerini mejbur etdi. Gan dökülmän, döwlet agdarylyşygy geçirildi.

**Bonapartyň harby diktaturasy.** Bir ýyldan soň birinji konsul bolmak bilen, Bonapart ähli häkimiýeti öz eline aldy. Ýerleri dolandyrmak üçin döwlet gullukçylary – prefektleri belläp ugrady. Şäherlerde saýlaw kommunalara derek merler bellenýärdi. Içeri işler ministrligi döredildi. Bonapart katolik dini buthanasy bilen hem ylalaşyk baglaşdy.

1804-nji ýylda Senat Bonaparty «Fransiýanyň imperatory» diýip yglan etdi. Bir ýyldan soň Napoleon Italiýanyň koroly diýlip hem yglan edildi.

Napoleon I wagtynda hökümet senagatyň ösdürilmegine uly goldaw berýärdi, aýratyn-da ol ýarag we harby enjam-

lary, ýüpek we nah matalary öndürmekligi höweslendirýärdi. Eýeçilik, söwda, maşgala hakynda kanunlar ýygyndylary (kodeksleri), şonuň ýaly-da jenaýat kodeksi düzüldi.

«Napoleonyň kodeksi» adyny alan «Raýat kodeksi» şolaryň iň möhümidi. Onuň esasy wezipesi islendik möçberdäki hususy eýeçilige bolan hukugy berkitmekdi. Napoleon ýurtdan gaçyp giden köne begzadalaryň we beýleki raýatlaryň günäsini geçdi we olara Fransiýa gaýdyp gelmäge rugsat etdi. Köne begzadalaryň emläkleri yzyna gaýtarylyp berildi.

**Rewolýusiýanyň netijeleri.** 1789–1794-nji ýyllaryň Beýik fransuz rewolýusiýasy feodalizm döwri üçin häsiýetli bolan çäklendirilmedik monarhiýa gurluşyny ýok etdi. Fransiýadaky rewolýusiýa Angliýadaky rewolýusiýa bilen deňeşdirilende has uly we yzygiderli boldy.

Ýakobinçiler iri ýer eýeçilik düzgünlerine garşy iň aýgytly çäreleri geçirdiler. Içki gümrükhanalary ýatyrmak, bitewi pul, agram we ölçeg birliklerini girizmek bilen rewolýusiýa bazar gatnaşyklarynyň ösmegi üçin amatly şertleri döretdi. Beýik fransuz rewolýusiýasy azatlygyň we deňligiň ählumumy ýörelgelerini jar etdi. «Adamyň we raýatyň hukuklary hakyndaky jarnamanyň» kabul edilmegi hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň kemala gelmeginiň başyny başlady.

Beýik fransuz rewolýusiýasy adamzat siwilizasiýasynyň mundan beýläkki ösüşine ägirt uly itergi berdi we ol dünýä taryhynyň öwrülişikli pursady boldy. Onuň öňe süren täze garaýyşlary diňe bir Ýewropa üçin däl, eýsem, beýleki yklymlaryň ösüşine-de öz täsirini ýetirdi.

**Soraglar we ýumuş**

1. 18-nji brýumer döwlet agdarylyşygy haýsy häkimiýetiň soňuna çykdy?
2. Napoleon Fransiýadan başga haýsy ýurduň koroly diýlip yglan edildi?

3. Napoleon Fransiýadan gaçyp giden köne begzadalar babatynda nähili çäreler geçirdi? Köne baýlaryň emläkleriniň näme maksat bilen yzyna gaýtarylyp berlendigi hakynda gürrüň beriň.
4. Beýik fransuz rewolýusiýasynyň nähili taryhy ähmiýeti boldy?

# RUSSIÝA

## §18. Russiýa XVII asyrda

**Romanowlar nesilşalygynyň häkimiýet başyna gelmegi.** 1613-nji ýylyň ýanwarynda Russiýanyň ähli ýerleriniň wekillerinden ybarat bolan Ýerli maslahatda («Zemskiý Sobor») 16 ýaşly **Mihail Fýodorowiç Romanow** (1613 – 1645) Russiýanyň patyşasy diýlip yglan edilýär.

XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap Ýerli maslahat özüniň güýjüni ýitirýär. Russiýada patyşanyň çäklendirilmedik ygtyýarlykly dolandyryşy kemala geldi. Patyşanyň ýanynda «Boýarlar dumasy» diýlip atlandyrylýan begzadalar ýygnagy hemişelik hereket edýärdi. Boýarlar dumasy döwletiň içeri we daşary syýasatyna täsir edipdir, sebäbi oňa patyşa özüniň ýakyn garyndaşlaryny belläpdir.

Russiýanyň merkezi dolandyryş edarasy «Prikaz» (Buýruk) bolup, onuň ýolbaşçysy edilip adatça boýarlar – tanymal begzadalar bellenilipdir. XVII asyryň ahyrynda Russiýanyň döwlet edarasynda daşary ýurt, harby, maliýe, welaýat prikazlary bolupdyr. Ýerlerde patyşa tarapyndan bellenilýän woýewoda (harby dolandyryjy) dolandyrypdyr. Woýewodalar diňe harby işlere baştutanlyk etmän, eýsem, dolandyryşyň we kazyýetiň wezipelerini hem ýerine ýetiripdirler. Woýewodanyň häkimiýetinden başga-da, ýerlerde posad we oba jemagaty ýaly saýlawly guramalar hem hereket edipdir.



**Mihail Romanowyň tagta çykarylmagy**

Daýhanlarda hiç hili hukuk ýokdy. Ol öz jenabynyň ýerinde işlemelidi. Barşina hojalyklary giňden ýaýrap, olarda daýhanlar bariniň (baýyň) peýdasyna zähmet çekmelidi. Hukuksyz daýhan barine pul ýa-da azyk önümleri (obrok) salgydyny töläpdir. XVII asyrda ýer eýeçiliginiň iki görnüşi bardy: *wotçina* we *pomestýe*. Wotçina ýerleri nesilden-nesle geçipdir. Wotçinanyň eýesiniň giň hukuklary bolup, ol ýeri satyp ýa-da miras galdyryp bilipdir. Emma wotçinanyň eýesi döwlet gullugyny ýerine ýetirmäge borçludy. Käbir wotçina eýeleriniň ägirt uly ýerleri bolupdyr. Begzada Morozowyň 330 sany obasy, müňlerçe daýhan hojalyklary bardy.

Pomestýe ýerleri döwlet gullukçylaryna berilýärdi. Bu ýerler, adatça, gulluk wezipesi ýerine ýetirilýän döwründe berilýärdi. Şonuň üçin hem pomestýeleriň eýeleriniň çagalary we agtyklary ýerlerini gidermejek bolup, atalarynyň kesbini dowam etdirýärdiler. Pomestýeleriň eýeleri goşunda gulluk edip, atly goşunyň esasyny düzüpdirler.



**Boýarlar dumasy**

1649-njy ýylda pomestýeleriň eýeleriniň hukuklary artdyrylypdyr. Şol ýyldan başlap daýhanlar hukuksyz krepostnoýlara öwrülýärler. Kanun boýunça daýhanlaryň emlägi hem ýer eýesine degişli edilýär. Hukuksyz krepostnoý daýhany haryda öwrüp, ony satyp, çalşyp ýa-da sowgat berip bolýardy.

**Manufakturalaryň peýda bolmagy.** XVII asyrda Russiýanyň ykdysadyýetinde hem manufaktura önümçiligi kemala gelýär. XVII asyryň ahyrynda ilkinji metallurgiýa zawodyny tulaly demir ussasy Nikita Demidow gurýar. Nižniý Nowgorodda deri eýleýän kärhanalar ösýärdi. Uralda duz öndürýän iri kärhanalar peýda bolýardy. Bu kärhanalar telekeçilere we buthanalara degişlidi. Köp kärhanalar Strogonowlaryň maşgalasyna degişli bolupdyr. Olaryň ellerinde 200 sany kärhana jemlenipdir. Wolgada, Kamada, Donda derýa gämileri gurlupdyr. Gämi gurluşygynda işçi güýji köp ulanylýardy. Olaryň mümkinçilikleri deňiz

gämileriniňkiden pes däldi. Ondan başga-da Moskwada çaphana, zikgehana bar eken. Aýna, dokma manufakturalary döräpdir.

Russiýanyň üstünden derýa we guryýer söwda ýollary geçýärdi. Şunuň netijesinde söwdagärler uly girdeji alýardylar. Şeýdip olaryň ilkinji maýalary (kapitaly) peýda boldy. Söwda merkezleriniň iň ösen ýeri Moskwa şäheri eken. Moskwanyň bazaryna Sibirden – sütükli geýimler, Wolga boýundan – balyk, Orýoldan bolsa çörek önümleri getirilýärdi. Paýtagtyň merkezindäki ýüzlerçe dükanlarda şüweleňli söwda bolýardy. Söwdanyň ösmegi Nižniý Nowgorod şäherinde, Uralda we Sibirde bazarlaryň döremegine getiripdir. Şeýdip, Russiýada umumy döwlet bazary peýda boldy.

**Daýhanlar urşy.** Daýhanlaryň hukuksyzlygy olary ýer eýelerinden gaçmaga mejbur edýärdi. Gaçgak daýhanlar Russiýanyň günortasyndaky az ilatly serhet welaýatlaryna gelýärdiler. Bu ýerlerde, esasan, kazaklaryň ýaşaýandyklary üçin olaryň arasynda krepostnoýçylyk düzgüni ýokdy.

1668-nji ýylda Don kazaklary özlerine serkerde – ataman edip batyr kazak **Stepan Razini** saýladylar. Kazaklar Hazar deňzine ýöriş etmegi ýüreklerine düwýärler. Raziniň goşuny Hazar deňzine girip, Eýranyň serhetlerine aralaşýar. Kazaklar Eýranyň kenarýakada ýerleşýän birnäçe şäherlerini basyp alýarlar we şanyň goşunyny derbi-dagyn edip, baý oljalar bilen Dona dolanyp gelýärler.


**Stepan Razin**

Raziniň goşuny günsaýyn köpelýärdi. Ony Russiýanyň günorta-gündogaryndaky welaýatlaryň garyp daýhanlary hem goldaýardylar. 1670-nji ýylyň ýazynda Raziniň goşunlary Sarisyn, Astrahan, Saratow, Samara şäherlerini eýeleýär.

Gozgalaňçylar begzadalaryň mülklerini derbi-dagyn edýärdiler, döwlet adamlaryndan öç alýardylar. Patyşa hökümeti Raziniň daýhanlar gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin çäreleri işläp düzmäge mejbur boldy. Gozgalaňçylaryň garşysyna gowy ýaraglandyrylan jeza beriji goşun ugradyldy. Patyşa goşunlaryna Simbirsk şäheriniň eteginde gozgalaňçylary ýeňmek başardýar. Razin ýaralanyp, Dona gaçýar. Emma ony patyşa häkimiýetiniň eline berýärler. 1671-nji ýylyň iýunynda Stepan Razin Moskwada jezalandyrylyp öldürilýär.

**Sibiriň özleşdirilmegi.** XVII asyrda Sibiriň ägirt uly ýerleri Russiýa birikdirilipdir. Bu ýerleriň Russiýanyň düzümine goşulmagynda rus barlagçylarynyň hyzmaty uly bolupdyr. 1638-nji ýylda W.D. Poýarkow Amur derýasynyň boýlaryny içgin öwrenipdir. S.I. Dežnýow bolsa XVII asyryň 40–60-njy ýyllarynda çet demirgazykdaky ýerleri eýeläpdir.


Sibirli daýhanyň maşgalasy

Uzak Gündogaryň ýerlerini eýelemekde beýleki bir rus barlagçysy Ý. P. Habarow köp işleri bitiripdir. Ol Amur derýasynyň boýlaryndaky köp ýerleri açypdyr. Soňra 1858-nji ýylda Amur derýasynyň boýundaky harby gala Ý.P. Habarowyň ady dakylýar. Häzirki Habarowsk şäheri onuň adyny göterýär.

Ruslaryň täze açan ýerlerinde köpsanly ululy-kiçili milletler ýaşaýardy. Olar awçylyk, balykçylyk, maldarçylyk bilen meşgullanýardylar. Sibiriň halklarynyň köp ilatlysy tatarlar, ýakutlar we burýatlar bolupdyr, olar maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Kamçatka, Ýuwaş ummanyň kenarlarynda ýaşaýan ilat göçüp-gonup awçylyk bilen meşgullanypdyr. Ekerançylyk hojalygy bu ýerlerde onçakly

6. Sargyt № 1718

ösmändir. Sibiriň Russiýa birikdirilmegi bilen bu ýerlerde şäherler peýda bolup başlapdyr: 1604-nji ýylda Tomsk, 1628-nji ýylda Krasnoýarsk, 1632-nji ýylda bolsa Ýakutsk şäherleri esaslandyrylýar.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Ýerli maslahatyň («Zemskiý Sobor») emele gelmegi we onuň wezipeleri barada siz nämeleri bilýärsiňiz?
2. Romanowlaryň nesli häkimiýet başyna haçan geldi? Romanowlar nesliniň birinji patyşasy kim bolupdyr?
3. Boýarlar dumasynyň we woýewodalaryň wezipesi hakynda gürrüň beriň.
4. Russiýada ýer eýeçiliginiň nähili görnüşleri bolupdyr? Pomestýe bilen wotçinanyň arasyndaky tapawudy düşündiriň.
5. «Ähli rus bazary» diýlende siz nämä düşünýärsiňiz?

## 19. Russiýa XVIII asyryň birinji ýarymynda

**Pýotr I we onuň özgertmeleri.** 1676-njy ýylda patyşa Alekseý Mihaýlowiç aradan çykýar, onuň 14 ýaşly ogly Feodor patyşa diýlip yglan edildi. Ýöne ol çagalykdan keselli eken. Alty ýyldan soň Feodor Alekseýewiç aradan çykýar. Häkimiýet başyna 10 ýaşly Pýotr we onuň 16 ýaşly dogany Iwan geçýär. Emma 1682-nji ýylda patyşa goşunlarynyň ýardam etmeginde Alekseý Mihaýlowiçiň uly gyzy Sofýa jigileri bilen Pýotr ulalýança özüniň regent (atabeg) diýlip yglan edilmegini gazanýar.

1689-njy ýylda Sofýa we onuň tarapdarlary häkimiýeti basyp aljak bolýarlar. Emma tarapdarlary Pýotra howpuň abanýandygy barada wagtynda habar berýärler. Pýotryň tarapdarlary Sofýany we ony goldaýanlary derrew boýun egdiripdirler. Iwany döwlet işleri gyzyklandyrmandyr. Ol 1696-njy ýylda aradan çykýar. Rus tagtynda başarjaň ýigit Pýotryň bir özi galypdyr.



**Pýotr I**

**Pýotr I** (1696–1725) dolandyran ýyllarynda Russiýanyň durmuşynda uly üýtgeşmeler bolup geçdi. Döwlet dolandyryşynda prikazlaryň (buýruk) ýerine kollegiýalar döredilýär. Olar döwletiň aýratyn meseleleri boýunça ýöriteleşýärdiler: harby, daşary işler, kamer (salgytlar, maliýe) kollegiýalary we başgalar döredildi. Boýarlar dumasy ýatyryldy we onuň ornuna ýokary kanun çykaryjy, buýruk beriji we kazyýet guramasy bolan Senat döredilýär. Ýerli dolandyryşda-da uly özgertmeler amala aşyryldy. Ýurt sekiz sany guberniýa bölünip, olaryň başynda patyşa tarapyndan bellenilýän häkimler durupdyr. Pýotr I döwründe Russiýada çäklendirilmedik monarhiýa – patyşalyk düzgüni gutarnykly kemala gelýär.

**Manufakturalaryň we daşarky söwdanyň ösmegi.** Pýotr I döwründe Russiýada manufaktura önümçiligi güýçli depginde ösdi. Metallurgiýa, dokmaçylyk, gämi gurluşyk, ýarag öndürýän pudaklara uly üns berilýärdi. XVIII asyryň birinji çärýeginde Russiýada manufakturalaryň sany 200-e ýetipdir.

Döwlet söwdanyň ösmegine hem ýakyndan howandarlyk edýärdi. Ýurduň senagatyny we söwdasyny goramak üçin patyşa häkimiýeti daşary ýurt harytlarynyň Russiýa getirilmegini çäklendirýärdi. Galyberse-de daşary ýurtly söwdagärler örän ýokary gümrük paçlary tölemäge borçly edilýärdi. Ýerli harytlary daşary ýurt bazarlaryna çykarmaklyk hem döwlet derejesindäki möhüm meseleleriň birine öwrülýär.

**Pýotr I-niň daşary syýasaty.** Pýotr I döwründe Russiýa işjeň daşary syýasaty ýöredýärdi. 1695-nji ýylda Pýotr türk galasy bolan Azowa ýöriş geçirýär. Emma rus goşunlary ýeňlip yzyna dolandy. Bu ýeňliş Pýotry ruhdan

düşürmändir. Onuň 1698-nji ýylda Azowa geçiren täze ýörişi oňa üstünlik getirýär. Osman imperiýasy bilen baglaşylan ylalaşyk boýunça Azow deňziniň kenary we onuň kenarynda ýerleşýän Azow galasy Russiýa geçýär. Ýöne bu ýeňiş Pýotryň Gara deňzine çykmaga bolan arzuwyny amala aşyryp bilmedi. Sebäbi Gara deňziň kenaryndaky köp ýerler Türkiýäniň elinde galdy.

1697 – 1698-nji ýyllarda Pýotryň başlangyjy bilen Russiýada Beýik ilçihana döredilýär. Beýik ilçihana Pýotr I-niň ýolbaşçylygynda Günbatar Ýewropa ýurtlaryna sapar bilen gidipdir. Pýotr Ýewropa döwletleriniň gämi gurluşygynda, harby sungatda we tehnikada gazananlary bilen hem tanyşmak isleýärdi. Ol özi bilen ýüze golaý ýaş begzada ogullaryny hem alyp gelipdi.

Saparyň dowamynda rus patyşasy Angliýa baryp, korol Wilgelm Oranskiý bilen duşuşýar. Iki döwletiň arasynda dostlukly gatnaşyklar ýola goýlupdyr. Pýotr I german döwletleriniň biri bolan Saksoniýanyň hökümdary Awgust II bilen hem duşuşýar. Şonda iki hökümdar Şwesiýa garşy gizlin şertnama gol çekişýärler. Soňra bu şertnama Daniýa hem goşulýar. Şeýdip, Demirgazyk bileleşigi emele gelýär. 1700-nji ýylda Russiýa Türkiýe bilen parahatçylyk şertnamasyny baglaşmak we Şwesiýa garşy taýýarlanýan uruşda onuň bitaraplygyny gazanmak başardýar. Tiz wagtdan Pýotr I-niň ilçihanasy Russiýa dolanmaly bolýar. Sebäbi streles (atyjylar) harby bölümleri hökümete garşy çykyş edýärler. Olaryň çykyşyny Pýotr rehimsizlik bilen basyp ýatyrýar.

Pýotr I Russiýanyň harby kuwwatyny ösdürmäge uly üns berýärdi. 1703-nji ýylyň maýynda Newa derýasynyň adalarynda Sankt-Peterburg şäheriniň düýbi tutulypdyr. Patyşanyň pikirine görä, geljekde bu port-şäheri bolmalydy. Ýüze çykan kynçylyklara garamazdan, şäher gurluşygy maksatnama boýunça alnyp barylýardy. 1712–1713-nji ýyllarda Sankt-Peterburg Russiýanyň paýtagtyna öwrüldi.

**Täze ýerleriň açylmagy we eýelenmegi.** XVIII asyrda ruslar Sibiriň ümmülmez giňişliklerini eýeleýärdiler, has uzaklara aralaşyp Çukotkada, Kamçatkada we Kuril adalarynda ornaşýardylar. W. Bering bilen A. I. Çirikowyň 1728 – 1729-njy ýyllardaky we 1741-nji ýyldaky syýahatlary Sibiriň çet demirgazyk-gündogar böleklerinde barlag işlerini geçirmäge mümkinçilik berdi. Olar 1741-nji ýylda Aziýa bilen Amerikanyň arasyndaky bogazy gaýtadan açdylar we soňra ol Bering bogazy diýlip atlandyryldy. Bu barlagçylar ýewropalylaryň arasynda ilkinji bolup Aleut adalaryny barladylar we Alýaskanyň kenarlaryna ýetdiler.

**Bulawiniň ýolbaşçylygyndaky gozgalaň.** Adamlaryň goşuna alynmagy, müňlerçe ilatyň Peterburg şäheriniň gurluşygyna çekilmegi, salgytlaryň yzygider köpelmegi, ýurtda halk närazylygyny döredýärdi.

1705 – 1706-njy ýyllarda merkezi häkimiýete garşy daýhanlaryň yzygiderli çykyşlary bolup geçipdir. Gozgalaňçylar döwlet gullukçylaryny, harby häkimleri (woýewodalary) ýok edýärler. Erkin durmuşyň gözleginde daýhanlar, köplenç, Dona gaçýardylar. 1707-nji ýylyň güýzünde Don şäheriniň harby häkimi Ý. W. Dolgorukow gaçgak daýhanlary zalymlyk bilen jezalandyrdy. Bu zalymlyk Donuň ilatynyň aýaga galmagyna sebäp boldy. Gozgalaňçylaryň ýolbaşçylygyna **Kondratiý Bulawin** saýlanýar. Kazaklardan düzülen goşun bölümleriniň ýolbaşçylary bilen bileleşip, Bulawin Dolgorukowyň goşunyny derbi-dagyn edýär. Donuň merkezi Çerkassk şäherini eýeläp, kazaklar Bulawini Donuň atamany diýip yglan edýärler.


**Kondratiý Bulawin**

1708-nji ýylyň iýunynda Bulawiniň goşuny Sarisyn şäherini eýeleýär. Soňra olar Saratow şäheriniň etegine süýşüp gelýärler. Şol bir

wagtyň özünde Bulawin Azow galasyna hem ýöriş gurapdyr. Ýöne ol galany alyp bilmedi we uly ýitgileri çekip yza süýşmeli boldy. Şondan soň patyşa goşunlary gozgalaňçylara garşy hüjüme başlady. Söweşleriň birinde garşydaş tarapyň atan oky degip, Bulawin wepat bolýar. Kondratiý Bulawiniň baştutanlygyndaky gozgalaňy hökümet goşunlary kynlyk bilen basyp ýatyrypdyr.

**Soraglar we ýumuş**

1. Näme üçin Pýotr I Russiýa daşary ýurt harytlaryň getirilmegini çäklendiripdir? XVII asyrda Russiýa bilen söwda eden ýurtlary sanap beriň.
2. Pýotr I ýurduň içeri syýasatynda nähili özgertmeleri geçirdi?
3. Peterburg şäheri haçan Russiýanyň paýtagtyna öwrüldi?
4. Demirgazyk bileleşiginiň döredilmeginiň sebäbi näme?

## §20. Demirgazyk urşy we onuň netijeleri

**Demirgazyk urşy.** XVIII asyryň başynda Ispaniýanyň korolynyň aradan çykandygy sebäpli, Ýewropada ispan tagtynyň mirasy ugrunda uruşlar başlandy. Bu uruşlar 1701–1714-nji ýyllar aralygynda bolup geçdi. Ispan tagty ugrundaky uruş bilen bir hatarda, 1700–1721-nji ýyllar aralygynda Demirgazyk urşy hem dowam edipdir. Demirgazyk urşunda Russiýanyň Şwesiýa garşy tarapdarlary bolup Daniýa bilen Saksoniýa çykyş edýärdiler. Urşuň başynda ýagdaý rus goşunlarynyň peýdasyna bolmandyr. Şwesiýanyň ýaş hem gujurly koroly Karl XII Daniýanyň paýtagty Kopengagene ýakynlaşýar. Bu bolsa Daniýanyň uruşdan çykmagyna sebäp bolýar. Şwed goşunlary Saksoniýanyň we Russiýanyň



**Graf Şeremetýew**

goşunlaryny Riganyň hem-de Narwanyň eteginde bolan söweşlerde derbi-dagyn edipdir.

Narwanyň etegindäki söweş rus goşunynyň kemçiliklerini görkezdi. Pýotr I bu söweşden sapak edinip, goşunda özgerişleri geçirmäge başlaýar. Ilki bilen hemişelik harby goşun düzülipdir. Ýaş esgerler üçin harby tälim beriji mekdepler açylyp, ol ýerde harby ylymlar we söweş tilsimleri öwredilipdir. 1701 – 1704-nji ýyllarda rus goşuny graf **Şeremetýewiň** serkerdeliginde Baltikanyň kenarlarynda ilkinji ýeňişleri gazandy. Pýotr I-niň ýolbaşçylygynda Newa derýasynyň akymynda şwed deňiz goşuny hem ýeňlişe sezewar edilýär.

1705-nji ýylda şwed koroly Karl XII Reç Pospolitaýany (Polşa) eýeläp, onuň tagtyna öz dikmesini belleýär. Şwed koroly Saksoniýanyň hökümdary Awgusty hem Russiýadan gizlinlikde parahatçylykly şertnama gol çekmäge mejbur edýär. Şu ýagdaýda Şwesiýanyň garşysyna Russiýanyň ýeke özi galýar.


**Graf Menşikow**

1706-njy ýylda Karl XII rus serhedinden geçip, Ukrainanyň çäklerine aralaşdy. Ukrainanyň getmany Iwan Mazepa şwedleriň tarapyna geçdi. 1709-njy ýylyň 27-nji iýunynda Ukrainanyň Poltawa şäheriniň eteginde gije şwed goşuny hüjüme geçipdir. Rus goşunlaryna serkerdeler **B. Şeremetýew, A. Menşikow** baştutanlyk edýärdiler. Söweşde şwed koroly Karl XII ýaralandy. Aljyraňňylyga düşen şwed goşuny ýeňlipdir, esgerler bolsa söweş meýdanyndan gaçypdyrlar. Poltawanyň etegindäki söweş Demirgazyk urşunyň ykbalyny kesgitledi.

Pýotr I Russiýanyň harby-deňiz goşunyny güýçlendirmek üçin tagalla baryny edipdir. Sankt-Peterburg şäherinde gämi gurluşyk kärhanalary açylypdyr.Yzly-yzyna gurlup suwa goýberilýän söweş gämileri Russiýanyň deňiz goşunyny kuwwatlandyrýardy. 1714-nji ýylda şwed deňiz goşuny Reweliň

(häzirki Riga şäheri) golaýyndaky Gangut burnunda rus gämileri bilen bolan söweşde agyr ýeňlişe sezewar boldy. Bu ýeňşiň Russiýanyň Baltika deňzine çykmagynda uly ähmiýeti boldy.

Russiýanyň kuwwatly deňiz döwletine öwrülmegi Günbatar Ýewropa ýurtlaryny howatyrlandyrypdyr. Angliýa Şwesiýanyň tarapynda açyk çykyş edip, öz gämilerini Baltika deňzine girizdi. Russiýanyň deňiz goşunlaryna M. Golisyn baştutanlyk edýärdi. 1720-nji ýylyň iýulynda Grengam adasynda şwedler ýeňlip, yza çekildiler. Bu ýeňişden soň ruslaryň deňiz goşunlary Şwesiýanyň kenarlaryna aralaşyp başladylar. 1721-nji ýylyň awgustynda Finlýandiýanyň Niştadt şäherinde Russiýa bilen Şwesiýanyň arasynda ýaraşyk şertnamasy baglaşyldy.

Russiýanyň Demirgazyk urşunda üstün çykmagy onuň halkara abraýyny artdyrýar. Russiýanyň Senaty tarapyndan Pýotr I imperator diýlip yglan edildi. 1721-nji ýylda Pýotr I Beýik ady hem dakylypdyr.

**Pýotr I Gündogar syýasaty.** Demirgazyk urşunda üstün çykmagy Russiýany Gündogar taraplarda işjeň hereket etmäge gylawlandyrypdyr. Russiýany aýratyn hem Kawkaz sebiti gyzyklandyrýardy. Bu ýerlerde bolsa köp asyrlardan bäri Eýran we Türkiýe agalyk edýärdi. Öz günorta serhetlerinde ýerleşýän bu döwletlerden Russiýa çekinýärdi. Şonuň üçin bu ýerleriň halklaryny Eýrana we Türkiýä garşy küşgürip, Kawkazda Russiýanyň özi ornaşmak isleýärdi.

XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda owganlaryň basyp alandygy zerarly Eýran döwleti gowşady. Şeýle ýagdaýda Kawkazyň esasy eýesi Türkiýe bolup galýardy. Eýranyň güýçden gaçmagyndan peýdalanyp, Russiýa Dagystany we Azerbaýjany bir özi basyp almagy niýet edýärdi. Munuň üçin ol asyrlaryň dowamynda Eýranyň we Türkiýäniň düzüminde ýaşap gelýän ermenileriň we gürjüleriň arkasyny tutan bolýardy.

1722–1723-nji ýyllarda Pýotr I Hazar deňziniň günbatar kenarýakasyna ýöriş gurnaýar. Rus goşunlary Derbendi,

Bakuwy we ş.m şäherleri eýeleýärler. Şeýlelik bilen, Azerbaýjanyň, Dagystanyň kenarýaka welaýatlary Russiýanyň düzümine girizilýär.

**Medeniýet.** Russiýa döwletini imperiýa öwren Pýotr I bir ýola: «Döwleti, Watany ösdürjek we gorajak bolsaň, onuň şöhratyny öňi bilen ylymda we sungatda gözlemeli» diýip aýdypdyr. Pýotruň döwründe Russiýanyň 40-a golaý şäherinde bilim berýän we hünär öwredýän mekdepler açyldy. 1701-nji ýylda Moskwa şäherinde matematika, çyzuw, astronomiýa ylymlaryny öwredýän mekdep, 1715-nji ýylda Peterburg şäherinde Deňiz akademiýasy açylýar.

1714-nji ýylda Peterburg şäherinde ilkinji jemagat kitaphanasy açylýar. Şäherleriň sowatly baý adamlary hem öz öýlerinde hususy kitaphana otaglaryny döredýärdiler. 1703-nji ýylyň başynda ilkinji rus «Wedomosti» gazeti çapdan çykýar.

XVIII asyryň birinji çärýeginde bolup geçýän özgertmeler rus jemgyýetiniň adaty durmuşyna-da öz täsirini ýetirýärdi. Russiýada täze aý-gün senenamasy girizildi. Şol boýunça täze ýyl indi her ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap hasap edilip ugrady. Rus begzadalaryna çagalykdan özüňi alyp barmagyň kadalary, medeniýetli sözlemegiň, daşary ýurt dilinde geplemegiň, dilewarlygyň, sowatlylygyň endikleri öwredilýärdi. Şäherli rus begzadalaryň öýlerinde ýewropa dessury bolan köpçülikleýin ýygnanyşyklary – assambleýalary geçirmeklik girizilýärdi. Olarda aýallaryň bolmaklygy hökmanylyk hasap edilýärdi.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Demirgazyk urşuna haýsy döwletler gatnaşdylar? Demirgazyk urşunyň netijeleri barada gürrüň beriň.
2. Poltawa söweşiniň Russiýa üçin nähili ähmiýeti boldy? Poltawa şäheri häzir haýsy döwletiň ýerinde ýerleşýär?
3. Näme üçin Russiýa Gündogar syýasatyny işjeňleşdiripdir? Pýotr I Gündogar syýasatynyň düýp mazmunyny düşündiriň.
4. Pýotr I-niň özegrtmeleriniň Russiýa üçin nähili ähmiýeti boldy?

## §21. Russiýa imperiýasy XVIII asyryň ikinji ýarymynda



Ýekaterina I



Pýotr II



Anna Ioannowna

**Häkimiýet ugrundaky göreşler.** 1725-nji ýylda Pýotr I aradan çykan soň, rus tagtyna onuň aýaly **Ýekaterina I** (1725–1727) geçdi. Emma patyşa aýal döwlet işlerine ukypsyzdy. Döwletde esasy güýç begzadalardan durýan harby bölümleriň elindedi. Şonuň üçin hem patyşa tagtyna tamakinçilik edýänler olaryň ynamyna girmeli bolupdyrlar.

Aradan çykmazyndan öň Ýekaterina tagty 12 ýaşly ogly Pýotr II wesýet edipdir. Pýotr II döwlet işlerine üns bermändir. Ol wagtyny şady-horramlykda we itler bilen kowalaşyp geçirýär eken.

1730-njy ýylda **Pýotr II** keselläp aradan çykýar. Ýokary gizlin maslahatda Pýotr I-niň dogany Iwanyň gyzy Anna Ioannownany tagta (1730-1740) çagyrýarlar. **Anna Ioannowna** ýurdy edara edende ýokary wezipelere asly Baltika deňziniň kenarýaka welaýatlaryndan bolan adamlary, esasan hem nemesleri çekipdir. Anna Ioannownanyň döwründe döwleti hakykatda onuň ýany bilen gelen nemes asylly Ernest Biron dolandyrypdyr. Şonuň üçin hem şol döwür «Bironçylyk döwri» diýen ady alypdyr. Anna Ioannowna hem dolandyryşdan başy çykmaýan, keýpi-sapany söýýän, erksiz patyşa bolupdyr.

Russiýany Pýotr I-niň gyzy **Ýelizawetanyň** (1741 – 1761) dolandyran döwründe ýokary häkimiýet durnukly häsiýete eýe bolýar. Russiýanyň içeri syýasatynda birnäçe özgertmeler geçirilýär. Söwdany ösdürmek we söwdany goldamak üçin ýurduň içinde gümrük salgytlary ýatyrylýar. Ýelizaweta Petrowna töweregine I. I. Şuwalow, A. P. Bestužew-Rýumin, A.G. Razumowskiý ýaly ökde döwlet işgärlerini çekipdir.



**Ýelizaweta Petrowna**

Ýelizaweta aradan çykandan soň rus tagty onuň aýal doganynyň ogly Pýotr III-niň(1761 – 1762) ygtyýaryna geçipdir. Emma ol gowşak häsiýetli, paýhassyz we kemakyl patyşady.



**Ýekaterina II**

**Ýekaterina II-niň ýurdy dolandyrmagy.** 1762-nji ýylda köşk agdarylyşygy netijesinde häkimiýet başyna Pýotr III-niň aýaly Ýekaterina gelýär. **Ýekaterina II** (1762–1796) patyşalyk eden döwründe Russiýanyň çägi ep-esli giňelýär. Onuň düzümine Belorussiýa, Sag kenar Ukraina, Krym ýarym adasy, Demirgazyk Kawkazyň käbir etraplary, Kuban giripdir. Şol döwürde Russiýa köpmilletli ýurda öwrülipdir. Russiýanyň düzümine Sibiriň günorta ýerleri, Altaý, Kuril adalary we Sahalin hem birikdirilýär. Rus ilaty Aleut adalarynda we Alýaskada (Rus Amerikasy) hem ornaşýar.

Ýurduň çäkleriniň giňelmegi Russiýanyň yksadyýetinde esasy pudagy bolan oba hojalygyny ösdürmäge uly mümkinçilik berdi. Ýöne oba hojalygynyň ösüşi özgertmeleriň üsti bilen däl-de, eýsem, onuň geriminiň giňelmegi, täze ýerleriň özleşdirilmeginiň esasynda gazanyldy. Ýurtda manufaktura önümçiligi hem ykdysadyýetiň wajyp pudagyna

öwrülýärdi. XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda manufaktura kärhanalarynyň umumy sany 660-a ýetýär. Manufaktura önümçiliginiň giňelmegi, içerki gümrük salgytlarynyň ýatyrylmagyny Russiýanyň içerki we daşarky söwdasynyň pajarlap ösmegini üpjün etdi.

Ýekaterina II-niň dolandyran ýyllarynda içeri syýasatda begzadalar gatlagynyň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňelmegi hem-de berkemegi dowam edýärdi. Hukuksyz daýhanlaryň ýagdaýy bolsa ýyl-ýyldan ýaramazlaşýardy. Olary satýardylar, maşgalalaryny dargadýardylar, humarly oýunlara utdurýardylar. Ýönekeý ilatyň agyr ýagdaýy olary hojaýynlaryndan gaçmaga we ellerine ýarag almaga mejbur edýärdi. Galyberse-de, garamaýak ilatyň arasynda Pýotr III-niň ölmändigi, onuň daýhanlaryň durmuşyny düýpli üýtgetjek bolýandygy baradaky gürrüňler hem ýaýrap ugraýar. Russiýanyň dürli künjeklerinde ýalan «Pýotr Fýodorowiçler» peýda bolup ugraýar.

**Ýemelýan Pugaçýowyň hereketi.** Ýemelýan Pugaçýow (1742 – 1775) gelip çykyşy boýunça daýhan maşgalasyndandy. Akylly we şöhratparaz **Pugaçýow** 1773-nji ýylda özüni Pýotr III diýip yglan edýär we töweregine kazaklary toplap ugraýar.

Pugaçýowyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňçylar Orenburg welaýatynyň ähli galalaryny basyp alýarlar. Tiz wagtdan Pugaçýowyň hereketi Russiýanyň beýleki ýerlerine hem ýaýraýar. Pugaçýowyň gozgalaňyna ruslardan başga-da başgyrtlar, tatarlar, galmyklar, gazaklar, udmurtlar, çuwaşlar, mariler, mordwalylar gatnaşypdyrlar, şonuň üçin hem bu gozgalaň köpmilletli hereket bolupdyr. Pugaçýowyň goşunynda Balta Iderkeýew, Orazgeldi (Uruzgeldi) atly türkmen ýigitleri hem bar eken.

1774-nji ýylyň ýazynda Pugaçýowyň goşuny Orenburgyň töwereginde patyşa goşunlaryndan ýeňilýär we Urala tarap çekilmäge mejbur bolýar. Uraldan Pugaçýowyň 20 müňlük goşuny Wolga tarap ugraýar. Emma Kazan şäheriniň eteginde

bolan gazaply söweşde ol ýene-de ýeňilýär. Özüniň galan goşun bölümleri bilen Pugaçýow günorta süýşýär we şäher ilatynyň goldamagynda Saratowy, Penzany we Saranskini eýeleýär.

Donuň kazaklary Pugaçýowyň hereketini goldamandyrlar, üstesine-de, onuň egindeşleriniň arasynda-da dildüwşük döreýär. Kazaklaryň bir topary ony tutup, häkimiýetiň eline berýärler. 1775-nji ýylyň gyşynda Pugaçýowy we onuň tarapdarlaryny jezalandyrýarlar.

**Soraglar we ýumuş**

1. Russiýadaky köşk agdarylyşyklarynyň sebäpleri nämede bolupdyr?
2. Näme üçin Anna Ioannownanyň patyşalyk eden döwründe Russiýada nemes asylly adamlarynyň täsiri güýçli bolýar? Biron barada gürrüň beriň.
3. Russiýanyň çäkleriniň giňelmegi barada siz nämeleri aýdyp bilersiňiz?

## §22. Russiýanyň daşary syýasaty

**Rus-türk uruşlary we onuň netijeleri**. Pýotr I döwründe Russiýa Baltika deňzine çykmagy başarýar. Ýurduň ösüşini mundan beýläk dowam etmek üçin Russiýanyň öňünde indi Gara deňze çykalgany eýelemek döwrüň wajyp meselesi bolup durýardy. Bu meseläni diňe harby ýol bilen çözmek mümkindi. Sebäbi Türkiýe Gara deňziň kenaryny meýletin berjek däldi.

1768-nji ýylyň güýzünde Türkiýe Russiýa garşy uruş yglan etdi. Urşuň ilkinji ýyllarynda Russiýa harby üstünlik gazanyp bilmedi. Emma 1770-nji ýylda rus goşunlary hüjüme geçip, Dunaý deryasynda sany boýunça agdyklyk edýän türk goşunyny ýeňmegi başardy. Kawkazda hem rus goşunlary Gruziýanyň Kutaisi



Azow gabawy

şäherini eýeledi. Harby şowsuzlyklar Türkiýäniň hökümetini gepleşikleri başlamaga mejbur etdi. 1774-nji ýylyň iýulynda Rumyniýanyň Guýujyk-Gaýnarja obasynda baglaşylan şertnama boýunça Dnepr we Bug derýalarynyň arasyndaky ýerler, Krymdaky Ýenigala galasy (häzirki Kerç) we Kubanyň sag kenaryndaky ýerler Russiýanyň ygtyýaryna geçdi.

1783-nji ýylda ruslar Krym hanlygyny eýelediler. Şol ýyl Gruziýa hem Russiýanyň düzümine ýapja bolup girdi.

1787 – 1791-nji ýyllaryň türk-rus uruşlary hem Türkiýe üçin şowsuz tamamlandy. Sebäbi Russiýany bu uruşlarda Awstriýa hem goldaýardy. 1789-njy ýylda Awstriýanyň goşunlarynyň ýakyndan ýardam bermeginde ruslar Rymnik derýasynyň boýunda bolan söweşde türk goşunlaryndan üstün çykdylar.



A. Suworow

**Reç Pospolitaýanyň bölünişigi.** Günbatarda Reç Pospolitaýa (Polşa) bilen serhetleşýärdi. Bu döwletiň çäklerine Belarussiýanyň we Sagkenar Ukrainanyň ýerleri girýärdi. Rus-türk uruşlarynda gylawlanan Russiýa Reç Pospolitaýanyň gündogaryndaky ýerlere göz gyzdyrýardy. Reç Pospolitaýanyň ýerlerine Awstriýa bilen Prussiýa hem göz dikýärdi. Şeýle şertlerde üç döwlet – Russiýa, Awstriýa we Prussiýa 1772-nji ýylda Reç Pospolitaýany özara paýlaşmaga girişdiler. Awstriýanyň ygtyýaryna Günbatar Ukrainanyň ýerleri, Prussiýa Baltika deňziniň kenarýakalary, Russiýa bolsa Belarussiýanyň gündogar etraplary geçýär. Bu Reç Pospolitaýanyň birinji bölünişigidi.

1793-nji ýylda Reç Pospolitaýanyň ikinji bölünişigi bolup geçýär. Prussiýa polýak ýerlerinden Gdansk bilen Poznany eýeledi. Sagkenar Ukrainany we Belorussiýanyň bir bölegini Minsk şäheri bilen bilelikde Russiýa basyp aldy.

Reç Pospolitaýanyň basybalyjy ýurtlar tarapyndan bölünmegi halkda gahar-gazap döredýär. 1794-nji ýylda watançy polýak generaly Todeuş Kostýuşkonyň baştutanlygynda Warşawada gozgalaň başlaýar. Gozgalaňçylaryň birnäçe ýeňişlerinden gözi gorkan Ýekaterina II olara garşy general Suworowyň serkerdeliginde jezalandyryjy goşun ugradýar. Rus serkerdesi gozgalaňy rehimsizlik bilen basyp ýatyrýar we ýurduň paýtagty Warşawany eýeleýär.

1795-nji ýylda Awstriýa, Prussiýa we Russiýa Reç Pospolitaýany üçünji gezek paýlaşýarlar. Şu bölünişik netijesinde Reç Pospolitaýa döwleti ýaşamagyny bes edýär.

**Pawel I we Russiýa.** Ýekaterina II aradan çykandan soň rus tagtyna onuň ogly **Pawel I** (1796 – 1801) geçýär. Russiýanyň täze patyşasy nemesleriň harby tertibiniň we syýasatynyň tarapdarydy. Häkimiýet başyna geçenden soň, rus goşunynda nemes harby düzgün-nyzamy, harby geýimi girizilýär.



Pawel I

Pawel I döwründe Russiýa birnäçe uruşlara gatnaşdy. XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda Fransiýa Napoleon Bonapartyň baştutanlygynda goňşy ýurtlar babatynda basybalyjylykly syýasat ýöredýärdi. Bonapartyň goşunlary Awstriýa goşunlaryna agyr zarbalary urdular, Italiýanyň köp ýerlerini, Ortaýer deňzinde birnäçe adalary basyp aldylar we Türkiýäniň ýeri bolan Müsüre çozup girdiler. Türk soltany Russiýa kömek sorap ýüz tutýar. Awstriýa bilen Angliýa hem Russiýanyň Fransiýa garşy bileleşige goşulmagyny isleýärdi. 1798-nji ýylda Pawel I Fransiýa garşy uruş yglan etdi.

**Rus goşunlarynyň Italiýa we Şweýsariýa ýörişleri.** 1799-njy ýylyň aprelinde Italiýa gelen rus goşunlary Addy derýasynyň boýunda fransuz goşunlaryny yza çekilmäge mejbur edýär. Rus goşunlarynyň üstünlikli hereketleriniň netijesinde Italiýanyň şäherleri bolan Milan, Turin doly azat

edildi. Iki aýyň dowamynda rus goşunlary bütin Demirgazyk Italiýany fransuzlardan azat edýärler. Emma Italiýadaky Awstriýa we iňlis goşunlary rus goşunlary bilen sazlaşykly hereket edip bilmändirler, şonuň üçin hem Demirgazyk Italiýadan çykyp, rus goşunlary Şweýsariýada ýerleşýän fransuz goşunlaryna garşy urşa başlaýar. Bu ýerde 84 müň esgerden ybarat bolan fransuz goşuny durdy.

Fransiýa garşy uruşlarda onuň garşydaşlary bolan Angliýa, Awstriýa bir tarapdan we Russiýa beýleki tarapdan, özara bäsleşýärdiler. Napoleona garşy uruşlarda ýeňiş şöhratyny her döwlet özüne almaga dyrjaşýardy. Şonuň üçin hem 1799-njy ýylyň ahyrynda Pawel I Angliýanyň we Awstriýanyň syýasaty bilen ylalaşman, Fransiýa bilen parahatçylykly şertnama baglaşýar.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Reç Pospolitaýanyň ýerinde häzir haýsy döwletler ýerleşýär?
2. XVIII asyryň ahyrlarynda bolup geçen rus-türk uruşlarynda Russiýanyň ýeňiş gazanmagynyň, Türkiýäniň bolsa ýeňilmeginiň sebäplerini düşündiriň.
3. Rumyniýanyň Guýujyk gaýnarja obasynda haçan şertnama baglaşyldy? Krym haçan Russiýa berildi?
4. Rus goşunlarynyň Italiýa we Şweýsariýa ýörişlerine iberilmeginiň sebäbi näme? Russiýanyň daşary syýasaty barada gürrüň beriň.

## §23. Medeniýet

**Ylym.** Russiýada ylmyň-bilimiň, medeniýetiň we sungatyň ösmeginde Ýewropa ýurtlarynyň täsiri uly bolupdyr. Pýotruň döwründe we ondan soňky döwürlerde Russiýa köpsanly daşary ýurtly alymlar, binagärler we medeniýet işgärleri çagyrylyp getirilipdir. Olar Ýewropa medeniýetiniň Russiýada ornaşdyrylmagynda uly yz galdyrypdyrlar.

1755-nji ýylyň ýanwarynda Russiýanyň ilkinji ýokary okuw mekdebi bolan Moskwa uniwersiteti dabaraly ýagdaýda açylýar. Uniwersitetde üç sany fakultet bar eken. Olar lukmançylyk, hukuk we pelsepe fakultetleridi. Uniwersitetiň çaphanasynda dürli-dürli ylmy we okuw edebiýatlary çap edilýärdi. Bu işe aň-bilim ýaýradyjy **N. I. Nowikow** uly goşant goşupdyr.

1725-nji ýylda Russiýada Ylymlar akademiýasy hem açylýar. Başda onuň alymlarynyň aglabasy daşary ýurtlular eken, emma soň ýerli akademikler hem ösüp ýetişýärler. Ýerli halkdan ösüp ýetişen görnükli alymlaryň biri-de M. W. Lomonosow bolupdyr.



N. I. Nowikow

**M. W. Lomonosowyň** ençeme ylmy açyşlary: atomlar we olaryň hereketi baradaky açyşlary, Weneranyň atmosferasy baradaky derňewleri we başgalar dünýä ylmynda hem uly meşhurlyga eýedir.

Ylmyň ösmegi bilen ýurtda oýlap tapyjylar hem köpelýär. I. I. Polzunowyň bug maşyny, I. P. Kulibiniň aýna prožektory tehniki ylymlaryny ösdürmekde mynasyp orny eýeledi.



M. W. Lomonosow

**Rus edebiýaty.** XVIII asyrda dürli maksatly kitaplary çap etmeklik giň gerime eýe bolýar. Şol döwürler Russiýada watançylyk temasyndan ýazylan eserler köp çap edilýärdi. G. R. Deržawiniň, D. I. Fanwiziniň we M. W. Lomonosowyň eserleri uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Ýazyjylar aýratyn hem taryhy tema köp üns beripdirler.

Rus edebiýatynda we jemgyýetçilik durmuşynda **Aleksandr Nikolaýewiç Radişşewiň** (1749 – 1802) «Peterburgdan Moskwa

7. Sargyt № 1718

syýahat» atly kitaby uly ähmiýete eýe boldy. A. N. Radişşew Peterburgyň, Germaniýanyň mekdeplerinde okap, gowy bilim alypdyr. Radişşewiň eserinde rus daýhanynyň agyr zähmeti we kemsidilen ýagdaýy çuňňur aýdyňlygy bilen görkezilýärdi. Ýazyjynyň bu eseri Ýekaterina II-ni gahar-gazaba mündüripdir, patyşanyň buýrugy bilen ol tussag edilip, soňra Sibire sürgün edilýär.

**Binagärçilik, suratkeşlik we teatr sungaty.** Pýotruň özgertmelerinden soň, Russiýanyň binagärçilik sungatynda-da uly öňegidişlikler gazanylýar. XVIII asyrda daşary ýurt binagärleriniň hyzmaty bilen Russiýanyň şäherlerinde owadan binalar gurlupdyr. Moskwada we Peterburgda zehinli binagärler işläpdirler. Italýan binagäri **Warfolomeý Rastelli** (1700–1771) Newa derýasynyň kenarynda Gyş köşgüni gurýar.

Görnükli rus binagärleriniň biri-de **Wasiliý Baženowdy** (1737–1799). Ol sungat akademiýasyny gutaryp, okuwyny Italiýada, Fransiýada dowam etdirýär. Baženowyň Moskwa Kremlinde guran ymaratlary binagärçilik sungatynyň gaýtalanmajak nusgalaryna öwrülipdir. **Matweý Kazakow** (1738–1812) hem ussat binagärdi. Ol Kremlde Senatyň binasyny gurýar.

Rus suratkeşliginde, esasan hem, adam keşbini we onuň özboluşlylygyny görkezmekde **Dmitriý Lewiskiý** (1735–1822) öçmejek yz galdyrdy. Onuň çeken suratlarynda adamyň dogumlylygy, akyllylygy we ruhy dünýäsi doly aýdyňlygy bilen şöhlelendirilýär.

Zehinli suratkeş **Iwan Argunow** (1727–1802) hem rus sungatynda uly yz galdyrdy. Ol gelip çykyşy boýunça krepostnoý daýhanyň ogludy. Onuň çeken suratlarynyň arasynda daýhan gyzynyň keşbi aýratyn orny eýeleýär. Şekillendiriş sungaty Russiýanyň beýleki şäherlerinde – Ýaroslawlda, Twerde hem ösüpdir.

Russiýada teatr sungatynyň kemala gelmegi **Fýodor Wolkowyň** (1726 – 1763) ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. 1750-nji ýylda Wolkow Ýaroslawl şäherinde teatr döredýär we onuň şöhraty bütin ýurda ýaýraýar.



**Ýaroslawldaky Wolkow adyndaky teatr**

**Bilim.** Russiýada bilim ulgamy Ýekaterina II döwründe has hem kämilleşýär. 1786-njy ýylda kabul edilen düzgünnama laýyklykda Russiýanyň welaýat şäherlerinde umumy bilim berýän dörtýyllyk esasy uçilişşeleri açmaklyk göz öňünde tutulýar. Ikiýyllyk kiçi halk mekdepleri uýezd şäherlerinde esaslandyrylypdyr.

Şol döwürler aýal-gyzlary bilim ulgamy bilen gurşap almakda-da käbir işler edilipdir. Peterburgdaky Smolnyý buthanasynda Asylly gyzlaryň mekdebi açylýar. Mekdebe begzada gyzlar kabul edilipdir, ýöne käbir synplara beýleki gatlagyň gyzlary hem kabul edilýär eken.

Şol döwürler begzadalaryň çagalary üçin harby mekdepler hem açylýardy. Guryýer, Deňiz, Topçular we Inženerler harby mekdeplerinde ýüzlerçe çagalar okaýardy. Täjirleriň çagalary üçin Söwda mekdepleri işläp başlady.

Moskwada «Terbiýeçilik öýi» diýlip atlandyrylýan özboluşly çagalar öýi gurlupdyr. Oňa ýetimler we garyp maşgalalaryň çagalaryny kabul edýärdiler. Bu ýerde bilim bermek

bilen bir hatarda, çagalara el hünärini hem öwredýärdiler. Iň köp ýaýran okuw jaýlary esger mekdepleri bolupdyr. Uralyň, Altaýyň zawodlarynda hünärment mekdepleri hereket edýärdi. Peterburgda inženerleri taýýarlaýan ýokary dag-magdan uçilişşesi işleýärdi. Ohotskide we Irkutskide bolsa deňizçilik mekdepleri esaslandyryldy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Moskwa uniwersiteti haçan esaslandyryldy? Rus alymy M. W. Lomonosowyň bitiren hyzmatlary barada gürrüň beriň.
2. Siz A. N. Radişşewiň ýazan nähili eserini bilýärsiňiz?
3. Rus binagärleriniň guran binalary barada gürrüň beriň.
4. Russiýada häzirki zaman teatr sungatynyň kemala gelmegine uly goşant goşan sungat işgärlerinden kimleri bilýärsiňiz? Ilkinji rus teatrlary nirede döredi?
5. XVIII asyrda Russiýada nähili mekdepler açyldy? Olar barada gürrüň beriň.

# XVII – XVIII ASYRLARDA HALKARA GATNAŞYKLARY

## §24. Ýewropada 30 ýyllyk uruş

**Urşuň sebäpleri.** XVII – XVIII asyrlarda Ýewropa döwletleriniň arasynda gapma-garşylyklary döredýän sebäpleriň birnäçesi bardy.

XVI asyryň başlaryndan bäri Ýewropanyň halkara durmuşynda sebitiň mundan beýläkki ösüşi barada iki sany pikir – garaýyş saklanyp galýardy. *Birinji garaýşy* Mukaddes Rim imperiýasyny dolandyrýan Gabsburglar nesilşalygy öňe sürýärdi. Gabsburglar Ýewropanyň aglaba döwletleri bitewi bir imperiýanyň düzüminde bolmaly, geljekde bolsa oňa sebitiň ähli döwletleri goşulmaly diýip aýdýardylar. Bu imperiýany asly awstriýaly Gabsburglar dolandyrmalydy. *Ikinji garaýşy* Fransiýanyň hem-de Angliýanyň dolandyryjy

toparlary öňe sürýärdiler. Olaryň pikiriçe, Ýewropada diňe özbaşdak milli döwletler bolmalydy.

Täze taryha geçilýän döwürde Ýerwopada milli döwletleriň bolmalydygy hakyndaky ikinji garaýyş, umuman, agdyklyk etdi. Sebäbi Ýewropa ýurtlarynyň arasyndaky milli hem-de dini agzalalykdan başga-da, ykdysady oňşuksyzlyklar hem saklanyp galýardy. Ýewropada merkezleşdirilen milli döwletleriň kemala gelmegi bilen olaryň arasynda keseki ýerleri, bazarlary we möhüm söwda ýollaryny eýelemek ugrunda hem ýiti göreşler alnyp barylýardy.

Şeýle gapma-garşylyklaryň netijesinde Ýewropa döwletleriniň arasynda uruş turdy. Bu uruş birinji umumyýewropa urşy bolup, ony **«Otuzýyllyk uruş»** (1618–1648) diýip atlandyrdylar. Urşa Ýewropa döwletleriniň ählisi diýen ýaly gatnaşdy. Şunda Ýewropa döwletleri iki sany bileleşige bölünip özara uruşdylar. Harby hereketler, esasan, Germaniýanyň territoriýasynda alnyp baryldy, emma söweş hereketleri wagtal-wagtal Fransiýanyň, Ispaniýanyň, Italiýanyň, Polşanyň we Niderlandlaryň çäklerinde geçirilýärdi.

Otuzýyllyk uruş nemes katolikleri bilen protestantlarynyň arasynda başlady. Katolikleri german katolik döwletleri, Gabsburglar, Ispaniýa we Rim papasy goldaýardy. Olara german protestant döwletleri, Angliýa, Daniýa, Şwesiýa we Gollandiýa garşy durýardy. Gabsburglaryň garşysyna katolik Fransiýa hem çykyş edýärdi. Gabsburglaryň güýçlenmegine Russiýa hem garşy çykypdyr.

**Urşuň başlanmagy.** Mukaddes Rim imperiýasynyň düzümine girýän Çehiýada 1618-nji ýylda Gabsburglara garşy milli azat edijilik hereketi başlaýar. Protestantçylyga uýýan çeh begzadalary özleriniň katolik Gabsburglar tarapyndan ezilmeklerine närazylyk bildirip, gozgalaň turuzdylar.

Mukaddes Rim imperiýasynyň hökümdary Ferdinand II çeh gozgalaňçylaryna garşy uly goşun bölümini iberdi.

1620-nji ýylda Praganyň eteginde bolan söweşde çeh goşunlary derbi-dagyn edildi. Şol sebäpden hem 1624-nji ýylda Fransiýa, Daniýa, Angliýa we Gollandiýa Gabsburglara garşy bileleşik döretdiler. Daniýanyň patyşasy öz ýaranlaryndan alan pul kömeginiň hasabyna goşun ýygnady we 1625-nji ýylda urşa başlady.

Birnäçe Ýewropa döwletleriniň Gabsburglara garşy birleşmegi german imperatorynyň ýagdaýyny kynlaşdyrýardy. Gazna boşap galypdy, goşun ýygnamak üçin bolsa pul gerekdi. Şeýle kynçylykly günlerde katoliklere Albreht Wallenşteýn kömege gelýär.



**Albreht Wallenşteýn**

**Albreht Wallenşteýn** otuzýyllyk urşy döwründe Gabsburglaryň baş serkerdesi bolupdyr. Ol gelip çykyşy boýunça çeh protestant begzadalaryndan eken. Emma şahsy bähbitleri yzarlap katolikçilige geçipdir. Wallenşteýn imperator **Ferdinand II** hazyna agram salmazdan 50 müňlük goşun düzmekligi teklip edýär. Bu goşun diňe ýersiz daýhanlardan we işsiz senetçilerden düzülmelidi. Wallenşteýniň düzen german goşuny öz-özüni eklemelidi. Ýagny bu goşuna hereket edýän ýerleriniň şäherileridir obalaryny talamaga rugsat berilýärdi. Teklip imperatoryň göwnünden turýar we ol Wallenşteýni baş serkerdelige belleýär.

Wallenşteýniň goşunlary, Çehiýanyň, Germaniýanyň günorta-günbatar ýerlerini eýeläp, 1626-njy ýylda Daniýanyň we nemes protestant döwletleriniň goşunlaryny derbi-dagyn etdi. 1629-njy ýylda Daniýanyň koroly parahatçylyk şertnamasyna gol çekip, dagy-duwara Germaniýanyň içeri işlerine goşulmazlyga borçlandy.

Wallenşteýn Baltikadaky deňiz söwdasyny ele alyp, ol ýerden gollandlary we iňlisleri gysyp çykarmaklygy meýilleşdirýärdi. Emma onuň bu islegleri imperatoryň bähbitlerine ters geldi we katolik begzadalarynyň nägileligini döretdi. Şol sebäpli hem imperator 1630-njy ýylda Wallenşteýni wezipesinden boşatdy.

Fransiýa Germaniýa garşy urşa protestant Şwesiýany hem çekýär. Şol döwürde Şwesiýa örän garypdy. Fransiýanyň hökümeti şwedlere ummasyz köp pul kömegini berýärdi. Şonuň üçin hem şwed koroly Germaniýa goşun ibermäge borçlandy. Örän gowy söweş taýýarlygy bolan şwed goşuny yzly-yzyna ýeňiş gazanyp, Germaniýanyň ep-esli ýerlerini eýeleýär.

Çykgynsyz güne düşen imperator Ferdinand II ýene-de Wallenşteýne kömek sorap ýüz tutdy. Emma 1632-nji ýylyň noýabr aýynda şwed goşunlary Lýutseniň ýanynda Wallenşteýniň goşunyny agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Bu söweşde şwed koroly Gustaw II Adolf wepat bolýar. Şonuň üçin hem Wallenşteýn öz hökümdaryna bildirmän, şwed serkerdeleri bilen gizlin gepleşiklere girişýär. Nemes serkerdeleri Wallenşteýni dönüklikde aýyplaýarlar we onuň goşundan giderilmegini talap edýärler. Tiz wagtdan goşundan kowlan Wallenşteýn öz serkerdeleri tarapyndan öldürildi.

**Westfal ýaraşygy.** 1648-nji ýylda täze imperator **Ferdinand III** Mukaddes Rim imperiýasynyň adyndan garşydaş tarapy bilen parahatçylyk şertnamasyny baglaşýar. Ol taryhda Westfal parahatçylyk şertnamasy ady bilen bellidir.

Westfal şertnamasy Ýewropada täze halkara tertibi kesgitledi. Şertnama boýunça Fransiýa Elzas welaýatyna eýe boldy. Şwesiýa kontribusiýa tölendi, Baltika deňziniň kenarlarynda bolsa ol giň ýerleri eýeledi. Westfal şertnamasy boýunça Gollandiýanyň Ispaniýadan garaşsyzlygy doly ykrar edildi.



**Westfal ýaraşygyna gol çekilmegi**

Westfal şertnamasy nemes baronlaryny hem imperatoryň golastyndan çykardy. Imperator olaryň biri-biri bilen, şeýle hem daşary ýurt döwletleri bilen özbaşdak şertnama baglaşmaga we olaryň birleşmäge bolan hukuklaryny ykrar etdi. Şeýlelik bilen, Germaniýa syýasy taýdan 296 sany ownuk döwletlere bölündi.

Westfal şertnamasy boýunça katolikçilik we protestantçylyk dini akymlarynyň deňhukuklylygy ykrar edildi. Katolikleriň we protestantlaryň arasyndaky dini uruşlar galdy. Mukaddes Rim imperiýasy bolsa iş ýüzünde dargady.

**Soraglar we ýumuş**

1. Otuzýyllyk urşuň sebäpleri näme bolupdyr?
2. Näme üçin otuzýyllyk urşa «Birinji umumyýewropa urşy» diýip at berýärler?
3. Otuzýyllyk uruş nähili netijeler bilen tamamlandy?
4. Westfal şertnamasynyň taryhy ähmiýeti barada gürrüň beriň.

## §25. Demirgazyk urşy

**Ispan tagty ugrundaky uruş.** XVIII asyrda uruşlar täze mülkleri edinmek ýa-da tagt mirasy ugrunda alnyp barylýardy. Şeýle uruşlaryň biri-de ispan mirasy ugrunda 1701 – 1714-nji ýyllarda alnyp barlan uruşlardy.

Westfal şertnamasynyň çözgütleri esasynda Ýewropada güýçleriň mynasybeti düýpgöter üýtgedi. Fransiýanyň we Şwesiýanyň täsiri güýçlendi. Bu bolsa Ýewropa ýurtlarynyň arasyndaky özara bäsleşigi güýçlendirýärdi. Bäsleşikler özara uruşlaryň turmagyna getirýärdi. Şol uruş ojaklarynyň biri 1700-nji ýylda ispan koroly Karl II Gabsburguň aradan çykmagy bilen döredi. Ispan korolynyň wesýeti boýunça onuň mirasyna Fransiýanyň koroly Lýudowik XIV-niň agtygy gersog **Filip Anžuýly** eýe çykdy. Karl II häkimiýetini oňa galdyrmak bilen Ispaniýanyň kuwwatly goňşusy bolan Fransiýa oňa hemişe kömek, goldaw berer diýip umyt edýärdi. Gersog **Anžuýly Karl V** ady bilen Madriddäki ispan tagtyna çykdy.

Ispan tagtynyň fransiýaly mirasdarlaryň eline geçmegini Ýewropanyň hiç bir döwleti hem islemeýärdi. Sebäbi olar Fransiýanyň güýçlenmeginden diýseň gorkýardylar. Şonuň üçin hem Angliýa, Gollandiýa we beýleki Ýewropa ýurtlary ispan koroly hökmünde Karl III ady bilen awstriýaly tagt mirasdary Filip Awgust Gabsburgy yglan etdiler.

Şundan soň tarapdarlaryň arasynda uruş hereketleri başlandy. Bu uruşda Fransiýa tas derbi-dagyn bolan eken. Baglaşylan parahatçylykly şertnama laýyklykda, Filip Anžuýly fransuz tagtyna bolan hukugyndan el çekýär. Bu uruş Burbonlary hem, Gabsburglary hem gowşadypdyr we Ýewropada güýçleriň täze deňeçerligi ýüze çykýar. Indi Ýewropanyň kuwwatly döwleti Angliýady. Onuň Gollandiýa bilen bäsleşigi hem öz peýdasyna tamamlandy.

**Demirgazyk urşy.** Ýewropada ikinji uruş ojagy Şwesiýanyň hem-de Russiýanyň güýçlenmegi netijesinde olaryň

arasynda bolup geçen uruşlar bilen bagly boldy. «Demirgazyk urşy» adyny alan bu taryhy waka 1700 – 1721-nji ýyllar aralygynda bolup geçdi. Şwesiýa garşy urşa başlamazdan öň rus patyşasy Pýotr I Daniýa hem-de Saksoniýa bilen birlikde Şwesiýa garşy Demirgazyk bileleşigini döredýär.

Demirgazyk urşy Şwesiýanyň we Daniýanyň arasyndaky söweş hereketleri bilen başlandy. Şwed koroly Karl XII özüniň 15 müňlük goşuny bilen Daniýanyň paýtagty Kopengagen şäherine girýär. Karl XII-ni iňlis we golland floty hem goldaýardy. Daniýa Demirgazyk bileleşiginden çykmaga mejbur boldy. 1700-nji ýylyň noýabrynda Karl XII Narwada rus goşunyny hem agyr ýeňlişe sezewar edýär.

**Rus goşunynyň ýeňişleri.** Karl XII Russiýa gutarnykly ýeňlişe sezewar edildi diýip pikir edýärdi. Şonuň üçin hem ol esasy ünsüni günorta taraplara gönükdirdi.

Rus patyşasy Pýotr I hem Narwanyň etegindäki ýeňlişden netije çykardy. Söweşlere hut rus patyşasynyň özi gatnaşýardy. Täze söweş hereketleriniň netijesinde 1703-nji ýylyň ýaz aýlarynda Newa derýasynyň akymyndaky Noteburg, Niýenşans galalary şwed goşunlarynyň elinden alyndy. 1704-nji ýylda rus goşunlary Narwany hem eýeleýärler. Şeýlelikde, şwedler Talline we Riga tarap gysylyp çykaryldy.

Karl XII german topragynda alyp baran uruşlary üstünlik getiripdir. 1706-njy ýylda ol öz goşunlary bilen Saksoniýa girýär we korol Awgust II-niň tagtdan düşürýär. Sakson tagtynda şwedleriň dikmesi Stanislaw Leşinskiý oturdylýar. Şeýlelik bilen, Demirgazyk urşunda Şwesiýa bilen Russiýanyň bir özi galmaly bolupdyr.

Emma Russiýa garşy 1708–1709-njy ýyllarda alnyp barlan söweş hereketleri Şwesiýa üstünlik getirmedi. Ukrainanyň çäginde bolup geçen söweşlerde şwedler masgara bolup ýeňildi.

**Urşuň dowam edilmegi.** 1708–1709-njy ýyllaryň söweşlerinden soň Russiýanyň halkara abraýy artdy.Ýewropa

döwletleri Russiýanyň syýasy we harby mümkinçiliklerini göz öňünde tutmaly boldular. Şunuň netijesinde Şwesiýa garşy Demirgazyk bileleşigi gaýtadan dikeldilýär.

1712-nji ýylyň başynda Demirgazyk bileleşiginiň goşunlary Baltikanyň ýakasyndaky Ştralzund we Wismar galalaryny syndyryp, şwedleri derbi-dagyn edýärler. 1713-nji ýylyň ýanwarynda Fridrihştatda gazanylan ýeňişden soň, ruslar şol döwürler şwedlere degişli bolan Finlýandiýa ýöriş geçirýärler. Finlýandiýanyň köp bölegi ruslaryň eline geçdi. 1714-nji ýylyň 27-nji iýulynda rus floty Gangut burnunda şwed flotuny hem derbi-dagyn edýär. Bu ýeňiş ruslaryň Grengamda Şwesiýanyň deňiz güýçlerini ýene-de ýeňlişe sezewar etmäge mümkinçilik berýär.

**Urşuň netijeleri.** Russiýanyň we Şwesiýanyň arasyndaky gepleşikler uzak wagtlap dowam edipdir. Diňe 1721-nji ýylyň 30-njy awgustynda Niştatda Russiýanyň we Şwesiýanyň arasynda parahatçylykly şertnama gol çekilýär. Şertnama boýunça ummasyz köp ýerler Russiýanyň ygtyýaryna geçdi. Bu şertnama boýunça Russiýa Baltika deňzine çykalga edinip bildi.

Bu parahatçylyk Russiýanyň we Şwesiýanyň arasynda hoşniýetli gatnaşyklaryň ösdürilmegine-de badalga berdi. Sebäbi 1724-nji ýylda iki ýurduň arasynda bileleşik barada şertnama gol çekilýär. Niştadt şertnamasy boýunça Russiýa Ýewropanyň güýçli döwletleriniň hataryna ymykly goşulýar.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Ispan tagty ugrundaky urşuň turmagynyň düýp sebäbi nämede?
2. Demirgazyk urşuna Ýewropanyň haýsy döwletleri gatnaşdy? Demirgazyk urşunyň turmagynyň sebäplerini düşündiriň.
3. Rus goşunlarynyň Baltika deňzindäki ýeňişleri barada aýdyp beriň.
4. Niştadt şertnamasyna haçan gol çekilýär?

## §26. Ýediýyllyk uruş

**Ýediýyllyk urşuň sebäpleri.** Demirgazyk urşunda Russiýanyň aşa güýçlenmegi we onuň Baltika deňzindäki agalygy Angliýa ýaramaýardy. Şunuň esasynda iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklar dartgynly häsiýete eýe boldy. Bu bäsleşikde Angliýany Prussiýa döwleti goldaýardy. Prussiýanyň Angliýa bilen ýakynlaşmagy Awstriýa bilen Russiýanyň arasynda bileleşigiň döremegine getirdi.

1740-njy ýylda Awstriýanyň ersgersogy hem-de Mukaddes Rim imperiýasynyň koroly Karl VI aradan çykdy. Tagt onuň gyzy Mariýa Tereza geçýär, ýöne onuň häkimiýetine Bawariýanyň hökümdary dawa edýärdi. Bawar hökümdaryny Gabsburglaryň köne duşmany Fransiýa bilen Ispaniýa, şeýle hem Saksoniýa goldaýardy. Bu dawalara Awstriýanyň german döwletleriniň arasyndaky esasy bäsdeşi Prussiýa hem goşuldy.

Prussiýanyň täzelikde tagta geçen 28 ýaşly hökümdary **Fridrih II** jeňbazlygy bilen tapawutlanýardy. Mariýa Terezanyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek baradaky wadalaryny unudyp, Fridrih ähtiýalanlyk bilen Awstriýanyň baý welaýaty bolan Sileziýany basyp alýar. Fridrih II ussat diplomat we başarjaň serkerde bolupdyr. Ol: «Eger-de haýsydyr bir keseki ýeri siziň göwnüňize ýarasa, haýal etmän ony basyp alaýyň. Sebäbi siziň şol ýere bolan taryhy hukugyňyzy tassyk edip biljek islendik mukdardaky taryhçam tapylar, hukukçam» diýýär eken.

Awstriýanyň mirasy ugrundaky uruş (1740–1748) awstro-prus bäsleşigini tutaşdyrypdyr. Bäsleşigiň netijesinde tagt Mariýa Terezanyň elinde galypdyr, Sileziýa bolsa Prussiýanyň ygtyýaryna geçipdir. Mariýa Tereza Fridrihiň Awstriýa babatyndaky basybalyjylykly syýasatyna gaharlanyp: «Iň soňky köýnegimi sataryn welin, Sileziýany gaýtaryp alaryn» diýip nalapdyr.

Mariýa Tereza Prussiýa garşy Fransiýa we Russiýa döwletlerinden duryan täze bileleşigi döretmek başardýar. Emma öňki uruşda Mariýa Terezany goldap ýören Angliýa, garaşylman durka Prussiýanyň tarapyna geçýär. Munuň sebäbi Angliýany diňe bir Ýewropadaky syýasat gyzyklandyrman, eýsem, ony Fransiýa bilen alnyp barylýan bakna mülkler ugrundaky dawalar hem özüne çekýärdi.

Prus koroly Sileziýadan başga-da Polşany, Çehiýany, Saksoniýany we Kurlýandiýany hem basyp almagy maksat edinýärdi. Fransiýanyň we Bawariýanyň goldawyna daýanyp, uruş yglan etmezden, ol birnäçe ýerleri basyp alyp başlaýar. Ýewropada Prussiýanyň, Fransiýanyň we Bawariýanyň syýasatlarynyň işjeňleşmegi Russiýany Angliýa bilen ýakynlaşmaga iterýär. Şunuň netijesinde 1755-nji ýylda Russiýa bilen Angliýanyň arasyndaky bileleşik hakynda şertnama baglaşylýar.

**Urşuň başlanmagy.** Şeýlelikde, XVIII asyryň 50-nji ýyllarynda üçünji umumyýewropa urşy başlanýar. 1756-njy ýylyň awgustynda Fridrih II Saksoniýa duýdansyz çozýar. Awstriýanyň goşunlaryny derbi-dagyn edip, ol Drezden we Leýpsig şäherlerini basyp alýar. Prussiýa garşy Awstriýa, Fransiýa, Russiýa we Şwesiýa birleşýärler. Angliýa bolsa Prussiýany goldaýardy.


**Fridrih II**

1757-nji ýylda rus goşuny Gündogar Prussiýanyň çäklerine çozup girdi we Kenigsberg şäheri eýelendi. Şundan soň rus goşunlary bütin Gündogar Prussiýada ornaşýarlar. 1759-njy ýylda ruslar Oder derýasynyň boýundaky Frankfurt şäherini hem basyp alýarlar. Kunersdorf obasynyň golaýynda bolan söweşde Fridrih II-niň goşuny doly derbi-dagyn edilýär. Prus imperatory şonda tas ýesir düşen eken.

## XVIII ASYRDA MERKEZI ÝEWROPANYŇ HALKLARY WE DÖWLETLERI




- Awstriýanyň mülkleri
- Prussiýanyň mülkleri
- Buthana mülkleri
- Ownuk german döwletleri
- Osman imperiýasy we oňa tabyn ýerler
- Mukaddes Rim imperiýasynyň araçägi
- 1789-njy ýylda döwletleriň araçägi

Polşanyň bölünişigi (Reç Pospolitaýa)

- Polşanyň 1772-nji ýyldaky araçägi
- 1795-nji ýylda üçünji gezek bölünenden soňky araçäkler
- 1772-nji ýylyň bölünişigi
- 1793-nji ýylyň bölünişigi
- 1795-nji ýylyň bölünişigi

Kartada sanlar bilen bellenilen

1. Awstriýa Niderlandlary
2. Baden
3. Wýurtemberg
4. Genuýa Respublikasy
5. Lukka
6. Dubrownik Respublikasy
7. Çernogriýa

Rus goşunlarynyň okgunly hereketleri netijesinde 1760-njy ýylyň sentýabrynda Prussiýanyň paýtagty Berlin şäheri eýelenýär. Şunuň ýaly ýagdaýda Fransiýa özüniň ähli harby güýçlerini gündogarda – Prussiýanyň serhetlerinde jemleýär. Angliýa bu ýagdaýdan peýdalanyp, Demirgazyk Amerikadaky fransuz Kanadasyny eýeleýär we Missisipi derýasynyň boýlarynda fransuz goşunlaryna garşy hüjümlerini dowam etdirýär. Fransuz deňiz goşuny iňlisler tarapyndan doly derbi-dagyn edilýär.

Peterburgdan gelen habar prus imperatoryny halas edýär, 1761-nji ýylyň dekabr aýynda rus tagtyna Pýotr I-niň agtygy, Golştin gersogy Karl Pýotr Uilrih geçip, ol Pýotr III ady bilen Russiýany dolandyryp başlaýar. Täze rus patyşasy haýal etmän Prussiýa bilen parahatçylykly şertnama gol çekýär. Şertnama boýunça bu uruşda rus goşunlarynyň eýelän ähli ýerleri Prussiýa täzeden gaýtarylyp berilýär. Emma Ýediýyllyk uruşda Prussiýa halys tapdan düşüpdi, şonuň üçin hem 1762-nji ýylda Fridrih II uruşdan çykmaga mejbur bolýar.

**Ýediýyllyk urşuň netijeleri.** Bu urşuň netijesinde Ýewropanyň serhetleri üýtgewsiz ýagdaýda galdy. Emma Angliýa üçin bu uruş örän amatly tamamlandy. 1763-nji ýylyň 10-njy fewralynda Parižde parahatçylykly şertnama gol çekilýär. Angliýa Hindistanda we Demirgazyk Amerikada, Kanadada we Luizianada fransuz kolonial mülklerini eýeleýär. Şunuň netijesinde Angliýa Fransiýa bilen bäsleşikde aýgytly ýeňişleri gazandy. Bu uruşda Fransiýanyň dünýädäki halkara abraýy belli-külli peseldi, onuň syýasy, ykdysady we harby kuwwaty gaçdy.

Ýediýyllyk urşuň netijesinde Angliýa dünýäniň öňdebaryjy söwda we kolonial imperiýasyna öwrülýär.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Ýediýyllyk urşuň turmagynyň sebäplerini aýdyp beriň.
2. Awstriýa bilen Prussiýanyň arasyndaky oňşuksyzlygyň düýp sebäpleri nämede?
3. Näme üçin Pýotr III tagta gelmegi Russiýa bilen Prussiýanyň arasynda parahatçylykly şertnamanyň baglaşylmagyna sebäp bolýar?
4. Ýediýyllyk urşuň netijeleri barada gürrüň beriň.

# XVIII ASYRDA ÝEWROPADA MAGARYFYŇ ÖSÜŞI

## §27. XVIII asyrda Ýewropada magaryf

**Täze döwrüň syýasy-aňyýet garaýyşlary.** XVIII asyr Ýewropada «magaryfçylygyň zamanasy» diýlip atlandyrylýar. Bu döwürde ylmy garaýyşlar, täze jemgyýetçilik-syýasy pikirler halk köpçüliginiň aňyny eýeleýärdi, onuň jemgyýetiň ösüşi hakyndaky pikirlerini ösdürýärdi. Meşhur ýazyjylar, ussat suratkeşler, tanymal pelsepeçiler hakyky aň-bilim ýaýradyjylardy. Olary «magaryfçylar» diýip atlandyrýardylar. Olar öz işlerinde adamy kemsidýän we onuň mümkinçiliklerine badak atýan garaýyşlary ýazgaryp çykyş edýärdiler. Aň-bilim ýaýradyjylar patyşalaryň çäklendirilmedik häkimiýetinden, möwritini ötüren orta asyr düzgünlerinden özleriniň nägilediklerini bildirýärdiler.

XVIII asyryň akyldarlary ynsanyň egsilmez güýjüne, onuň çäksiz mümkinçiliklerine ynanýardylar, halk köpçüligine bilim bermegiň zerurlygyna çuňňur düşünýärdiler.

Öndüriji güýçleriň ösmegi, ylmyň, tehnikanyň, aýratyn hem tebigat we takyk ylymlaryň ösdürilmegini talap edýärdi. Netijede, ylmyň dürli pudaklary – astronomiýa, mehanika, matematika, fizika, himiýa, biologiýa ýaly aýry-aýry ugurlary ýüze çykdy. Tebigat ylymlarynyň ösmegi bilen XVIII

asyrda syýasy garaýyşlar hem ösüp başlaýar. Magaryfçylar gelip çykyşyna, emläk ýagdaýyna garamazdan, ähli adamlaryň deňhukuklylygy, azatlygy, erkinligi hakyndaky pikirleri öňe sürýärdiler, şol pikirleriň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegini gazanmaga çalyşýardylar.

**Iňlis magaryfçylary.** XVIII asyrda Ýewropanyň jemgyýetçilik-syýasy pikiriniň ösüşinde iki akym ýüze çykýar. Olaryň birini *konserwatizm*, beýlekisini bolsa *liberalizm* diýip atlandyrýardylar. Bu jemgyýetçilik-syýasy akymlar ilki Angliýada döredi. Sebäbi Angliýa durnukly syýasy düzgünleriň ir ýüze çykan ýurtlarynyň biridi. *Konserwatizm* (*saklamak*) asyrlaryň jümmüşinden gelýän, taryhy tejribeden geçen dolandyryş düzgünleriniň, däp-dessurlarynyň we kadalarynyň saklanylmagyny aňladýardy.

*Liberalizm* adalgasy, *azatlyk*, *erkinlik* ugrundaky hereket manysyny aňladyp, ol ilkinji gezek 1810-njy ýylda Ispaniýada peýda boldy, ýöne liberalizm hereket hökmünde XVII asyryň ortalarynda buržuaz-demokratik azatlyklar ugrundaky göreşlerde Angliýada ýüze çykdy. Buržuaz-demokratik azatlyklar başda dine uýmak erkinligi bilen baglanyşykly boldy. XVII-XVIII asyrlarda onuň üstüne emläk edinmäge bolan hukuk hem goşuldy. Emläk edinmäge bolan hukuk ugrundaky göreşde ajaýyp iňlis akyldary **Jon Lokk** (1632–1704) tarapyndan esaslandyrylan taglymatyň örän uly ähmiýeti boldy.



**Jon Lokk**

**Jon Lokkuň** esasy eseri «Adamyň aňy baradaky tejribe» atly kitabydyr. Ol öz eserinde adamynyň elinden alnyp bilinmejek üç sany tebigy hukuklaryny kesgitläpdir. **Jon Lokkuň** pikiriçe, her bir adamyň – 1) ýaşamaga, 2) erkin bolmaga, 3) emläk edinmäge bolan hukuklary bolupdyr we şol hukuklar eldegrilmesiz diýlip hasap edilipdir.

Jon Lokkuň pedagogika (çagalaryň bilimi we terbiýesi hakynda ylym) baradaky pikirleri hem jemgyýetçilik aňyna güýçli täsir edipdir. Lokkuň pikiriçe, pedagogikanyň esasy maksady – adamlarda dogruçyllygy we sowatlylygy kemala getirmelidi. Adamlar doglanda ruhy taýdan ösmäge birmeňzeş ukyplary bilen dogulýarlar diýip, Lokk öwredipdir. Ýaňy doglan çaganyň aňy ak kagyz ýaly arassa bolýar, şol kagyz durmuş ýolunyň ösüşinde nagyşlar bilen bezelip doldurylýar diýip, ol aýdýar eken.

Jon Lokk «liberalizmiň atasy» hem hasap edilýär. Ýöne islendik taglymatyň peýda bolşy ýaly, onuň garaýyşlary hem boş ýerde döremändir. Adamlaryň tebigy hukuklary barada onuň bilen bir döwürde, hatda birneme öňräk hem ýazypdylar. Olardan iňlis alymlary **Jeýms Garringtonyň** (1611–1677) we **Jon Miltonyň** (1608 – 1674) atlaryny görkezmek bolar.

Ýewropada liberalizmiň ösüşine beýik iňlis akyldary **Tomas Gobbs** (1588 – 1679) hem uly goşant goşupdyr. Onuň döwlet we hukuk baradaky taglymaty uly meşhurlyga eýedir. Gobbsuň pikirine görä, adamlar döwletiň peýdasyna öz hukuklaryndan el çekmelidirler. Şunda adamlar öz ykballaryny döwletiň ygtyýaryna berip, hemişe onuň pähimine we jogapkärçiligine bil baglamalydyrlar. Şeýle kämil häkimiýeti Gobbs halky durmuş harasatlaryndan gorap biljek çäklendirilmedik ygtyýarlyklary bolan monarhiýa düzgüninde görüpdir.



**Tomas Gobbs**

Ýene-de Gobbsuň pikirine görä, halk jemgyýetçilik şertnamasyny baglaşmak bilen, häkimiýetiň üstünden gözegçilik hem etmelidi. Eger-de häkimiýet halkyň bähbitlerine el gatsa, onuň kanuny hukuklaryny äsgermezçilik etse, onda şeýle häkimiýeti halk üýtgedip ýa-da dolulygyna agdaryp hem bilýärdi.

Şu garaýyşlar soňra fransuz magaryfçylary tarapyndan ösdürilipdir, XVIII asyryň ahyrlarynda bolsa, Beýik fransuz we amerikan rewolýusiýalarynyň mysalynda, iş ýüzünde durmuşa geçirilipdir.

**Soraglar we ýumuş**

1. Näme üçin XVIII asyr «magaryfçylyk asyry» diýlip atlandyrylýar?
2. Täze döwrüň jemgyýetçilik-syýasy akymlary näme üçin öňi bilen Angliýada ýüze çykypdyr? *Konserwatizm*, *liberalizm* akymlaryna düşündiriş beriň.
3. Jon Lokk tarapyndan kesgitlenilen adamyň eldegirilmesiz hukuklary haýsylar bolupdyr?
4. Iňlis magaryfçylarynyň häkimiýet hakyndaky garaýyşlary haýsy rewolýusiýalar döwründe iş ýüzünde amala aşyryldy?

## §28. XVIII asyrda Ýewropada syýasy-aňyýet garaýyşlaryň ösüşi

**Monteskýäniň garaýyşlary.** Şarl Lui Monteskýe (1689 – 1755) ilkinji fransuz aň-bilim ýaýradyjylarynyň biridi. Monteskýe şahsyýetiň hukuklaryny häkimiýetleriň eden-etdiliklerinden goramaga aýratyn ähmiýet beripdir. Jon Lokkuň häkimiýetiň şahalara bölünmegi hakyndaky garaýyşlaryny ösdürmek bilen, Monteskýe döwlet häkimiýetiniň üç şahasy bolan *kanun çykaryjy*, *ýerine ýetiriji* we *kazyýet häkimiýetleri* özbaşdak bolmalydyrlar diýip belleýärdi.



**Şarl Lui Monteskýe**

Monteskýäniň öňe süren esasy garaýyşlarynyň düýp mazmuny häkimiýetiň ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet şahalaryna bölünmegi hakyndaky pikirdir. Onuň pikiriçe korol

häkimiýeti ýerine ýetiriji we gözegçilik ediji wezipeleri alyp barmalydy, kanun çykaryjy wezipe parlamente degişli bolmalydy, kazyýet bolsa koroldan we parlamentden özbaşdak hereket etmelidi.



Wolter

**Wolter we onuň döredijiligi.** Dünýä belli fransuz akyldarlarynyň biri-de ylym äleminde Wolter ady bilen belli bolan **Fransua Mari Arue** (1694–1778) bolupdy. Ol adamlary adalatly jemgyýeti gurmaga çagyrypdyr. Has adalatly jemgyýetçilik tertibini ol azatlyk, deňlik we hususy eýeçilik bilen baglanyşdyrypdyr. Eýsem-de bolsa, adalatly jemgyýeti nädip gurmalydy?

«Korol häkimiýeti tarapyndan amala aşyrylýan özgertmeler jemgyýetiň asuda ýol bilen üýtgedilip gurulmagydyr» diýip, akyldar belleýärdi. Wolter sowatly patyşalyk (monarhiýa) düzgüniň tarapdary bolupdyr. Eger-de sowatly patyşada birden şeýle isleg döräýdigi, jemgyýetde şolbada azatlyk, deňlik we hususy eýeçilik peýda bolaýmalydy. Fransuz rewolýusiýasy döwründe Wolteriň jesedini göçürip, Fransiýanyň beýik akyldarlarynyň arasynda jaýladylar. Onuň mazarynyň üstünde şeýle ýazgylar bar eken: «Ynsan aňyny beýgelden we oňa erkin bolmagy öwreden şahyr, taryhçy, filosof».



Žan Žak Russo

**Russonyň pikirleri.** Žan Žak Russo (1712–1778) XVIII asyryň beýik akyldarydy. Akyldaryň pikirine görä, hususy eýeçiligiň döremegi adamzady deňsizlige, gulçulyga we başga-da ençeme betbagtçylyklara sezewar etmelidi. Jemgyýetiň mundan beýläkki ösüşi baýlar tarapyndan ejizleriň ezilmegini döredýän deňsizligiň güýçlenmegine getirýärdi. Muňa ga-

ramazdan, Russo hususyýetçiligi ret etmändir, diňe onuň mukdarynyň çäklendirilmeginiň tarapdary bolupdyr. Ol jemgyýetde hetdenaşa baý we örän garyp adamlar bolmaly däldir diýer eken.

Ýurtdaky ýokary häkimiýet, Russonyň pikiriçe, halka degişli bolmaly eken. Şonuň üçin hem ownuk hususyýetçileriň demokratik respublikasy Russo üçin döwlet gurluşynyň iň amatly görnüşi bolupdyr.

**Deni Didro.** 1751-nji ýylda Fransiýada «Ylymlaryň, sungatlaryň we senetleriň ensiklopediýasy» atly kitabyň ilkinji jiltleri çap edilýär. Bu kitaby çap etmek pikiri filosof Deni Didro degişlidi. 1772-nji ýylda bu kitap doly ýazylyp gutarylýar.



**Deni Didro**

«Ensiklopediýada» matematika, astronomiýa, fizika, himiýa, geografiýa, şeýle hem senagat önümlerini işläp taýýarlamagyň, oba hojalygyny ýöretmegiň usullary beýan edilipdir. Onda ylmy-tehniki ösüşiň XVII–XVIII asyrlardaky netijeleri, döwrüň täze jemgyýetçilik-syýasy taglymatlary, şahsyýetiň eldegrilmesiz hukuklary, häkimiýetde halk wekilçiliginiň zerurlygy görkezilipdir.

**Adam Smit we onuň ykdysady taglymaty.** XVIII asyryň ajaýyp magaryfçylarynyň arasynda özboluşly ykdysady taglymat döreden iňlis alymy **Adam Smit** (1723 – 1790) aýratyn orun eýeleýär. Smitiň pikirine görä, adamlaryň özleriniň maddy ýagdaýlaryny gowulandyrmaga, baýamaga çalyşmaklary adaty zatdyr we ol jemgyýet üçin peýdaly hadysadyr. Smit doly ykdysady erkinlige we işewürlige zeper ýetirýän päsgelçilikleriň ýatyrylmagy ugrunda çykyş edýärdi. Ol jemgyýetiň ösüşinde esasy orun erkin bäsleşige degişlidir



**Adam Smit**

diýip belleýär. Şonuň üçin hem ol erkin bäsleşigiň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda we ykdysadyýetiň hemme pudaklarynda bolmaklygy ösüşi kesgitleýär diýip aýdypdyr.



Frensis Bekon

**Frensis Bekon, Rene Dekart.** Frensis Bekon (1561–1626) öz zamanasynyň beýik alymydy. Iňlis alymy ylmyň baş maksady tebigatyň syrlaryna düşünmekdir we ony adamzat durmuşynda ulanmakdyr diýip aýdypdyr. «Ol bilim güýçdür» diýen şygara jany-teni bilen berlipdir. Ylma eltýän ýol hökmünde Bekon gözegçiligi, barlagy, deňeşdirmäni öňe sürýärdi. Onuň pikiriçe, diňe nazaryýetiň we tejribäniň utgaşmagynda hakyky ylymlar ýüze çykyp bilýär.



Rene Dekart

Fransiýanyň görnükli alymlarynyň biri-de **Rene Dekartdy** (1596–1650). Ylymlaryň arasynda ol matematikany beýlekilerden ileri tutýardy. Ol derňew geometriýasyny esaslandyryjy bolmak bilen, häzirki zaman matematiki düşünjeleriniň köpüsini döredijidir. Ol bilimiň esasy çeşmesi adamyň akylydyr, onuň pähim-paýhasydyr diýip hasap edipdir. Dekart ynsana pikirlenmek mahsusdyr, şonuň üçin hem adam hemişe hakykatyň gözleginde bolýar, bu bolsa ylmy açyşlaryň ýüze çykmagyna getirýär diýýärdi.

**Magaryfçylaryň garaýyşlarynyň jemgyýetiň ösüşine täsiri.** Ýewropanyň magaryfçylarynyň ideýa-syýasy garaýyşlary iňlis, amerikan we fransuz rewolýusiýalaryna uly täsir edipdir. Täze garaýyşlaryň täsiri bilen bu ýurtlarda çäklendirilmedik monarhiýanyň ornuna döwleti edara etmekligiň respublikan gurluşy berkarar edildi. Şahsyýetiň

erkinligi baradaky şygarlar jemgyýetçilik aňynyň özenini düzdi. Ýewropada magaryfçylygyň täsiri bilen syýasy guramalar we partiýalar hem döräp ugrady. Olaryň arasynda jemgyýetçilik aňy, jemgyýetiň mundan beýläkki ösüş ugurlary babatda özara syýasy göreşler başlandy. Adam hukuklarynyň, azatlygynyň hem-de erkinliginiň, şeýle-de hususy eýeçiligiň eldegrilmesizliginiň gazanylmagynda magaryfçylaryň garaýyşlary möhüm ähmiýete eýe boldy. Olar öz eserlerinde döwletde we jemgyýetde kanunlaryň hökmürowanlygy ugrunda çykyş edýärdiler.

**Soraglar we ýumuş**

1. Monteskýe azatlyga nähili kesgitleme beripdir? Azatlyk, erkinlik hakyndaky düşünjelere öz garaýşyňyzy beýan ediň.
2. Häkimiýetiň şahalara bölünmegi näme üçin gerek bolupdyr? Onuň üç şahasy haýsylar?
3. Wolteriň pikirine görä, adalatly jemgyýeti döretmek üçin adamlaryň nähili eldegrilmesiz hukuklary bolmalydy?
4. Žan Žak Russonyň ähli häkimiýet halkyňkydyr diýen pikirine siz nähili düşünýärsiňiz?
5. *Bekon, Smit, Didro* we *Dekart* magaryfçylygyň taryhynda nähili yz galdyrypdyrlar?

# GÜNBATAR ÝEWROPA HALKLARYNYŇ MEDENIÝETI

## §29. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň halklarynyň medeniýetiniň ösüşiniň esasy ugurlary

**Binagärçilik.** XVII–XVIII asyryň birinji ýarymynda Günbatar Ýewropanyň binagärçilik sungatynda korollaryň hem-de begzadalaryň köşklerini gurmakda ymaratçylygyň *barokko* ülňüsi giňden ornaşýar. Fransiýanyň belent

hem-de kaşaň köşkleriniň kuwwatly sütünleri, otaglarynyň we zallarynyň giňligi we içki bezeginiň nepisligi bilen Gadymy Rimiň mähnet ymaratlaryny ýada salýardy. Bu ymaratlar binagärçilikde gadymdan gelýän nusgalaryň esasynda guruldy. Binagärçiligiň barokko usuly Fransiýada uzak wagtlap saklandy. Soň ol Angliýada hem giňden ýaýrady. Muňa Londondaky keramatly Paweliň ybadathanasy mysal bolup biler.

XVII–XVIII asyrlarda Ýewropa ýurtlarynyň birnäçesinde, ylaýta-da, Gollandiýada, Germaniýada we Polşada binalary gurmakda ymaratçylygyň *rokoko* diýlip atlandyrylýan ýene-de bir ugry peýda boldy. Rokoko ülňüsine laýyklykda, gurulýan binalaryň ýüzünde egrem-bugram görnüşli täsin bezegler ýerleşdirilýärdi. Bu binagärçilik ülňüsi esasynda gurlan ymaratlaryň kaşaňlygy Gündogar äheňini ýada salýardy.

**Edebiýat.** Çeper edebiýat jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryna ägirt uly täsir edýärdi. Eserlerde döredilýän edebi keşpler, şol döwrüň jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, döwletleriň ýöredýän syýasatyny şöhlelendirýärdi. Ýazyjylar özleriniň eserlerinde hakyky durmuşy beýan etmek bilen jemgyýeti azatlyga, erkinlige, ynsanperwerlige, adamyň mertebesine hormat goýmaga çagyrýardylar.

Meşhur iňlis ýazyjysy **Daniel Defo** (1660–1731) London täjiriniň ogludy. D. Defonyň «Robinzon Kruzo» romany oňa görlüp-eşidilmedik üstünlik getirdi. Defonyň romanynyň mazmuny täze ýerleriň gözlenip açylmagyny, tebigaty özleşdirmekde adamyň zähmetini, mertligini we tutanýerliligini, her hili howplara garşy batyrgaý göreşini şöhratlandyrýandygyndan ybaratdyr. Robinzonyň başyndan geçýän täsin wakalary adamyň



**Daniel Defo**

tejribeliliginiň, bilimliliginiň, zähmetsöýerliginiň we ugurtapyjylygynyň ähmiýetini görkezdi.



Žan Batist Molýer

**Žan Batist Molýer** (1622 – 1673) beýik fransuz dramaturgydy. Halka ýakyn durmagy Molýere şadyýan halk komediýasynyň däplerini özleşdirmäge we ösdürmäge mümkinçilik berdi. Onuň pýesalaryndaky gahrymanlary dürli gatlaklaryň adamlary bolup ýönekeý gepleşik dilinde gepleýärdiler. «Don Žuan» komediýasynda ol sahnada perwaýsyz, kejir hem-de azgyn adamy görkezipdir. Bu pýesa hiç kimiň ykbalyny pitiwa etmän, keýp çekmegiň ugrunda kowalaşyp ýören bikär begzadalar barada ýazylan satirady.

Molýeriň «Husyt» komediýasynda ýolujylyk etmegiň kül-külüne düşen we adamkärçilik duýgusyny bütinleý ýitiren, gysganç Garpagonyň häsiýeti gaýtalap bolmajak derejede berlipdir. Onuň meşhur «Tartýuf» komediýasy buthananyň ikiýüzlüligine garşy gönükdirilendir. Komediýa ägirt uly paş ediji güýje eýe boldy. Tartýufyň ady bolsa ikiýüzlüligi we jögüligi aňladýan ýaňsylama ada öwrüldi.



Jonatan Swift

**Jonatan Swift** (1667 – 1745) XVIII asyryň birinji ýarymynyň beýik iňlis satirigidi. Swiftiň iki jiltden ybarat «Gulliweriň syýahatlary» (1726) diýen çeper romany oňa aýratyn meşhurlyk getirdi. Öz gahrymanynyň girdenek (liliput) adamlaryň, äpet adamlaryň döwletine, uçýan ada we täsin haýwanlaryň ýurduna ertekilerdäki ýaly syýahatlaryny beýan etmek bilen, Swift öz ýaşan döwründäki jemgyýetiň nogsanlyklaryny paş edýärdi. Liliputlaryň imperiýasynda hüküm sürýän tekepbirlik

we eden-etdilik, husytlyk we şübhelilik, adalatsyzlyk we hilegärlik ýaly iňlis köşgüniň sypatlary şekillendirilipdir.

Beýik fransuz rewolýusiýasynyň öňüsyrasynda meşhur fransuz dramaturgy **Pýer Bomarşe** (1732–1793) öz eserlerinde ýokary gatlagyň artyk hukuklylygyna we begzadalaryň agalygyna garşy çykyş edýärdi. Ol «Sewil dellegi» (1775) we «Figaronyň öýlenişi» (1784) diýen komediýalarynda begzadalaryň lälikligini, bikärligini, dereksizligini, ýeňilkelledigini görkezdi. Olara garşy çakgan, ugurtapyjy, başarjaň, täsirli sözleri bilen begleriň we begzadalaryň üstünden kinaýaly gülýän hyzmatkär Figaronyň keşbini döretdi. Bomarşeniň pýesasynda Figaro ýöne bir şadyýan adam hökmünde däl-de, eýsem akyldar we gujur-gaýratly adam hökmünde şekillendirilipdir.



**Pýer Bomarşe**

Baryp XVIII asyryň 70-nji ýyllarynda Germaniýada «Harasat we hüjüm» diýen edebi akym peýda boldy. XVIII asyryň aýaklarynda – XIX asyryň başlarynda **Fridrih Şiller** (1759 – – 1805) «Harasat we hüjümiň» görnükli şahyry hem dramaturgy hasaplanýardy.



**Fridrih Şiller**

Şilleriň «Orlean gyzy» diýen dramasy fransuz halkynyň azat edijilik göreşiniň gahryman gyzy Žanna d`Arka bagyşlanyp ýazylypdy. Ol Beýik fransuz rewolýusiýasynyň pikirlerine mähirli duýgudaşlyk edýärdi. Şiller «Wilgelm Tell» dramasynda ýurduň garaşsyzlygy we Awstriýa süteminden azat bolmagy ugrundaky göreşijini, şweýsar halk gahrymançylygyny şöhratlandyrypdyr.

Şol döwrüň öňdebaryjy edebiýatynyň görnükli wekilleriniň hatarynda Genrih Geýnäniň, Iogann Wolfgang Gýötäniň, Onore de Balzagyň, Wiktor Gýugonyň, Jorj Baýronyň atlary hem hormat bilen tutulýar.

**Soraglar we ýumuş**

1. XVII–XVIII asyrlarda Günbatar Ýewropanyň binagärçilik sungatynda nähili ülňüler saklanyp galýardy?
2. Jonatan Swiftiň «Gulliweriň syýahaty» eseriniň mazmuny hakynda gürrüň beriň.
3. Daniel Defonyň «Robinzon Kruzo» romany adamlarda nähili häsiýetleri terbiýeleýär? Bomarşe we onuň komediýalary barada nämeleri bilýärsiňiz?
4. Molýeriň eserlerinde adamlaryň nähili sypatlary barada aýdylýar? Şilleriň pýesalary haýsy tema bagyşlanan?

## §30. Aýdym-saz we şekillendiriş sungaty

**Aýdym-saz sungaty.** Magaryfçylyk zamanasynyň ruhy şol döwrüň saz sungatyna hem uly täsir edýärdi. Orta asyrlaryň ahyrlarynda köpsanly buthana we köşk horlary hem-de orkestrleri peýda bolupdyr. Bütin diwary tutup duran organ saz guraly ähli iri katolik we protestant buthanalarynda hökmany bolaýmaly zatdy. XVI–XVII asyrlarda häzirki roýaldan öňki saz guraly bolan klawesin – kakylyp çalynýan klawiaturaly saz guraly ýaýrapdy. Saz eserleriniň notalary çaphanalarda çap edilip başlanypdy. Bu bolsa saz eserleriniň giňden ýaýramagyna kömek edýärdi.



**Iogann Sebastýan Bah**

**Bah.** Iogann Sebastýan Bah (1685–1750) saz sungatyna ägirt uly goşant goşan nemes kompozitorydyr.

1723-nji ýylda öz maşgalasy bilen Leýpsigde ýaşapdyr. Şol ýerde ol özüniň

iň oňat saz eserlerini döredipdir. Onuň Isa pygamberiň ömür ýoly baradaky saz eseri halk köpçüliginiň arasynda uly meşhurlyga eýe boldy.

I.S.Bah Leýpsig buthanalarynyň birinde köp ýyllap organçy boldy. Bahyň eserleri halkylygy, çuň manylylygy, göwnüňi göterijiligi, belent owazlylygy we maksada okgunlylygy bilen tapawutlanýar. Bahyň buthana aýdymlary we dünýewi sazlary oňa uly şöhrat getirdi.

**Wolfgang Amadeý Mosart** (1756 – 1791) Germaniýada doglupdyr. Döwürdeşleri Mosarta XVIII asyryň hakyky gudraty diýip at goýupdyrlar. Mosart üç ýaşynda saz çalmagy öwrenipdir, dört ýaşynda birinji sazyny, on iki ýaşynda bolsa operany döredipdir. Onuň ilkinji görkezilişi Italiýanyň Milan teatrynda bolupdyr. On dört ýaşynda ol Italiýadaky iň atly sazly akademiýanyň akademigi bolýar. Ömrüniň soňky on ýylyny ol Wenada ýaşapdyr. Ol Bomarşeniň «Figaronyň öýlenişi» eserine saz ýazypdyr. 1786-njy ýylda ony ilkinji gezek sahnalaşdyrypdyrlar. Onuň sazlaryny köçelerde, meýdanlarda, dükanlarda gezende sazandalar çalypdyrlar. Mosartyň soňky döreden saz eseri *Rekwiýem* (latyndan terjime edilende *asudalyk* manysyny aňladýar) bolup, bu saz durmuş, adamyň dünýädäki tutýan orny, ykbaly barada bolupdyr.



**Wolfgang Amadeý Mosart**

Mosartyň saz sungatyny dowam etdiriji kompozitorlaryň biri-de **Lýudwig Wan Bethowendir** (1770 – 1828). Ýuwaş-ýuwaşdan eşitmeden galýandygyna garamazdan, Bethowen gaýtalanmajak saz eserlerini döredýärdi.

Bethoweniň sazynda mertlige we göreşe bolan çagyryş onuň durmuşynyň hut özüdi. Sazanda üçin çekip-çydap bol-

majak iň elhenç betbagtçylyk onuň gerdenine düşdi – ol kyrk ýaşynda ker boldy. Emma Bethowen eşitmekden galsa-da, sazlarynyň özgeler üçin nähili ýaňlanjakdygyny duýup, beýik eserlerini döretmegini dowam etdirdi.

Beýik polýak kompozitory **Friderik Şopen** (1810 – 1849) saz medeniýetiniň iň oňat aýratynlyklaryny we dünýä saz sungatynyň gazananlaryny aýdyň beýan eden ajaýyp fortepiano eserlerini döretdi.


Friderik Şopen

Şopeniň walslary, mazurkalary lirizme, halkyň kä şadyýan, kä gamgyn heňine ýugrulandyr. Onuň sazly balladalary syrly hem joşgunly göz öňüne getirmelerinden doludyr.

Awstriýada we Germaniýada Frans Şubert bilen Robert Şuman, Wengriýada Ferens List, Italiýada Jaokino Rossini bilen Juzeppe Werdi, Çehiýada Beržih Smetana ýaly beýik kompozitorlar döredi. Russiýada Glinka, soňra bolsa Rimskiý-Korsakow, P. I. Çaýkowskiý we beýleki kompozitorlar milli hem-de dünýä saz medeniýetini baýlaşdyrdylar.

**Şekillendiriş sungaty.** XVIII asyryň birinji ýarymynda Ýewropada köşk şekillendiriş sungaty ösýärdi. Bu wagt **Fransua Buşe** (1703–1770) özüniň gaýtalap bolmajak eserlerini döredýärdi.


Fransua Buşe

Şol döwrüň şekillendiriş sungatynyň görnükli wekili **Antuan Wattodyr** (1684–1781). Ol hem özüniň sungatynda şol döwrüň galkynyş zamanasyny – toýlaryň şowhunlylygyny, bezegleri, aýdym-sazyny suratly keşplerde şekillendiripdir.

XVIII asyryň 50-nji ýyllarynda islendik iňlis kitap dükanynda **Wilýam Hogartyň** (1697 – 1764) grawýurala-



Žan Batist Şarden

ryny alyp bolýardy. Ol, esasan, adam keşbini ussatlyk bilen suratlandyrypdyr. Onuň parlamente bolan saýlawlaryň taryhyny beýan edýän «Saýlaw» diýen suraty köpçüligiň has-da ünsüni çekdi.

**Žan Batist Şarden** (1699 – 1779) hem öz döwrüniň ussady diýen ady alypdy. Şol döwrüň durmuşynyň ýönekeý zatlaryny suratlandyrmak bilen ol beýik sungaty görkezipdir.



Žan Antuan Gudon

Beýleki bir suratçy **Žan Antuan Gudon** (1741–1828) öz döwrüniň gahrymanlarynyň keşplerini görkezmäge çalşypdyr, öz döwrüniň beýik şahsyýetleriniň 200-den gowragynyň heýkellerini şekillendiripdir.

Ajaýyp suratkeş **Žak Lui Dawid** (1748–1825) öz döwrüniň gahrymanlarynyň keşplerini görkezmäge çalşypdyr. Köp suratkeşlerden tapawutlylykda, Dawid ýiti jemgyýetçilik-syýasy temalara degişli suratlary döredipdir. Ol öz döwrüniň wakalary bilen antiki döwrüniň taryhyny deňeşdirip suratlandyrypdyr. Onuň suratlaryna tomaşa etmek üçin ýüzlerçe adam gelýärdi. Beýik fransuz rewolýusiýasynyň başlanmagy bilen Dawid şol döwrüň gahrymanlaryny suratlandyrypdyr. Dawid Marat bilen hem aragatnaşyk saklapdyr.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Ýewropada buthana we köşk horlary haçan peýda bolupdyr? XVI–XVII asyrlarda kakylyp çalynýan nähili saz guraly ýaýrapdyr?
2. Bahyň saz eserleri haçan köpçülikleýin ýaýrap başlady? Kompozitoryň döredijiligi hakynda gürrüň beriň.

3. Mosartyň eserlerinden siz haýsylary bilýärsiňiz? Onuň eserleriniň käbirlerini ýadyňyza salyň.
4. XVII–XVIII asyrlaryň şekillendiriş sungatynyň ýeten derejesi barada siz nämeleri bilýärsiňiz? Antuan Gudonyň we Žak Lui Dawidiň çeken suratlary barada gürrüň beriň.
5. Buşe we Hogartyň döreden suratlarynyň çeperçiligi barada siz nämeleri bilýärsiňiz?

## §31. Ýewropada we Amerikada buržuaz rewolýusiýalary we olaryň netijeleri

**Rewolýusiýa we syýasy-ykdysady özgertmeler.** Ýewropadaky rewolýusiýalar köne iri ýer eýeçilik düzgünlerini doly ýa-da kem-käsleýin ýok edýärdiler we öňki dowam edip gelen jemgyýetçilik-syýasy gurluşa garanda has öňdebaryjy, ösen respublikan gurluşa ýol açýardylar. Şunlukda, Ýewropadaky rewolýusiýalar jemgyýetiň öňe gitmegine kuwwatly itergi berdiler.

XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda Angliýada oba hojalygynda uly öwrülişik bolup geçýärdi, önümçilik ösýärdi. Şol ýyllar ýurtda senagat öwrülişigi bolup, gol zähmetinden maşyn önümçiligine, manufakturadan fabrik önümçiligine geçilýärdi. Täze gatlaklar emele gelýärdi. XVIII asyryň ahyrynda Angliýa senagat taýdan ösüş derejesi boýunça dünýäde birinji orna çykdy.

XVIII asyryň Fransuz rewolýusiýasynyň barşynda durmuş-ykdysady babatda hem-de syýasy gurluşda has yzygiderli we aýgytly özgerişler durmuşa geçirildi. Şonuň üçin hem ol demokratik häsiýete eýe boldy.

Iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklarynyň aýaga galýan we düýpli ornaşýan döwründe Günbatar Ýewropanyň öňde barýan ýurtlarynyň birnäçesinde senagat öwrülişigi amala aşyryldy.

**Magaryfçylyk zamanasy.** XVIII asyr Ýewropanyň taryhynda magaryfyň zamanasy boldy. Şol döwrüň ynsanperwer pelsepeçileri, alymlary, ýazyjylary, medeniýet we

sungat işgärleri adamy ezýän syýasata garşy çykyp, Ýewropa jemgyýetini azatlyga hem-de erkinlige çagyrýardylar.

Magaryfçylyk zamanasynyň akyldarlary Angliýanyň we Gollandiýanyň döwlet dolandyryş ulgamlaryny nusgalyk diýip hasap edipdirler. Olar halkyň durmuş ýagdaýy baradaky aladany, olaryň hukuklaryna we azatlygyna hormat goýmagy baş wezipä öwrüpdirler.

Şol döwürde magaryfçylaryň häkimiýeti üç şaha bölmek baradaky pikirleri uly meşhurlyga eýedi. Ýeri eýeçilige almak isleýän daýhanlar, döwleti dolandyrmaga gatnaşmak isleýän täze gatlak – buržuaziýa, köne düzgünleri ýykmak isleýän hakynatutma işçiler özlerine hukuk berilmegini we ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak isleýärdiler. Magaryfçylaryň öňdebaryjy pikirleriniň esasynda Demirgazyk Amerikada we Fransiýada rewolýusiýalar bolup geçdi.

**«Garaşsyzlyk jarnamasy», «Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasy» we olaryň ähmiýeti.** Demirgazyk Amerikada höküm sürýän iňlis korolynyň syýasaty bakna ýurtlardaky ilatyň bähbitlerini äsgermeýärdi, adamlaryň mertebesini kemsidýärdi. Netijede, Demirgazyk Amerikadaky iňlis koloniýalary özleriniň erkinlik ugrunda alyp baran urşunda täze garaşsyz döwleti – Amerikanyň Birleşen Ştatlaryny döretdiler.

1776-njy ýyldaky «Garaşsyzlyk jarnamasy» we 1787-nji ýyldaky Konstitusiýa şol döwrüň esasy resminamalaryna öwrülip, olarda adamyň tebigy hukuklary we azatlyklary, häkimiýetiň şahalara bölünmegi hakynda öňdebaryjy jemgyýetçilik pikirleri tassyk edildi. Soňra ol Ýewropa döwletleriniň XIX asyrda kabul edilen konstitusiýalaryna esas edilip alyndy.

Beýik fransuz rewolýusiýasy azatlygy we deňligi jar etdi. «Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasy» ady bilen kabul edilen resminama döwletiň täze syýasy gurluşynyň we ýurtda raýat jemgyýetiniň kemala gelmegine giň ýol açdy.

**Russiýadaky özgerişlikler.** XVII asyryň ahyrynda, XVIII asyryň başlarynda Russiýanyň taryhy patyşa Pýotr I-niň ady bilen baglanyşyklydyr. Onuň patyşalyk eden döwründe Russiýa düýbünden özgerdi we ösdi. Öz ýurduna Günbataryň ylmynyň, tehnikasynyň, medeniýetiniň gazananlaryny ornaşdyryp, ol ýurduň durmuşyny özgertdi. Onuň hyzmaty bilen Russiýa Baltika deňzine çykdy. Gury ýer we deňiz goşuny döredildi. Pýotr döwlet dolandyryş häkimiýetiniň täze ulgamyny döretdi, senagat kärhanalary we şäherler guruldy. Ol ylma, bilime, magaryfa uly üns berdi. Russiýanyň halkara abraýyny ýokary göterdi.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. XVII–XVIII asyrlarda Ýewropanyň ösen ýurtlarynda täze önümçilik gatnaşyklarynyň ösendigi hem-de ornaşandygy nämelerde ýüze çykdy? XVIII asyrda Ýewropa döwletleriniň syýasy-ykdysady ösüşi barada gürrüň beriň.
2. Magaryfçylyk zamanasynyň aň-bilim ýaýradyjylarynyň syýasy pikirleri barada nämeler bilýärsiňiz?
3. Iňlis we fransuz rewolýusiýalarynyň taryhy ähmiýeti nämeden ybarat? «Garaşsyzlyk jarnamasy», «Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasy» ýaly resminamalaryň ähmiýeti barada gürrüň beriň.

## §32. Dünýäniň geosyýasy kartasy

**Ýewropa döwletleriniň daşary syýasaty.** XVII–XVIII asyrlaryň uruşlary we diplomatiýasy Ýewropa döwletleriniň jemgyýetçilik-ykdysady we syýasy ösüşiniň netijesi boldy. Ösen Ýewropa döwletleri öz içerki ykdysady meselelerini çözmek üçin işjeň daşary syýasat alyp barýardylar. Köp mukdarda öndürilýän harytlary halkara giňişliklerine çykarmak, baý bazarlary eýelemek ugrunda uruşlary alyp barypdyrlar. Bu uruşlarda Ýewropa döwletleri öz aralarynda iki topara bölünýärdiler. Olaryň biri Ýewropanyň merkezi döwletleri, beýlekisi bolsa sebitiň çetki döwletleridi.

9. Sargyt № 1718

Ýewropanyň çetki döwletleri diňe bir koloniýalaryndan mahrum edilmän, eýsem olar öz ýerlerini hem ýitiripdirler. Polşanyň goňşy döwletler tarapyndan paýlaşylmagy muňa aýdyň mysal bolup biler.

Dünýäde öňdebaryjylygy eýelemek ugrunda XVII–XVIII asyrlaryň dowamynda döwletleriň arasynda umumyýewropa uruşlary bolup geçdi. Bu uruşlar ispan, polýak we awstriýa tagtlarynyň mirasdarlygy ugrunda alnyp baryldy.

Otuzýyllyk uruş Fransiýanyň we Şwesiýanyň güýçlenmegi bilen tamamlanýar. Şertnama boýunça Fransiýa Elzas etrabyny, Şwesiýa bolsa Baltika deňziniň kenarlaryndaky giň ýerleri eýelemegi, şeýle hem Oder, Elba we Wezer derýalarynda deňiz söwda ýollaryna gözegçilik etmek hukugyny almagy başarýar. Westfal şertnamasy boýunça Gollandiýa Ispaniýadan öz garaşsyzlygyny gazandy, Germaniýa bolsa syýasy taýdan ownuk döwletlere bölündi.

Şwesiýanyň Baltika deňziniň üstünden gözegçilik etmegi Russiýa ýaramaýardy. Demirgazyk urşy netijesinde Ingermanlandiýa, Kareliýanyň bir bölegi, Estlýandiýa we Liflýandiýa ýerleri, şol sanda Riga, Rewel, Derpt, Narwa, Wyborg, Korela şäherleri Russiýanyň ygtyýaryna geçirilýär. Niştadt şertnamasy boýunça Russiýa Baltika deňzinde gutarnykly ornaşdy.

Ýediýyllyk uruş diňe bir umumyýewropa häsiýetde bolman, eýsem, geljekde dünýä uruşlarynyň hem tutarygy bolup galdy. Sebäbi bu urşuň ýaňy baryp Demirgazyk Amerika we Aziýa çenli ýetipdir. Ýediýyllyk urşuň netijesinde Ýewropanyň serhetleri üýtgewsiz ýagdaýda galýar. Emma Angliýa üçin bu uruş örän amatly tamamlandy. Angliýa Hindistanda we Demirgazyk Amerikada – Fransiýanyň Kanada we Luiziana koloniýalaryny eýeleýär. Bu ýagdaý Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda ýiti bäsleşigiň başlanmagyna sebäp boldy. Emma Fransiýanyň dünýäde halkara abraýy peseldi, Angliýa bolsa dünýäniň kuwwatly söwda we kolonial imperiýasyna öwrülýär.

**Halkara hukugynyň emele gelmegi.** Öňki asyrlardan tapawutlylykda, bu döwürde halkara jedellerini çözmekde döwletler kanuny esaslara ýüzlenip başladylar. Muňa tagt mirasdüşerligi ugrundaky uruşlar doly şaýatlyk edýär. Şeýlelikde, baglaşylan döwletara şertnamalar halkara hukugy baradaky düşünjeleri ösdürdi. Halkara hukugy baradaky nazaryýet XVI–XVII asyrlarda kemala gelipdi. Bu ugurda ilkinji ylmy garaýyşlar italýan alymy Alberiko Jentela degişli bolupdy. Ol ilçihanalaryň işi barada we uruş hukugy barada eserleri ýazypdyr. Emma halkara hukugy ylmynyň esaslandyryjysy bolup, golland alymy **Gugo Grasiý** çykyş edýärdi. Ol Angliýada üç kitapdan duran «Urşuň we parahatçylygyň hukugy barada» diýen işi ýazdy. Şol işde ilkinji bolup halkara hukugynyň meseleleri orta atylypdyr.

**Soraglar we ýumuş**

1. Umumyýewropa döwletleriniň alyp baran uruşlarynyň netijeleri barada gürrüň beriň.
2. Umumyýewropa uruşlarynda Angliýanyň üstün çykmagynyň sebäplerini siz nämede görýärsiňiz?
3. «Halkara hukugy» diýip nämä düşünýärsiňiz? Ol haçan ýüze çykdy?

# II BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY XVII ASYRYŇ IKINJI ÝARYMYNDAN XIX ASYRYŇ ORTALARYNA ÇENLI DÖWÜRDE

## OSMAN IMPERIÝASY

### § 33. Osman imperiýasynda özgertmeleri geçirmeklige synanyşyklar

**Döwletiň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** Täze taryha geçilýän döwürde Osman imperiýasynyň Ýewropa döwletlerinden yza galyp başlandygy mese-mälim bildirip ugraýar. Ýewropanyň Gollandiýa we Angliýa ýaly ýurtlarynda täze buržuaz düzgünler kemala gelýän we ösýän döwründe Osman imperiýasynda köne feodal düzgünler has berkleşipdir.

Osman imperiýasynda ýere eýeçilik etmegiň giň ýaýran görnüşi ***sipahi*** ýerleridi. Bu ýerler osmanly türkmenleriň eýelän ýerlerinde harby serkerdelere – sipahilere berilýän ýerler bolupdyr. XVII asyryň ortalaryndan başlap sipahi ýer eýeçiligi gowşap ugraýar.

Sipahi ýer eýeçiliginiň gowşamagynyň esasy sebäbi Ýewropa, Aziýa we Demirgazyk Afrika ýurtlaryna geçirilýän ýörişleriň netijeliliginiň pese düşmegindedi. Sebäbi öňki asyrlarda yzygider geçirilýän ýörişleriň netijesinde köp oljalar alynýardy we täze-täze ýerler eýelenilýärdi. XV–XVI asyrlarda osmanlylaryň ýörişlerinden çekinip, Ýewropanyň köp döwletleri Stambula bellibir derejede salgytlary hem-de sowgat-serpaýlary iberýärdiler.

Ýewropada merkezleşdirilen, güýçli döwletleriň ýüze çykmagy bilen indi olar Osman imperiýasyna garşy bileleşip

hereket edýärdiler. Netijede, Ýewropada täze ýerleri eýelemek ýyl-ýyldan kyn düşýärdi.

XVII–XVIII asyrlarda Anadolyda we osmanlylaryň eýelän Balkan ýarymadasynda ýer eýeçiliginiň täze görnüşleri hem peýda bolup başlaýar. Muňa mysal edip ***çiftlikleri*** görkezmek bolar. Çiftlik baý daýhanlaryň bir bölegininiň hususy eýeçiligindäki we nesilden-nesle miras galdyrylyp bilinýän ýerler bolupdyr.



**Osman serkerdesi**

Çiftlikler, esasan, Anadolynyň we Balkanlylaryň uly şäherler bilen baglanyşykly ýerlerinde tiz döräpdir. Sebäbi ol ýerlerde oba hojalyk önümlerine isleg ýokarydy. Daýhanlar Stambulyň, Izmiriň, Bursanyň, Ankaranyň, Konýanyň, Edirnäniň, Belgradyň we beýleki iri şäherleriň ilatyny azyk önümleri bilen üpjün etmäge ýöriteleşýärdiler.

Osman imperiýasynda oba hojalyk önümleriniň bahalary XVII asyryň ortalaryna çenli peselipdir we tä XVIII

asyryň ahyryna çenli bir durkunda saklanypdyr. Ýurduň oba hojalygy XVI–XVII asyrlaryň sepgidindäki agyr açlygy ýeňip geçmegi hem başarypdyr.

Osman imperiýasynyň harby-ykdysady kuwwatynyň peselmegine ***iltizam*** diýlip atlandyrylan ýer eýeçiligi hem uly zyýan ýetiripdir. Osman imperiýasyndaky ýer eýeçiliginiň bu görnüşi Beýik mogollaryň döwletindäki zemindary eýeçiligi bilen meňzeşdi. Iltizam boýunça salgyt ýygnamaklygy baý adamlara satýardylar. Şunda baý adam aýry-aýry welaýatlardan döwlet hazynasyna geljek salgydy öz jübüsinden çykaryp, bir ýyl öňünden töleýärdi.

Iltizamçylar öz çykaran çykdajylaryny ödejek bolup, salgydyň mukdaryny artdyrýardylar we daýhanlardan birnäçe esse köp salgyt ýygnaýardylar. Ýagdaý şeýle bolansoň, daýhan hojalyklary indiki ýyl salgyt töläp bilmän tozýardylar.

**Imperiýanyň harby-syýasy guramasy.** Osman imperiýasynyň döwlet gurluşy harby düzgünlere daýanýardy. Soltanlar imperiýanyň ilatyny iki topara bölýärdiler. Olaryň birinjisi ***sipahiler,*** ikinjisi bolsa ***raýatlar*** diýlip atlandyrylýardy. Sipahiler diňe döwlete gulluk edýärdiler. Olar köşkde we welaýatlarda möhüm wezipeleri eýeleýärdiler, soltanlaryň dürli sebitlere garşy gurnaýan ýörişlerine gatnaşýardylar. Sipahiler önüm öndürmändirler, salgyt tölemändirler.

Senetçileri, söwdagärleri we daýhanlary raýat hasaplapdyrlar. Olar goşunda gulluk etmändirler, ýörişlere gitmändirler. Olara önüm öndürmek, döwlete salgyt tölemek buýrulypdyr. Netijede, sipahi döwletiň harby kuwwatyna, raýat bolsa onuň ykdysady kuwwatyna jogapkär bolupdyr. Osmanly soltanlar tarapyndan döredilen bu gurluş «sipahi ulgamy» diýlip atlandyrylýar.

**Köprüliler.** Osman imperiýasynyň Ýewropa ýurtlaryndan yza galyp başlandygyny aýry-aýry döwlet işgärleri aňypdyrlar we ýurtda özgertmeleri geçirmäge synanyşyklar

edilipdir. XVII asyryň ikinji ýarymynda – XVIII asyryň başlarynda ***Köprüliler*** neslinden bolan beýik wezirler ýurtda birnäçe işleri durmuşa geçiripdirler. Aýratyn hem beýik wezir **Mehmet paşa Köprüli** berk we aýgytly çäreleri geçirmeli bolupdyr. Mehmet paşa sipahi ulgamyny dikeltmäge çalşypdyr. Emma ýurduň ykdysady taýdan gowşamagy sipahileriň söweş ukybyna ýaramaz täsir edipdir. Sebäbi olar her hili ýollar bilen uruşmak, ýörişlere gitmek islemändirler. Beg nökerleriniň sanynyň azalmagy we onuň gowşak harby endikleri soltanlary döwletiň hemişelik goşunlary bolan ýanyçarlaryň (*ýeni çeri – täze goşun* diýmegi aňladýar) sanyny artdyrmaga mejbur edipdir.



**Ýanyçarlar (hemişelik goşun)**

XVIII asyryň başlarynda Osman imperiýasynda Ýewropanyň tejribesini öwrenmek meýilleri hem döräp ugraýar. Osmanlylar, esasan hem, ýewropalylaryň harby gämilerine, ok-ýaraglaryna, inženerçilik gulluklaryna uly isleg bildiripdirler. Şol meýiller osmanly döwlet işgäri **Ybraýym Müteferrigiň** 1725-nji ýylda soltanyň adyna ýazyp iberen «Halklary ýola salmagyň parasatly ýörelgeleri» diýen işinde öz beýanyny tapypdyr.

Müteferrik harby we inženerçilik mekdeplerini açmagy we goşuny Ýewropa ýurtlaryndaky ýaly tertipde düzmegi teklip edipdir. Teklipler soltan hökümeti tarapyndan kabul edilipdir. Emma işler örän haýal gidipdir. Şol döwürler harby mekdep döredilip, serkerdeler taýýarlanyp başlapdyr. Ýöne şol mekdep bary-ýogy 10 ýyl işläp ýapylypdyr. 1727-nji ýylda ýurtda ilkinji çaphana hem açylýar. Emma ol hem ylym-bilim babatda köp peýda getirse-de, Ybraýym Müteferrik ölenden soň ýapylýar.

**Soraglar we ýumuş**

1. Osman imperiýasynda ýer eýeçiliginiň haýsy görnüşi köp ýaýrapdyr?
2. Osman imperiýasy Ýewropa ýurtlaryndan näme sebäpden yza galypdyr?
3. Mehmet paşa Köprüli Osman imperiýasyny haýsy çäreleriň kömegi bilen güýçlendirmek isläpdir? Ybraýym Müteferrigiň özgertmeleri hakynda gürrüň beriň.

## § 34. Osman imperiýasynyň Ýewropa syýasaty

**Ýewropadaky, Aziýadaky we Afrikadaky mülkler.** XVII asyryň ahyrlarynda-da Osman imperiýasy dünýäde iň kuwwatly döwlet bolup galmagyny dowam etdirýärdi. Onuň düzümine üç yklymyň – Aziýanyň, Afrikanyň we Ýewropanyň giň ýerleri girýärdi.

XVII asyryň 70 – 80-nji ýyllarynda Osman imperiýasy Russiýa hem-de Polşa bilen Ukrainanyň üstünde uly uruşlary alyp barypdyr. Bu iki döwlete garşy alnyp barlan uruşlarda osmanlylar Sagkenar Ukrainanyň köp ýerlerini eýeleýärler. 1681-nji ýylda Osman imperiýasynyň peýdasyna baglaşylan Bakjasaraý şertnamasy boýunça Russiýa bilen araçäk Dnepr derýasy boýunça geçipdir.

1683-nji ýylda osmanly türkmenleriň goşunlary Gara Mustafa paşanyň serkerdeliginde Wengriýa kömek bermek üçin Awstriýa garşy urşa girýär we onuň paýtagty Wenany gabaýar. Awstriýalylara Polşanyň patyşasy Ýan Sobeski wagtynda kömege ýetişipdir. 1683-nji ýylda osmanly türkmenler Wenany alyp bilmän yza çekilýärler. Osmanlylaryň bu şowsuzlygyndan Awstriýa, Polşa, Wengriýa we Malta döwletleri peýdalanypdyrlar. Olar 1684-nji ýylda bileleşip, Osman imperiýasyna garşy «Mukaddes bileleşigi» döredýärler. 1686-njy ýylda bu bileleşige ýyl-ýyldan güýçlenýän Russiýa hem goşulýar.

Ýaranlaryň Osman imperiýasyna garşy hereketi şowly bolupdyr. Osmanlylar Budany (Wengraiýa), Belgrady (Serbiýa)

we bütin Günorta Gresiýany (Moreýa) taşlap gidýärler. 1697-nji ýylda Osman imperiýasy Wengriýany gaýtadan eýelejek bolup Awstriýa bilen urşa girýär. Emma bu uruşda-da osmanlylar ýeňilýärler. Karlowiskiý şertnamasy boýunça Awstriýa osmanlylaryň elinden Wengriýany, Rumyniýanyň bir bölegini, Sloweniýany alýar.

**Osmanlylaryň we Russiýanyň bäsdeşligi.** XVII asyrdan başlap Osman imperiýasynyň harby kuwwatyna Russiýa döwleti howp salyp başlapdyr. Russiýa Ukrainany, şeýle hem özleri bilen dindeş hem-de garyndaş günorta slawýan ýurtlaryny eýelemegi arzuw edýärdi. 1735–1739-njy ýyllarda Osman imperiýasy bilen Russiýanyň arasynda uruş bolup geçýär. Bu uruşda Russiýanyň tarapynda Awstriýa hem çykyş edipdir. Ýöne Fransiýanyň araçy bolmagynda bu uruş togtadylýar. Urşuň netijesi boýunça Awstriýa käbir ýerleri osmanlylara gaýtaryp bermäge mejbur bolupdyr.

Osman imperiasy Polşanyň ýerlerini bölüşmek işlerine hem gatnaşýar. Bu bolsa Russiýa bilen 1768–1774-nji ýyllaryň uruşlaryna sebäp bolýar. Emma alty ýyllap diýen ýaly dowam eden söweş hereketleriniň köpüsinde osmanlylar ýeňilýär.

**Hemişelik goşuny döretmäge synanyşyk.** Osman imperiýasynyň Ýewropa ýurtlary bilen alyp barýan uruşlarynda ýeňilmeginiň esasy sebäbi osmanly goşunlarynyň söweş ukyplarynyň gowşaklygynda we onuň zerur zatlar bilen üpjünçiliginiň pesliginde bolupdyr.

Osman imperiýasynda ýanyçar goşunlaryndan başga hemişelik goşun bolmandyr. Gürrüňi edilýän döwürde, birwagtlar garşydaşyny söweş etmän, gaçyp gitmäge mejbur edýän ýanyçar goşuny hem gowşapdyr. Bu goşuna, salgyt tölemejek bolup, her öňýeten ýazylypdyr. Üstesine-de, ýanyçarlar häli-şindi topalaň turzup, döwletiň içeri syýasy durmuşyna-da ýaramaz täsir edýärdiler.

Imperiýanyň dürli ýerlerinden getirilýän ýygynlar hem söweşlerde başly-barat hereket edýärdiler. Olaryň ýaraglandyrylyşy, düzgün-nyzamy pes bolupdyr.



**Selim III**

Osmanlylaryň soltany **Selim III** (1789 – 1807) döwleti çökgün ýagdaýdan alyp çykmaga synanyşyk edýär. Onuň geçiren özgertmeleriniň esasy maksady söweşe ukyply we güýçli goşunyň kömegi bilen merkezi häkimiýeti berkitmek bolupdyr. 1792 – 1793-nji ýyllarda Selim III tarapyndan çykarylan permanlar «köşk atyjylar» birikmesiniň döredilmegini, hökmany harby okuwyň geçirilmegini, ähli harby bölümlerde berk düzgüniň ýola goýulmagyny göz öňünde tutupdyr. Selim III deňiz söweşlerinde üstünlikli hereket etmek üçin täze deňiz goşunynyň (flotuň) döredilmeginiň, harby mekdepleriň açylmagynyň başyny başlapdyr. Bu işleri durmuşa geçirmek maksady bilen, soltan Ýewropa ýurtlaryndan harby maslahatçylary hem-de hünärmenleri çagyrypdyr. Emma bu çärelere diňe Selim III soltanlyk eden ýyllarynda üstünlikli bolupdyr. Ýöne soň özgertmeler öz-özünden ýatyp galypdyr.



**Mustafa Reşit paşa**

**Türkiýede tanzimat.** Tanzimat – bu Osman imperiýasynda buržuaz özgertmelerini geçirmäge synanyşyk edilen ýyllarydyr. Tanzimat sözi arapça bolup *tanzim – düzgün* diýen manyny aňladýar. Ol Ýewropa döwletleriniň gazananlaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, Osman imperiýasynda amala aşyrmaklyk göz öňünde tutulan uly çäreleriň toplumydyr.

1839-njy ýylda başlan bu syýasatyň amala aşmagynda Osman imperiýasynyň baş weziri **Mustafa Reşit paşa** (1800–1858) uly işleri bitirip-

dir. Tanzimaty işläp düzen, onuň oňyn netije berjekdigini ynandyrmagy başaran hem Mustafa Reşit paşanyň hut özüdi.

Özgertmeler Osman imperiýasynda soltan tarapyndan gol çekilen «Gülhana köşgünde» kabul edilen mukaddes permandan başlanýar. Perman Osman imperiýasynyň ähli raýatlarynyň dinine, diline, emläk ýagdaýyna garamazdan, kanun öňünde deňligini ykrar edipdir. Mundan beýläk imperiýanyň raýatlarynyň hukuklary, jany, emlägi, mertebesi eldegrilmesiz diýlip yglan edilipdir.

Tanzimat boýunça ýurduň ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmak hem-de ýurtda aň-bilimi ösdürmek bilen baglanyşykly hem birnäçe çäreler durmuşa geçirilipdir.

**Soraglar we ýumuş**

1. Osman imperiýasynyň haýsy materiklerde mülkleri bolupdyr? Döwletiň düzümine giren ýurtlaryň atlaryny sanap beriň.
2. «Mukaddes bileleşik» haýsy döwletler tarapyndan döredilipdir? Bu bileleşik haýsy döwlete garşy gönükdirilipdir?
3. Türkiýede tanzimat haçan geçirilipdir? Ol kim tarapyndan işlenilip düzülipdir? Tanzimat Osman imperiýasynyň ilatyna nähili hukuklary beripdir?

# EÝRAN

## § 35. Eýranda Sefewi türkmenleriniň hökümdarlygy

**Sefewiler döwletiniň ykdysady ýagdaýy.** XVI asyryň ortalaryndan başlap, tä XVII asyryň ikinji ýarymyna çenli Sefewiler döwletiniň ykdysadyýeti ösen ýagdaýda bolupdyr. Emma XVII asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap, ilki oba hojalygynda, soňra bolsa senetçilik bilen söwdada ykdysady çökgünligiň alamatlary peýda bolup başlaýar.

Sefewiler döwletinde suwaryş desgalary ýuwaş-ýuwaşdan hatardan çykypdyr, ekerançylyk ýerleri azalypdyr, ýurduň ilatynyň sany görnetin kemelipdir. XVII asyryň ortalarynda Eýranda ekerançylyk ýerleriniň köp bölegi döwletiň elindedi. Şol ýerler ***diwany*** ýerleri diýlip atlandyrylýardy. Bu döwürde şanyň hojalygyna degişli ýerleriň möçberi hem yzygider artypdyr. Ony ***hasse*** ýerleri diýip atlandyrýardylar.

Döwlet emeldarlaryna, welaýatlaryň emirlerine, taýpa serdarlaryna döwlet ýerleriniň hasabyna ***tiul*** diýlip atlandyrylýan gulluk ýerleri berlipdir. Ýöne bu ýerler döwlete gulluk edýän adamlara diňe gullukda bolan wagtlary berlipdir. Sefewi türkmenleriniň döwletinde din adamlaryna hem uly ýer bölekleri berlipdir. Şol ýerler beýleki musulman ýurtlarynda bolşy ýaly, *wakf ýerleri* diýlip atlandyrylyp, adatça, olardan salgyt alynmandyr. Eýranda ***wakf*** ýerleriniň iň ulusy sefewileriň nesilbaşysy şyh Sefieddiniň Ardebildäki aramgähine degişli wakf ýerleri bolupdyr. Ardebil wakfy on müňlerçe gektary tutupdyr.

Daýhanlaryň öz hususy ýerleri bolmandyr. Şonuň üçin hem olar ýer eýeleriniň mülklerinde kärendeçilik edipdirler. Şol sebäpden hem daýhana önümiň ýary, üçden biri, käha-latlarda bolsa, bäşden bir bölegi galypdyr. Bulardan başga-da daýhanlar zähmet borçlaryny ýerine ýetiripdirler, ýagny olary ýollaryň, galalaryň we ýaplaryň gurluşygynda mugt işledýärdiler. Daýhanlar goşun üçin azyk we iýmit tabşyrmaly, ýurduň içinde gulluk wezipelerini ýerine ýetirip ýören hökümet emeldarlaryny hem öz hasaplaryna eklemeli bolupdyrlar.

XVI–XVII asyrlarda Sefewi türkmenleriniň döwletinde söwda hem-de senetçilik ösüpdir. Eýranyň Yspyhan, Kazwin, Şiraz, Kerman, Töwriz we Maşat ýaly şäherleri senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleri bolupdyr. Emma XVII asyryň ahyrlaryndan başlap senetçileriň hem-de söwdagärleriň ýag-

daýynyň ýaramazlaşmagy bilen şäherlerde hem yzagalaklygyň alamatlary bildirip ugrapdyr.

XVII asyryň ahyrynda döwletiň başynda häkimiýeti çäklendirilmedik şa durupdyr. Döwleti dolandyrmak üçin şa baş weziri we döwlet dolandyryş ulgamynyň ýokary wezipeli adamlaryny belläpdir. Serkerdebaşy hem şa tarapyndan bellenilipdir.

Sefewi türkmenleriniň döwleti şanyň hut özüne degişli hasse welaýatlaryna we weziriň ygtyýaryndaky diwany welaýatlara bölünipdir. Hasse welaýatlarynyň häkimini şa belläp, olara **weli** diýipdirler. Diwany welaýatlarynyň häkimini wezir belläpdir we olara **beglerbegi** diýlipdir.

**Eýrany owganlaryň eýelemegi.** Sefewi döwletiniň gowşamagyndan owganlylaryň gilzaý (halaç) hem-de abdal taýpalary peýdalanýar. 1722-nji ýylda gilzaýlar **Mir Mahmydyň** ýolbaşçylygynda 30 müňlük goşun bilen Sefewi türkmenleriniň döwletine çozýarlar. 1722-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda sefewiler bilen owganlaryň arasynda Yspyhanyň golaýyndaky *Gülnabat* diýen ýerde uly söweş bolýar.

Gülnabat söweşiniň netijesinde owganlar ýurduň paýtagty Yspyhan şäherini eýeleýärler. Sefewi şasy **Soltan Huseýin** (1694–1722) agdarylyp, **Mir Mahmyt** Eýranyň şasy diýlip yglan edilýär.

Sefewiler döwletiniň ýykylmagyndan Osman imperiýasy hem peýdalanypdyr. Az wagtyň içinde osmanly goşunlary Eýranyň demirgazyk-günbatar welaýatlaryny eýeleýär. Eýranda bolup geçýän wakalary üns bilen synlaýan Russiýa hem öz paýyny almaga howlugypdyr. Rus patyşasy Pýotr I 1722-nji ýylda Pars ýörişini geçirýär. Emma Hazar deňziniň günorta kenarlaryny talap, rus goşunlary bu ýerlerden çykyp gidýärler.

**Awşar türkmenleriniň hökümdarlygy.** Gilzaýlaryň we abdallaryň Sefewi türkmenleriniň paýtagtyny eýelemegi Horasanda käbir türkmen taýpalarynyň nägileligini döredýär. Bu güýçlere türkmenleriň awşar taýpasyndan bolan

**Nedirguly han** serkerdelik edýärdi. Ol owganlara garşy göreşmek üçin gowy ýaraglandyrylan goşunlary jemläpdir we şolaryň güýji bilen 1729-njy ýylyň sentýabrynda Damganyň eteginde olara kül-peýekun ediji zarbalary urupdyr.

Owgan goşunlaryna garşy üstünlikli hereket etmek bilen Nedirguly 1730-njy ýyla çenli olary Eýrandan doly kowup çykarýar. Ol 1730 – 1735-nji ýyllarda osmanlylary hem eýelän ýerlerinden gysyp çykarýar. 1736-njy ýylda Nedirguly han Awşar türkmenleriniň döwletiniň şasy bolýar.



Nedir şa

**Nedir şa** 1736–1745-nji ýyllarda Hindistana, Merkezi Aziýa we Demirgazyk Kawkaza şowly ýörişleri geçiripdir we ägirt uly imperiýa döredipdir. Emma 1747-nji ýylda Nedir şa öldürilýär we onuň imperiýasy birnäçe özbaşdak döwlete bölünýär.

Awşarlaryň döwleti ýykylandan soň, Eýranyň köp ýerleri Ahmet han Abdaly tarapyndan esaslandyrylan Dürranylaryň owgan döwletiniň düzümine giripdir. Ahmet han öň Nedir şanyň serkerdeleriniň biri eken.

Umuman alanyňda, XVIII asyryň ikinji ýarymynda Eýranda ýurt dagynyklygy höküm sürüpdir, onuň ýerinde birnäçe özbaşdak döwletler döräpdir.

**Soraglar we ýumuş**

1. Eýrandaky ýer eýeçiliginiň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz? Olaryň her biri barada gürrüň beriň.
2. Gülnabat söweşi haçan bolup geçýär? Owganlar Eýranyň haýsy ýerlerini basyp alypdyrlar?
3. Nedir şa türkmenleriň haýsy taýpasyndan bolupdyr? Ol näçenji ýyllarda Eýranda hökümdarlyk edipdir?

## § 36. Eýranda Gajar türkmenleriniň hökümdarlygy

**XVIII asyryň ikinji ýarymynda Eýranda ýurt dagynyklygy.** Nedir şa öldürilenden soň Eýranda ýurt dagynyklygy höküm sürýärdi. XVIII asyryň başlarynda Eýranyň günortasynda zend taýpasy güýçlenip başlaýar. Bu taýpanyň serdary Kerim hana 1760-njy ýyla çenli bütin Eýrany birikdirmek başardýar. Emma 1779-njy ýylda Kerim han ölenden soň Eýran da özara uruşlar başlaýar. Aýratyn hem zendler bilen türkmen taýpasy bolan gajarlaryň arasyndaky göreşler ýiti bolupdyr. 1794-nji ýylda Agamuhammet han Gajar zendlerden üstün çykyp, bütin Eýrany özüne tabyn edýär. Şeýlelikde, Eýranda Gajar türkmenleriniň döwleti esaslandyrylýar. 1796-njy ýylda **Agamuhammet han** özüni Eýranyň şasy diýip yglan edýär. 1797-nji ýylda Agamuhammet şa dildüwşükde öldürilenden soň, tagta onuň doganynyň ogly **Fataly şa** (1797–1834) çykarylýar.



**Agamuhammet şa**

**Eýranyň Angliýa, Fransiýa we Russiýa bilen gatnaşyklary.** XIX asyrda Eýranyň ýerlerine Angliýa, Fransiýa we Russiýa göz gyzdyrýardy. Eýranyň ýerlerini eýelemek ugrundaky hereketler 1804-nji ýylda rus-eýran urşunyň başlanmagyna sebäp bolýar. Russiýa Kawkaz daglaryndan günortada ýerleşýän ýerleri eýelemegi maksat edinýärdi. Rus goşunlaryna garşy durýan gajar goşunlaryna fransuzlar, iňlisler ýarag hem-de pul kömegini beripdirler. Emma edilýän kömekler Eýrany halas edip bilmändir. 1812-nji ýylyň oktýabrynda *Arslanduzda* bolan söweşde gajarlar rus goşunyndan ýeňildi. 1813-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Russiýa bilen Eýranyň arasynda baglaşylan Gülüstan şertnamasy boýunça Russiýa Eýranyň elinden Dagystany aldy.

XIX asyryň başlarynda bolup geçen eýran-rus urşunyň netijeleri taraplary kanagatlandyrmandyr. Şonuň üçin hem, 1826-njy ýylyň iýulynda Eýran goşunlary şazada Abbas mürzäniň serkerdeliginde öňki gideren ýerlerini gaýtaryp almak üçin ýene-de urşa başlaýar. Emma gajarlar bu gezek hem ruslardan ýeňilýärler.

1828-nji ýylyň 10-njy fewralynda Russiýa bilen Eýranyň arasynda ***Türkmençaý*** şertnamasy baglaşyldy. Şertnama boýunça iki ýurduň arasyndaky serhet Araks derýasy boýunça geçirildi. Bu uruşda Eýranyň ýeňilmegi ýurduň içinde uly nägilelikleri döredipdir. Nägile güýçleriň bir topary 1829-njy ýylyň 11-nji fewralynda Russiýanyň Tährandaky ilçihanasyna çozdular we ilçihananyň birnäçe işgärleri, şol sanda baş ilçi, belli rus ýazyjysy Griboýedow öldürildi.



**Abbas mürze**

Russiýadan ýeňilmegi Eýranyň halkara abraýyny peseldipdir. Şonuň üçin 1832-nji ýylda **Abbas mürzäniň** baştutanlygynda Sarahsa ýöriş geçirildi. Gajar goşunlary parahat oturan türkmen obalaryny ýandyryp, ilatyny talap hem-de bigünä adamlary öldürip yzyna dolanypdyrlar. Emma bu ýeňil ýeňiş Eýranyň halkara abraýyny peseltmese beýgeltmändir.

Rus-eýran uruşlarynda Hazaryň ýakasynda ýaşaýan türkmenler Russiýany goldapdyrlar. Emma Russiýa türkmenler babatynda ikiýüzli syýasat ýöredýärdi. 1837-nji ýylda rus patyşasy **Nikolaý I** bilen eýran şasy **Muhammet** Tbiliside duşuşyp, geljekde türkmen ýerlerini paýlaşmak hakynda dilleşipdirler.

**Muhammet şanyň** (1834–1848) dolandyran ýyllarynda iňlisler Hyrat şäherini eýelemäge hyýallanýarlar. Şonuň üçin hem ruslar Muhammet şa Hyrady eýelemegi maslahat berdiler. Eýran goşunlary Hyrady gabady. Eýran tarapynyň bu hereketine jogap edip iňlisler 1838-nji ýylda

Pars aýlagyndaky Harg adasyny eýelediler. Angliýanyň hereketi Muhammet şany gorkuzypdyr. Taraplaryň arasynda haýal etmän gepleşikler başlanýar. Eýran Hyradyň gabawyny aýrypdyr we iňlisler bilen 1841-nji ýylda edil ruslar bilen baglaşylan Türkmençaý şertnamasy ýaly ylalaşyk baglaşmaga mejbur bolupdyr.

**XIX asyryň ortalarynda Eýranda jemgyýetçilik-syýasy durmuş.** XIX asyryň 40-njy ýyllarynda Eýranyň käbir welaýatlarynda hökümete garşy çykyşlar bolup geçipdir. Bu çykyşlaryň başynda özlerini **babylar** diýip atlandyran dini mezhep (sekta) durupdyr. Bu mezhebi şirazly mata söwdagäri Aly Muhammet esaslandyrýar.

**Aly Muhammet** özüni ***Bab*** diýip (*Bab* – gapy, ýagny jennetiň, dowzahyň gapysy manysynda) yglan edipdir. Onuň tarapdarlaryny hem babylar diýip atlandyrýardylar. Aly Muhammet öz taglymatyny «Beýan» atly kitapda açyp görkezipdir. Babylaryň mezhebine girmedik adamlary olar Eýrandan kowup çykarmagy, emläklerini bolsa öz aralarynda paýlaşmagy göz öňünde tutýardylar.

1847-nji ýylda Bab tussag edilýär. Muňa jogap edip babylar Mazenderanda, Gilýanda we Neýrizde gozgalaň turuzýarlar. **Nasreddin şanyň** (1848–1896) weziri Mürze Tagy han hökümdaryna Baby öldürmegi maslahat berýär. 1850-nji ýylyň iýulynda Bab Töwrizde atylýar. Şundan soň babylaryň hereketi gowşaýar.

Eýranda babylaryň topalaňlarynyň gidýän döwründe ýurtda özgertmeleri geçirmäge hem synanyşyk edilýär. Baş wezir **Mürze Tagy han** merkezi häkimiýeti berkidipdir, ol ruhanylaryň täsirini peseltmäge, döwletiň harby we maliýe ulgamyny özgertmäge çalşypdyr. Mürze Tagy han welaýatlardaky häkimleriň eden-etdiligine, parahorlyga garşy göreşipdir. Emma Mürze Tagy hany Nasreddin şa ýamanlaýarlar. 1851-nji ýylda Mürze Tagy han şanyň buýrugy bilen jezalandyrylýar. Şundan soň Eýranda özgertmeler geçirilmegi bes edilýär.

10. Sargyt № 1718

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Eýranda Gajar türkmenleriniň döwleti näçenji ýylda esaslandyrylypdyr? Döwletiň paýtagty haýsy şäher bolupdyr?
2. Türkmençaý şertnamasy nähili wakadan soň baglaşylypdyr? Şertnamanyň netijeleri barada gürrüň beriň.
3. Eýran-rus uruşlary döwründe türkmenler haýsy tarapy goldapdyrlar?
4. Babylaryň hereketiniň düýp mazmunyny düşündiriň.

## § 37. Owganystanda Dürranylar döwletiniň döremegi

**Owgan taýpalarynyň ýerleşişi we hojalygy**. XVIII asyryň başlarynda Owganystanyň ýerinde onlarça özbaşdak taýpalar-tireler ýaşapdyr. Abdal taýpasy Kandagar bilen Hyratyň, gilzaýlar (halaçlar) Gazna welaýatynda we Kandagaryň bir böleginde ýaşapdyrlar. Goňşy döwletleriň gowşamagy bilen käbir owgan taýpalarynda özbaşdak döwlet kemala gelip ugraýar. XVIII asyryň başlarynda Gilzaý (halaç) hanlygy döreýär.



**Ahmet şa**

XVIII asyryň 30-njy ýyllarynda Owganystan **Nedir şanyň** döwletiniň düzümindedi. Emma 1747-nji ýylda Nedir şanyň öldürilmegi bilen Owganystanda garaşsyz döwletiň esaslandyrylmagy üçin amatly şertler döreýär.

Nedir şanyň serkerdeleriniň biri, abdal taýpasynyň serdary Ahmet han Abdaly owgan goşunlaryny Nedir şanyň ordasyndan alyp gidýär. Ahmet han Kandagara dolanyp geleninden soň, taýpa geňeşinde ony Owganystanyň hökümdary diýip yglan edýärler. Täze dörän Owgan döwletine *Dürrany*, ýagny «dürleriň içindäki dür» diýip at beripdirler. Ahmet hany bolsa **Ahmet şa Dürrany** (1747–1773) diýip atlandyrýardylar. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy Ahmet şa Dürrana sünni patyşasy hökmünde uly hormat

goýupdyr. Oňa özüniň iň gowy şygyrlarynyň birini «Arşy aglaýa» goşgusyny bagyş edipdir.

Ahmet şanyň Dürranylar döwleti Orta Gündogarda iň kuwwatly döwletdi. Onuň döwletinde tire-taýpa guramalary saklanylyp galypdyr. Käbir taýpalaryň ýerleri içki özbaşdaklyga eýe bolup, ol gadymy däpler boýunça dolandyrylypdyr. Käbir taýpalarda häkimiýet halk ýygnagy bolan ***Loýýa Jirga*** tarapyndan amala aşyrylypdyr.

Dürranylar döwleti welaýatlara, olaram öz gezeginde etraplara bölünipdir. Olary şa tarapyndan goýulýan dikmeler dolandyrypdyrlar. Bulardan başga-da wassal ýagdaýda bolan emirlikler, hanlyklar bolup, olaryň öz dolandyryş ulgamlary dowam edipdir. Ýokary kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet şanyň elinde bolupdyr, ýöne owgan begzadalaryna maslahat salmazdan, şa uly meseläni bir özi çözüp bilmändir. Aýratyn möhüm meseleler owgan taýpalarynyň wekilleri gatnaşýan Loýýa Jirgada çözülipdir.

**Dürranylar döwletiniň gowşamagy.** 1773-nji ýylda Ahmet şa ölenden soň onuň ornuna **Timur şa** (1773–1793) patyşa bolupdyr. Onuň dolandyran ýyllarynda hanlaryň topalaňy başlaýar. Şonuň üçin hem ol paýtagty Kandagardan Kabula geçirýär. Timur şanyň ogly **Zaman şa** (1793–1801) hem topalaňçy hanlar bilen häli-şindi urşup durmaly bolupdyr. Zaman şanyň iňlisler bilen hem «mäşi bişişmändir» we Hindistanyň musulman hanlary bilen iňlislere garşy göreşmek barada maslahat edipdir. Iňlisler hem onuň garşysyna her hili dildüwşükler gurapdyrlar. Ahyrynda iňlisleriň goldaw bermeginde Zaman şa tagtdan agdarylypdyr.

XIX asyryň başynda Owganystan güýçden gaçypdyr. Ahmet şanyň döwründe eýelenilen ähli ýerler elden gidipdir. Bu döwürde Angliýa her hili ýollar bilen Owganystana aralaşmaga we ony öz täsirine düşürmäge çalşypdyr.

Daşky howp bilen bir hatarda Dürranylar döwletini emele getirýän taýpalar hem özara oňuşmandyrlar.

**Dostmuhammet hanyň häkimiýete gelmegi.** 1826-njy ýylda Kabuly barakzaý taýpasynyň serdary Dostmuhammet han eýeleýär we özüni Owganystanyň emiri diýip yglan edýär. **Dostmuhammet han** (1826 – 1863) topalaňçy hanlary köşeşdiripdir, ýurduň maliýe ýagdaýyny gowulandyrýar, söwdanyň howpsuzlygyny üpjün edýär, goşuny düzedýär. Dostmuhammediň güýçlenmegi Hindistany eýeläp ýören iňlislere ýaramandyr. Şonuň üçin hem onuň garşysyna Penjabyň hökümdary Ranjit Singihi küşgürýärler. Dostmuhammet Ranjitden ýeňilýär we köp ýerlerinden mahrum bolýar. Şol döwürler iňlisler bilen ruslar hem Owganystanyň içine aralaşmak üçin özara bäsleşipdirler. Bu ýurtlaryň ikisi hem Owgan döwleti babatda ikiýüzli syýasat ýöredýärdiler.

Owganystan meselesinde aýratyn hem Angliýa işewürlik görkezipdir. Ol Owganystany hem öňki eýelän Hindistan koloniýasyna goşmak we Merkezi Aziýa ýurtlaryna aralaşmak isleýärdi.

**Birinji iňlis - owgan urşy.** Owganystana çozmak üçin iňlisler her hili bahanalary arapdyrlar. Olar Dostmuhammet, hamana, Hindistanyň ýerlerini basyp aljakmyş diýip iňlis parlamentini ynandyrypdyrlar. Bu işde iňlisler emiriň inisi Şuja hany hem peýdalanypdyrlar.

1839-njy ýylyň ýazynda iňlis goşunlary Kandagary eýeleýärler we şu ýerde Şuja şa diýlip yglan edilýär. Iňlisler Gaznany hem eýeleýärler. Dostmuhammet han Kabuldan çykyp, iňlislere garşy urşy dowam etdirmek üçin Balha tarap çekilmäge mejbur bolýar.

1840-njy ýylyň başlaryna çenli iňlis goşunlary tarapyndan Owganystanyň aglaba ýerleri eýelenýär. Ýurduň basylyp alynmagy owgan halkynyň gahar-gazabyny döredipdir. Ýurtda azat edijilik göreşi başlanýar. Balhda ýerleşmek bilen Dostmuhammet han owganlaryň, türkmenleriň hem-de özbekleriň goşunlaryna daýanyp, iňlisleri gysyp ugraýar.

1841-nji ýylyň 2-nji noýabrynda Kabulyň ilaty gozgalaň turzup, iňlis häkimi Bernsiň kabulhanasyna çozýarlar we ony öldürýärler. Kabulyň eteginde ýerleşýän iňlis goşuny gabalýar. Azat edilen şähere Dostmuhammediň ogly Akbar han goşunlary bilen gelýär. Kabul gozgalaňy bilen bir wagtda Gaznadaky, Kandagardaky we Jelalabatdaky iňlis birikmeleri hem gabalýar.

Owgan tagtyna tamakinçilik edýän Şuja şanyň goşuny dargaýar, köpüsi gozgalaňçylara goşulýar, onuň özi bolsa jezalandyrylýar. Iňlis goşunlary ýaragy taşlap, boýun egýärler. Şeýlelikde, iňlisleriň Owganystan babatyndaky basybalyjylykly syýasaty başa barmaýar. Owgan halky öz garaşsyzlygyny mertlik bilen gorapdyr.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Owgan taýpalary häzirki Owganystanyň nirelerinde ýaşapdyrlar? Kartadan şol ýerleri görkeziň.
2. Dürranylar döwleti näçenji ýylda we kim tarapyndan esaslandyrylýar? Dürranylaryň döwleti barada gürrüň beriň.
3. Birinji iňlis-owgan urşy haçan boldy? Ol nähili netijeler bilen tamamlandy?

# MERKEZI AZIÝA WE KAWKAZ

## § 38. Döwletleri we halklary

**Buhara emirligi, Hywa hanlygy**. Buhara emirligi Çingiz hanyň neslinden bolan Şeýbany han tarapyndan esaslandyrylypdy. Emma 1598-nji ýylda Abdyl Mömin hanyň öldürilmegi bilen şeýbanylar nesilşalygy ýaşamagyny bes edýär. Şonuň üçin hem buharaly begzadalar **Din Muhammet Aştarhanlyny** tagta çykarýarlar. Aştarhanlylar hem Çingiz hanyň neslindendi. Emma rus patyşasy Iwan Groznynyň (Ýowuzyň) Astrahany basyp almagy bilen ýerli hökümdar

Ýar Muhammet Mawerannahra gaçyp gelipdir. Buharanyň hökümdary **Isgender han** (1561 – 1583) Ýar Muhammediň ogluna öz gyzyny berip, aştarhanylar bilen garyndaşlyk gatnaşyklaryny has hem berkidipdirler. Şeýdip, täze aştarhanylar nesilşalygynyň düýbi tutulýar.

**Baky Muhammet hanyň** (1599 – 1605) döwründe Buhara emirligi gazak hanlarynyň hem-de sefewi türkmenleriniň hökümdary Abbas şanyň Merkezi Aziýa hüjümlerini saklamaly bolupdyr. Aştarhanylar nesilşalygynyň iň soňky wekili **Abulfeýz hanyň** (1711 – 1747) döwründe Buhara emirligi gowşapdyr.

XVI asyrda Çingiz hanyň neslinden bolan **Ilbars hanyň** hökümdarlyk etmeginde Horezmde hem ýene-de bir özbek hanlygy döreýär. XVII asyrdan başlap Hywa hanlygy diýlip atlandyrylyp ugran bu döwlet **Abulgazy hanyň** (1643–1663) döwründe has hem güýçlenipdir. Buharanyň Hywa bilen arasy ýitileşýär. Abulgazy, onuň ogly **Anuşa han** (1663–1687) Buharanyň üstüne birnäçe gezek ýöriş geçiripdirler.



**Buharanyň gala derwezesi**

**Nedir şanyň Buhara we Hywa ýörişleri.** Eýranda Awşar türkmenleriniň döwleti döränden soň **Nedir şa** Orta Gündogarda köp ýerleri basyp alypdyr. 1740-njy ýylda ol Buhara emirligine garşy ýörişe başlaýar. Buhara emiri Abulfeýz Nedir şa garşylyk görkezmekden çekinipdir we şa goşunlaryna boýun bolmak teklip edilende göwünjeňlik bilen boýun egipdir.

Abulfeýz han diňe bir özi boýun egmek bilen çäklenmän, eýsem, Hywa hany **Ilbarsa** (1728 – 1740) hat ýazyp, oňa hem Nedir şa boýun bolmagyny maslahat beripdir. Emma hywalylar Nedir şa boýun egmek islemändirler.

1740-njy ýylyň güýzünde Nedir şanyň goşunlary Buharadan çykyp, Hywa tarap ugraýar. Hywa hanlygynda Nedir şanyň goşunlaryna, esasan, türkmenlerden düzülen atly goşunlar garşylyk görkezipdirler. Emma Hywa hany Ilbarsyň gowuşgynsyzlygy zerarly türkmenler Nedir şa bilen bolan uruşlarda ýeňlipdirler. Ilbars han tutulyp, Nedir şa tarapyndan jezalandyrylyp öldürilýär.

Hywa hanlygyny gutarnykly eýeländen soň, Nedir şa onuň döwlet işlerini düzgünleşdirmek bilen meşgullanypdyr. Ol Hywadaky ähli gullary azat edipdir. Gulçulykdan boşadylan adamlary Nedir Horasana ugradypdyr we Abiwerdiň (häzirki Kaka) günortasynda olar üçin ýörite gala saldyrýar.

Nedir ölenden soň Merkezi Aziýada ýurt dagynyklygy we özara uruşlar öňküsindenem beter möwç alypdyr. Bu uruşlara özbekler, türkmenler, gazaklar, garagalpaklar, käwagtlar bolsa Buhara emirleri hem gatnaşypdyrlar. Abulgazy handan soň Hywa hany her ýylda, her aýda diýen ýaly çalşyp durupdyr.

1756-njy ýylda Buharanyň tagtyna maňňytlar nesilşalygynyň wekili **Muhammet Rahym** gelýär. 1770–1780-nji ýyllarda bolsa Buharany eje tarapdan aştarhanylara degişli **Daniýal biý** dolandyrypdyr. Emirlikde nägilelikler döremezligi üçin, ol dolandyryşy ogly Magsymyň adyndan ýöredipdir. Magsym çagalyk ýyllary Begjan, kämillik ýaşynda bolsa



**Buhara medresesi**

Şamyrat diýlip atlandyrylypdyr. Türkmen taryhynda ol *Şamyrat Welnamy* ady bilen bellidir.

**Şamyrat Welnamynyň** döwründe Buharanyň türkmenler bilen gatnaşyklary ýitileşipdir. Şol döwürler Merwi **Baýramaly han Gajar** dolandyrýardy. Emir Şamyrat 1785-nji ýylda Merwe garşy birnäçe ýöriş gurapdyr we birinji ýörişinde Baýramaly hany öldüripdir. Welnamy Merwe ikinji ýörişinde Murgapdaky Soltanbendi ýumrup, Merwi suwdan kesipdir.

Şamyradyň ogly **Mirhaýdaryň** (1800–1826) dolandyran ýyllarynda Lebap boýlarynda ärsary türkmenleriniň emire garşy köpçülikleýin gozgalaňlary bolýar.

**Türkmenler.** Türkmenler köp asyrlar bäri Müňgyşlakda, Üstýurtda, Garagum çölünde, Horasanda, Hywa hanlygynda, Buhara emirliginde we Balhda kowçum-kowçum bolup oturýardylar. Türkmen taýpalarynyň ýaşaýan ýerleri goňşy ýurtlar bolan Hywa hanlygynyň, Buhara emirliginiň, Sefewi türkmenleriniň döwletiniň düzümine girýärdi. Emma

erkinlik söýüji türkmenleri tabynlykda saklamak goňşy ýurtlaryň hökümdarlaryna kynlyk bilen başardýardy.



Türkmen öýi

Gürrüňi edilýän döwürde erkinlik söýüji türkmen taýpalary goňşy ýurtlar bolan Eýran, Hywa we Buhara döwletleri bilen yzygiderli uruşlary alyp barypdyrlar. Bu ýagdaý türkmen ýerleri tä Russiýa imperiýasy tarapyndan basylyp alynýança dowam etdi.

XVII–XIX asyrlarda türkmenleriň ykdysadyýetiniň esasyny ekerançylyk bilen maldarçylyk hojalygy düzüpdir. Hazarýaka türkmenleri bolsa, köplenç, balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Türkmenleriň dagynyklyk döwründe merkezleşen döwlet bolmansoň, döwletiň ähli wezipelerini oba jemagaty ýerine ýetiripdir. Oba jemagaty bolsa adatyň we şerigatyň kada-kanunlary esasynda dolandyrylypdyr. Türkmenleriň dolandyryş düzgüninde iň ýokary edara Maslahat ýa-da Geňeş hasaplanylypdyr. Ol saýlawly edara bolup, onuň düzümine hanlar, serdarlar, kethudalar we başga-da atly adamlar girizilipdir.

**Merkezi Aziýa halklarynyň ýaşaýyş durmuşy.** Merkezi Aziýada türkmenlerden hem-de özbeklerden başga-da gazaklar, gyrgyzlar, garagalpaklar, täjikler ýaşaýardylar. Bu halklardan gazaklar we gyrgyzlar, esasan, çarwaçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Gazaklar uç-gyraksyz sähralarda mal yzynda gezip, jemagatçylyk gurluşynda ýaşaýardylar. Gyrgyzlar bilen garagalpaklaryň durmuşy hem gazaklaryňka çalymdaşdy, ýöne olaryň bir bölegi ekerançylyk bilen hem meşgullanypdyrlar. Gyrgyzlaryň agramly bölegi, şeýle hem täjikler Buhara emirligine we Kokant hanlygyna, garagalpaklar bolsa Hywa hanlygyna tabyndylar.

**Gazagystanyň Russiýa birikdirilmegi.** Gazagystanyň ýerinde şol döwürler üç sany hanlyk ýa-da gazaklaryň aýdyşy ýaly, **Juz** bar eken. Olary **Uly juz, Orta juz** we **Kiçi juz** diýip atlandyrýardylar. XVII–XVIII asyrlarda gazak halky daşary ýurt basybalyjylarynyň, aýratyn hem Mongoliýanyň ýerinden hüjüm edýän jungarlaryň çozuşlaryndan ejir çekipdirler.

XVIII asyrda gazak taýpalarynyň ýaşaýan ýerlerine Russiýanyň serhetleri hem golaýlapdyr. 1731-nji ýylda Kiçi juzuň hökümdary Abulhaýyr han öz döwletiniň Russiýanyň düzümine kabul edilmegini gazanýar. 1740-njy ýylda Russiýanyň düzümine Orta juz hem girizilýär.

Gazak juzlary Russiýanyň düzümine girizilenden soň, patyşa häkimiýetleri bu ýerlerde han häkimiýetini ýatyrypdyrlar. 1822-nji ýylda han häkimiýeti Orta juzda, 1824-nji ýylda bolsa Kiçi juzda ýatyrylypdyr. Emma halk köpçüligi hanlaryň baştutanlygynda Russiýa garşy azat edijilik hereketine baş göteripdirler. Gazak halkynyň batyr ogly **Kenesary Kasymow** (1836–1847) köp ýyllaryň dowamynda ýerli halkyň özbaşdaklyk ugrundaky göreşlerine baştutanlyk edipdir.

XIX asyryň ortalaryna çenli Russiýa imperiýasy Gazagystanyň galan ýerlerini hem eýeläpdir. Şeýlelikde, gazak halkynyň mundan beýläkki ykbaly Russiýa imperiýasynyň düzümine goşulan beýleki halklaryň ykbaly bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup galypdyr.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Hywanyň hem-de Buharanyň hökümdarlary barada aýdyp beriň. Mongollaryň döreden döwletleri hakda gürrüň beriň.
2. Nedir şa Buharany hem-de Hywany näçenji ýyllarda basyp aldy?
3. Gazagystanyň ýerleri haçan Russiýa imperiýasynyň düzümine goşuldy? Gazagystanda azat edijilik hereketine kim ýolbaşçylyk edipdir?

## § 39. Kawkaz halklarynyň Osman imperiýasy, Eýran we Russiýa döwletleri bilen gatnaşyklary

**Gruziýa.** XVII asyryň başlaryna çenli Gruziýa bilen Ermenistan iki sany özara oňuşmaýan iki döwlet – Osman imperiýasynyň hem-de Sefewi türkmenleriniň döwletiniň arasynda göreşleriň gidýän ýerine öwrülipdir.

Gruziýanyň hem-de Ermenistanyň halky hristian dinine uýýardylar. Şonuň üçin hem bu ýurtlar Kawkaz ülkesine tarap süýşüp gelýän Russiýa bilen ýakynlaşmagyň ýollaryny gözleýärdiler.

XVIII asyryň başlarynda Gruziýanyň bir böleginde ýerleşýän Kartli döwletiniň patyşasy Wahtang VI Russiýa bilen ýakynlaşmaga çalşypdyr. Kawkazy öz daşary syýasatynyň bir ugry hasap edýän Osman imperiýasy ruslaryň bu ýerlere aralaşmagyny islemändir we 1723-nji ýylda Kartlini hem-de Gruziýanyň beýleki bir bölegi bolan Kahetiýany eýeläpdir.

1735-nji ýylda gürjüleriň Kartli hem-de Kahetiýa patyşalyklaryny Nedir şa eýeledi. Ol gürjülere birnäçe eglişikleri edipdir. Emma Nedir şa öldürilenden soň Kawkazda Eýranyň abraýy peselipdir.

XVIII asyrdan başlap rus-gürji gatnaşyklary güýçlenipdir. Pýotr I Pars ýörişi döwründe gürji patyşasy Wahtang VI oňa her hili ýardam edipdir. Ýekaterina II döwründe rus-gürji gatnaşyklary has-da berkedi.

1795-nji ýylda Gruziýa Agamuhammet şanyň goşunlary çozup girip, Tbilisini eýelediler. Iň soňky gruzin patyşasy Georgiý XII ýurduny öz düzümine kabul etmegini haýyş edip, rus patyşasyna ýüzlenýär. 1801-nji ýylda Aleksandr I-niň manifesti bilen Gruziýa Russiýa birikdirildi.

Russiýanyň Gruziýany eýelemegi bilen bu ýurda daşky çozuşlaryň öňi alnypdyr. Emma Russiýa Gruziýanyň durmuşynyň ähli ugurlarynda hojaýynçylyk edýärdi. Ähli ýer-

lerde rus dili ornaşdyrylýardy. Dagynyk Gruziýanyň geljekde birleşmeginden gorkup, rus hökümeti 1846-njy ýylda onuň ýerinde iki sany welaýaty (guberniýa) – Kutaisi we Tbilisi welaýatlaryny döretdi.

**Ermenistan.** XVII asyryň birinji ýarymynda Ermenistanyň gündogary Eýranyň, günbatar tarapy bolsa Osman imperiýasynyň düzümindedi. Ermenistanyň Eýrana degişli bölegi Ermeni hanlygy diýlip atlandyrylýardy. Bu hanlyk sefewi türkmen patyşalary tarapyndan bellenilýän ***begler-begi*** tarapyndan dolandyrylýardy.

Ermenistanda esasy uly mülkler türkmen patyşalary tarapyndan ýurduň hristian buthanasyna berlen ýerlerdi. Eçmiadzinde ýerleşýän ermeni buthanasyna ummasyz köp ýerler berlipdi. Sefewi döwletinde söwda işleri, esasan, ermeni täjirleriniň elinde bolupdyr. Şindi **Abbas şa** özüniň dolandyran ýyllarynda (1587–1629) ermenileri ýurduň paýtagty Yspyhanyň töweregine göçürip getiripdir. Şol ýerde Täze Julfa şäheri döräpdir. Ermeniler ussat senetçiler we eli ýeňil täjirler hasaplanylýardy. Ermeniler diňe bir Eýranda ýa-da Türkiýede däl, eýsem, Russiýada, Hindistanda we Günbatar Ýewropa ýurtlarynda-da şowly söwda işlerini alyp barypdyrlar.

XIX asyryň başlaryndaky rus-eýran urşundan soň ermenileriň köp ýerleri Russiýanyň düzümine giripdir. 1828-nji ýylyň Türkmençaý şertnamasy boýunça Ýerewan we Nahiçewan hanlyklary Russiýanyň düzümine goşulypdyr. Russiýa goşulan ýerleriň esasynda Ermenistan welaýaty döredilipdir.

**Demirgazyk Azerbaýjanyň Russiýa tarapyndan eýelenmegi.** 1724-nji ýylyň Stambul şertnamasy boýunça Azerbaýjan Osman imperiýasy bilen Russiýanyň arasynda paýlaşylypdyr. Şoňa görä-de, 1723–1735-nji ýyllarda Hazar deňziniň günorta-günbatar kenarlary Russiýanyň düzüminde boldy. 1734-nji ýylda rus patyşasy Anna Ioannowna

Osman imperiýasyna garşy uruşlara taýýarlanýan döwründe Nedir şa bilen ylalaşyk baglaşyp, Azerbaýjany oňa gaýtaryp berýär.

Nedir şa öldürilenden soň Azerbaýjanyň ýerinde Guba, Şemaha, Şeki, Genje, Garabag, Garadag ýaly birnäçe özbaşdak hanlyklar döreýär. XVIII asyryň ahyrlarynda Gajar türkmenleriniň döwletiniň döremegi bilen **Agamuhammet şa** Gruziýa ýörişleri döwründe Garabagy eýeleýär. Muňa jogap edip, rus patyşasy Ýekaterina II Kawkaza rus goşunlaryny iberýär. Agamuhammet şa rus goşunlary gelmänkä Azerbaýjandan çykyp gidýär. Netijede, Derbent, Baku, Genje şäherleri rus goşunlary tarapyndan eýelenýär. XIX asyryň başlarynda rus-eýran uruşlary netijesinde Eýran Gruziýadan, Ermenistandan, Dagystandan we Demirgazyk Azerbajandaky ähli hanlyklardan hemişelik el çekipdir. Russiýanyň eýelän ýerlerindäki hanlyklar ýatyrylypdyr we rus harby dolandyryşy girizilipdir.

**Zakawkazýe halklarynyň medeniýeti.** Kawkaz halklary bolan azerbaýjanlylaryň, ermenileriň we gruzinleriň gadymdan gelýän özboluşly baý medeniýeti bolupdyr. Bu halklaryň dilinde we dini garaýyşlarynda uly tapawutlaryň bardygyna garamazdan, olaryň aýdym-saz sungatynda, edebiýatynda we däp-dessurlarynda umumylyklar kändi.

Aýratyn hem azerbaýjanlylaryň türkmen hem-de türk halklarynyňka meňzeş bolan medeni mirasy bardy. Halk dessanlaryny aýdyjylar bolan azerbaýjanly bagşylaryň sungaty türkmen bagşyçylyk sungaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Azerbaýjanly bagşylar türkmen halkynyň söýüp diňleýän «Görogly», «Şasenem – Garyp», «Asly – Kerem», «Nejep oglan» ýaly halk dessanlaryny ürç edip aýdýardylar.

Edebiýatyň ösüşi Azerbaýjanda bu döwürde-de dowam etdi. XVIII–XIX asyrlarda azerbaýjan edebiýatynda **Wagif** (1717–1797), **Widadi** (1809-njy ýylda aradan çykan) ýaly

ajaýyp şahyrlar döredi, **Abbasguly Bakyhanow** (1794–1847) we **Mürze Fataly Ahundow** ýaly magaryfçylar orta çykdy.

Azerbaýjan bilen goňşuçylykda ýerleşýän Ermenistanda, Gruziýada hem ajaýyp sungat ussatlary ösüp ýetişipdir. **Sulhan-Saba Orbeliýani** (1658–1725), **Ownatan Nagaş** (1661–1722), Saýat Nowa (1712–1795), **Wissarion Gabaşwili** (1749–1791) ajaýyp şahyrlardy, zehinli suratkeşlerdi. Türkmenler, azerbaýjanlylar we gruzinler, ermeni şahyry **Saýat Nowan**y özleriniňki hasap edýärdiler.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Gruziýanyň ýerlerine haýsy döwletler dalaş edipdirler?
2. Gruziýanyň Kartli hem-de Kahetiýa patyşalyklary Nedir şa tarapyndan haçan basylyp alnypdyr?
3. Gruziýa Russiýanyň düzümine näçenji ýylda birikdirildi?
4. Abbas şanyň döwründe ermenilere berlen ýeňillikler hakynda gürrüň beriň.
5. Türkmençaý şertnamasy boýunça Ermenistanyň we Azerbaýjanyň haýsy bölekleri Russiýanyň düzümine girizilipdir?
6. Kawkaz halklarynyň meşhur söz ussatlary barada gürrüň beriň.

# HINDISTAN

## § 40. Beýik Mogollar döwletiniň gowşamagy

**Beýik Mogollar döwletiniň gurluşy.** XVIII asyrda Beýik Mogollaryň döwleti Gündogar ýurtlaryna mahsus bolan patyşalyk ýurt bolup galmagyny dowam etdiripdir. **Aurangzebiň** (1658–1707) dolandyran ýyllarynda döwlet 19 welaýata – *subalara* bölünip, olary patyşa tarapyndan bellenilýän *subadarlar* dolandyrýardylar.

Döwletde esasy wezipeler musulmanlaryň elinde bolup, olar gelip çykyşy boýunça dürli milletleriň wekillerinden

ybaratdy. Hökümdarlar, köp serkerdeler, emirler we ýönekeý esgerleriň aglabasy türkilerden hem-de türkmenlerden ybaratdy. Emma mogol goşunynda owganlar, dolandyryşda şaýy-parslar we ruhanylaryň arasynda araplar hem köp eken.

Beýik Mogollaryň döwletinde goşunyň ähmiýeti uludy. Emma XVII–XVIII asyrlarda mogol goşunlarynyň söweş ukyby peselipdir. Sebäbi daşary ýurt syýahatçylarynyň bellemeklerine görä, ýörişe ugran mogol goşuny uly bosguny ýada salypdyr. Sebäbi bu döwürlerde goşunyň yzy bilen arabalaryny jygyldadyp söwdagärler, olaryň yzyndan bolsa serkerdeleriň we esgerleriň bala-çagalary yzanda-çuwan bolşup ugrapdyrlar.

**Ýer eýeçiliginiň görnüşleri.** Mogol patyşasy ähli ekerançylyk ýerleriniň eýesi hasap edilipdir. Şonuň üçin hem ekerançylyk ýerlerinde oturýan raýatlara hökümdaryň peýdasyna salgyt salnypdyr. Ýer eýeçiliginiň *jagir, zemindary, ynam* we *wakf* görnüşleri saklanyp galýardy.



**Täçmahal mawzoleýi**

*Jagirdarlar* – bular, esasan, serkerdeler bolup, olara gulluk edýändikleri üçin bellibir welaýatlardan şanyň peýdasyna salgyt ýygnamak buýrulýardy. Jagirdarlar salgydyň bir bölegini özlerinde galdyryp, şonuň hasabyna olar hem özlerini ekläpdirler hem-de nökerlerine aýlyk töläpdirler. Jagir eýeçiligi Hindistanda iň köp ýaýran eýeçilik bolup, ol nesilden-nesle geçmändir.

Beýik Mogollaryň döwletinde *zemindaryň* ýerleri indus hem-de musulman begzadalaryna berlipdir. Şonuň üçin hem olaryň eýelerini zemindarlar diýip atlandyrýardylar. Zemindarlar goşun saklamandyrlar. Her bir zemindar şanyň peýdasyna özüne degişli ýerlerdäki daýhanlardan (raýatlardan) ýer salgydyny ýygnapdyrlar. Şunda olar ýygnan salgytlarynyň bir bölegini bitiren hyzmatlary üçin özlerinde galdyrýardylar.

*Ynam ýerleri* şalar tarapyndan döwletiň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin atly ulamalara, belli şahyrlara, tanymal döwlet işgärlerine peşgeş berilýän ýerler bolupdyr. Ynam ýerlerinden ýygnalýan salgyt dolulygyna ynamdaryň hasabyna geçipdir. Däp boýunça şalar ynamdar ölenden soň hem, köplenç, onuň ýerini nesillerine galdyrýardylar.

XVII asyryň ortalaryndan başlap mogol jemgyýetinde çuň ykdysady çökgünlik ýüze çykyp ugraýar. Onuň esasy sebäbi ýere eýeçilik düzgünleriniň we salgyt ulgamynyň bozulmagyndady. Öz girdejilerini artdyrmak üçin jagirdarlar, zemindarlar döwlet tarapyndan berilýän ýerleri her hili ýollar bilen özleriniň şahsy eýeçiligine geçirmäge synanyşýardylar.

Pul ýetmezçiligi şalary salgyt ýygnamak hukugyny baý adamlara satmaga mejbur edipdir. Täjirler, begzadalar, süýthorlar şadan salgyt ýygnamak hukugyny satyn alýardylar. Şeýle adamlary ***amila*** diýip atlandyrýardylar. Amila ol ýada beýleki etrapdan gelýän salgydy bir ýyl öňünden patyşa

nagt pul bilen töläpdir. Çykaran çykdajysyny ödemek hem-de iki-üç esse girdeji almak üçin amila daýhanlary sözüň doly manysynda «talanypdyr».

**Beýik Mogollar döwletiniň bölünip başlamagy.** XVII asyryň ahyrlarynda Beýik Mogollar döwleti bölünip ugraýar. Döwletiň bölünmegi aýratyn hem Penjapda we Dekanda güýçli dowam edipdir. Penjapdaky gozgalaňa ***sikhler*** mezhebi ýolbaşçylyk edipdir. Şunuň netijesinde XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda Penjapda sikhleriň döwleti döräpdir.

XVII asyryň ortalarynda Dekanda ýaşaýan *marathiler* hem mogollaryň agalygyndan çykmaga jan edipdirler. Marathileriň hereketine iri jagirdaryň ogly **Şiwaji** (1627–1680) baştutanlyk edýärdi. 1674-nji ýylda ol özüni Marath döwletiniň hökümdary diýip yglan edipdir.

1686–1687-nji ýyllarda Beýik Mogollar türkmenleriň Kutubşalar döwletini we Bijapury basyp alypdyrlar. 1724-nji ýylda Beýik Mogollaryň Dekandaky dikmesi Haýdarabat begligini döredýär, 1740-njy ýylda Bengaliýa, 1747-nji ýylda bolsa Aud özbaşdaklygyny yglan edýär.

**Nedir şanyň we owganlaryň Hindistana ýörişleri.** 1739-njy ýylda Hindistana Nedir şanyň goşunlary çozup girýär. Onuň Hindistany basyp almaklygyna Hazar deňzi bilen Amyderýanyň aralygynda ýaşaýan türkmenler hem işeňňir gatnaşypdyr. Panipat söweşinde gökleňlerden bolan Hanaly hanyň serkerdeliginde türkmen atly goşuny Nediriň agyr leşgeriniň öňünde bolup, söweşe giripdir.

Panipat söweşi Beýik Mogollaryň döwletiniň ykbalyny çözdi. Mogol hökümdary Muhammet şa ýeňildi. Nedir şa Delini eýeläpdir we Muhammet şanyň gaznasy türkmen hökümdarynyň eline geçipdir. Şol ýeňişde Nedir şa dünýäde iň uly göwher daşyny – *Kuhi-nury* (*Ýagtylyk dagy*) gola salypdyr.

11. Sargyt № 1718

1747-nji ýyldan başlap Hindistana owgan hökümdary Ahmet şa Dürrany ýöriş edip başlaýar. Ol mogollaryň elinden Penjaby alypdyr, soňra bolsa Kaşmiri eýeleýär. Netijede, XVIII asyryň ahyrlaryna çenli Beýik Mogollar döwleti halys tapdan düşüpdir. Döwletiň düşen gözgyny ýagdaýyndan Ýewropa ýurtlary, ilkinji nobatda bolsa, Angliýanyň «Ost-Hindistan» kompaniýasy peýdalanypdyr. Kompaniýa özüniň ýewropaly bäsdeşlerini ýuwaş-ýuwaşdan Hindistandan gysyp çykaryp başlaýar.

**Soraglar we ýumuş**

1. Şa Aurangzeb näçenji ýyllarda hökümdarlyk sürüpdir?
2. Beýik Mogollar döwletiniň düzüminden çykan ýerleri sanap beriň.
3. Nedir şa bilen marathileriň arasyndaky Panipat söweşi näçenji ýylda bolup geçdi? Söweşde taraplaryň haýsysy ýeňiş gazandy?

## § 41. Hindistanda syýasy dagynyklyk

**Portugaliýanyň, Fransiýanyň we Angliýanyň Hindistan ugrundaky bäsdeşligi.** XVII asyrda Hindistanyň kenarýaka şäherleriniň ilaty bilen ýewropaly söwdagärleriň arasynda gatnaşyklar başlanýar. Hindistan bilen söwdada portugal, golland, iňlis we fransuz täjirleri aýratyn işjeňlik görkezipdirler. Olar Hindistanyň günbatar we gündogar kenarlarynda Diu, Goa, Surat, Bombeý, Madras, Kalkutta ýaly söwda nokatlaryny esaslandyrypdyrlar.

Emma Hindistan bilen söwdada ýewropaly täjirler hemişe kümüş pullaryň ýetmezçiliginden kösenýärdiler. Pul ýetmezçiliginden kösenýän ýewropalylar öz kärdeşleri bolan hindi söwdagärlerinden pul karz alyp başlapdyrlar. Munuň üçin ýewropalylar dürli sebäplere görä kenar ýakalaryndaky söwda faktorilerine – söwda nokatlaryna gelýän hindi täjir-

lerine gaçybatalga berýärdiler. Ýewropaly täjirler hindilerden alan karz pullarynyň hasabyna ýerli harytlary satyn alýardylar. Hindi bazarlaryndan satyn alan harytlaryny täjirler Ýewropa, Demirgazyk Amerika alyp gidip satýardylar we soňra karz alan pullaryny gaýtaryp berýärdiler. Şeýdip ýewropaly söwdagärler hindi täjirleriniň kömegi bilen pul ýetmezçiliginden dynypdyrlar.

**Iňlis «Ost-Hindistan» kompaniýasy.** Hindistan bilen söwdada 1600-nji ýylda esaslandyrylan Angliýanyň «Ost-Hindistan» kompaniýasy aýratyn işjeňlik görkezipdir. XVIII asyra çenli bu kompaniýa Hindistanyň kenarýakalarynda we Gang derýasynyň boýlarynda köp sanly berkidilen faktorileri – söwda nokatlaryny döredipdir. Şol söwda nokatlarynyň biriniň esasynda soňra Kalkutta şäheri peýda boldy we ol tä XX asyryň başlaryna çenli Angliýanyň Hindistan koloniýasynyň paýtagty bolup hyzmat etdi.

Hindistandan esasy alnyp gidilýän haryt ýüpek we nah matalar bolupdy. Emma hindi matalarynyň Angliýa köp-



**Robert Klaýw hindi rajasy bilen**

çülikleýin getirilmegi iňlis dokmaçylarynyň nägileligini döredýärdi. Şol sebäpden hem iňlisler bu harytlary, köplenç, beýleki Ýewropa ýurtlaryna, şeýle hem Aziýa we Amerika döwletlerine satýardylar.



Hindi söweşijisi

Hindistanda agalyk etmek ugrundaky göreşde Angliýa bilen Fransiýa hemişe bäsleşip gelipdir. Olar biri-birinden galmajak bolup hindileriň içerki işlerine, tagt ugrundaky göreşlerine gatyşypdyrlar, öz adamlaryny ýerli häkimiýete çekipdirler. Şeýdip, olar köp girdeji alýardylar.

Bengal tagty ugrundaky göreşde «Ost-Hindistan» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Robert Klaýw köp para alypdyr.

**Iňlisleriň Hindistandaky basybalyjylykly syýasaty.** XVII asyryň ikinji ýarymynda Bengaliýany eýeläp we onuň baýlyklaryna eýe bolup, Angliýanyň «Ost-Hindistan» kompaniýasy bütin Hindistany basyp almaga girişýär. Bu işi iňlisleriň giňişleýin ulanan *subsidar* şertnamalary (*subsidiýa – maliýeleşdirmek* sözünden) ýeňilleşdirmäge we şol boýunça kompaniýanyň hindi begliklerinde öz goşunlaryny ýerleşdirmäge we şol goşunlaryň çykdajylaryny maliýeleşdirmegi, ýagny subsidiýa etmekligi ýerli hökümdarlaryň boýnuna ýüklemäge haky bolupdyr. Bu bolsa olaryň kompaniýanyň ýapjasyna öwrülmeklerine getiripdir.

Iňlislere Maýsur begligini eýelemek kyn düşüpdir. Sebäbi Maýsuryň hökümdary Haýdar Aly iňlisleriň eýelemegi maksat edinýän ýerleriniň ep-esli bölegini alypdyr. Haýdar Alynyň hereketleri iňlisleri gorkuzypdyr, şonuň üçin hem kompaniýa öz goşunlaryny Maýsura garşy sürüpdir.

Haýdar Aly marathiler bilen bileleşipdir we iňlislere garşy üstünlikli uruşlary alyp barypdyr. 1764-nji ýylda Haýdar Aly ölenden soň, onuň işini ogly Tipu Soltan dowam etdirdi. Oňa fransuzlar hem bellibir derejede kömek beripdirler. Tipu Soltan iňlislere garşy göreşde Osman imperiýasyndan kömek sorap, Stambula öz ilçilerini iberipdir. Emma Russiýa bilen alnyp barylýan uruşlar Osman imperiýasyna uzakdaky Hindistanyň kiçijik musulman döwletine kömek bermäge mümkinçilik bermändir.

1792-nji ýylda Maýsuryň hökümdary kompaniýanyň goşunlaryndan ýeňlipdir. Maýsura garşy uruşlarda iňlisler begligiň esasy ilaty bolan induslary öz tarapyna çekipdirler. 1799-njy ýylda Tipu soltan iňlis goşunlaryndan ýeňilýär we söweşleriň birinde onuň özi hem öldürilýär.

**Indoneziýada Gollandiýanyň kolonial düzgüni.** XVI–XVII asyrlarda Indoneziýanyň kenarlarynda portugallar agalyk edýärdi. Emma XVII asyryň ortalarynda golland «Ost-Hindistan» kompaniýasy portugallary bu ýerlerden gysyp çykarypdyr. Portugallara garşy ýerli halklaryň göreşinden peýdalanyp, gollandlar tiz wagtdan portugallaryňkydan hem zabun düzgünleri girizdiler.

XVII asyryň ortalarynda Ýawanyň merkezi we gündogar böleginde musulman döwleti bolan Mataram soltanlygy güýçlenipdir. 1652-nji ýylda golland «Ost-Hindistan» kompaniýasy Mataramyň soltanyny şertnama baglaşmaga mejbur edip, Ýawadan kompaniýa üçin ýer alýar. Mataramda berkänden soň, 1683-nji ýylda gollandlar onuň goňşusy Bantamy hem özlerine tabyn edýärler.

XVIII asyryň bütin dowamynda Gollandiýa Indoneziýada ymykly ornaşyp, ony öz koloniýasyna öwürdi. Napoleon uruşlary döwründe Gollandiýa Fransiýanyň ýarany bolupdy. Şol sebäpden hem 1811-nji ýylda iňlis floty Indoneziýanyň kenaryna gelýär we ýeňillik bilen Ýawany

eýeleýär. Şeýlelikde, Indoneziýa Angliýanyň koloniýasyna öwrülýär.

Indoneziýanyň iňlis häkimi Stemford Rafflz ýurtda ýer özgertmesini geçirýär. Düzgün boýunça ähli ekerançylyk ýerleri Angliýanyňky diýlip yglan edilýär, daýhanlar bolsa mirasdüşer kärendeçilere öwrülýärler. Iňlisler tarapyndan pul salgydy girizilipdir, feodal borçlar we önüm (natural) ýygymlary bolsa ýatyrylýar.

Napoleon ýeňlenden soň, Angliýa 1814-nji ýylda Gollandiýa bilen şertnama baglaşyp, Indoneziýany oňa gaýtaryp berýär. Golland agalygy dikeldilenden soň, halkyň ýagdaýy ýene-de agyrlaşýar. Şol sebäpden hem 1825 – 1830-njy ýyllarda Indoneziýada soltan maşgalasyndan bolan Dipenegoranyň baştutanlygynda halk gozgalaňy bolup geçýär. Emma bu gozgalaň hem gollandlar tarapyndan basylyp ýatyrylýar.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Iňlis söwdagärleri Hindistan bilen söwdada kümüş puluň ýetmezçiligini nähili usul bilen çözüpdirler? Iňlis täjirleriniň Hindistandan alyp gidýän harytlary barada gürrüň beriň.
2. Iňlis-maýsur uruşlary näçenji ýyllarda bolup geçipdir?
3. Iňlisler näme sebäpden Indoneziýany Gollandiýanyň elinden alypdyr? Angliýanyň Indoneziýany Gollandiýa gaýtaryp bermeginiň sebäbini düşündiriň.

# HYTAÝ

## § 42. Mançžurlaryň Hytaýy basyp almagy

**Hytaýda halk çykyşlary we ýurdy mançžurlaryň basyp almagy.** XVII asyryň 20 – 40-njy ýyllarynda Hytaýyň merkezini, Demirgazyk-Günbatar we Günbatar welaýatlaryny öz içine alýan uly gozgalaňlar boldy. Bu gozgalaňlaryň iki merkezi bolup, onuň birine öňki çopan Li

Szyçen (1606–1645), beýlekisine bolsa öňki esger Çžan Siýançžun (1606–1647) serkerdelik edipdir.

Gozgalaňçylaryň esasy talaplary Hytaýda hökümdarlyk edýän Min (1368–1644) nesilşalygyny agdarmak bolup durýardy. Gozgalaňçy goşunda tertip-düzgüni ýola goýup, Li Szyçen Pekine tarap süýşmegi karar edýär. Welaýat merkezi bolan Siýany eýeläninden soň, ol 1643-nji ýylda imperator diýlip yglan edilýär.

1644-nji ýylda Li Szyçeniň goşuny Pekini eýeleýär. Paýtagt eýelenenden soň, gozgalaňçylar ýurtda tertip-düzgüni ýola goýmaga başlaýarlar, tussaglary boşadýarlar. Min hökümetiniň köp emeldarlaryny jezalandyrýarlar. Emma tiz wagtdan gozgalaňçy goşuny zerur zatlar bilen üpjün etmäge degişli meseleler ýüze çykýar. Sebäbi uly goşuny saklamak üçin salgyt ýygnamalydy. Bu bolsa ýatyrylan salgytlary dikeltmäge mejbur edýär. Bu çäreler gozgalaňçylaryň gazanan ýeňşine uly howp salyp başlaýar. Emma esasy howp gozgalaňçylara demirgazykdan abanypdyr.

XVI asyryň ahyrlarynda Hytaýa demirgazykdan *mançžurlar* hüjüm edip başlaýarlar. Mançžurlaryň hökümdary Nurhasy şol asyryň ahyrlarynda döwlet döredýär. XVII asyryň başlarynda Nurhasynyň ogly Abahaý öz döwletini Sin (*arassa*) diýip atlandyrýar.

1644-nji ýylyň ýazynda hytaýly serkerde U Sanguý mançžurlara Beýik Hytaý diwaryndaky Şanhaýguwan geçelgesini açyp berýär we mançžurlar bilen bileleşip Hytaýy eýelemäge başlaýarlar. Pekiniň eteginde Li Szyçen bilen mançžurlaryň arasynda uly söweş bolup geçýär. Ýöne bu söweşde gozgalaňçy goşunlar yza çekilmäge mejbur bolýarlar.

**Hytaýda Sin imperiýasy.** Mançžurlar Pekini eýeläp Abahaýyň ogly Şunžini patyşa diýip yglan edýärler we Hytaýda mançžurlaryň **Sin nesilşalygy** (1644–1911) esaslandyrylýar. 1645-nji ýyldaky ýazky söweşlerden soň gozgalaňçylaryň esasy güýçleri ýok edilýär. Li Szyçen bolsa

söweşde wepat bolýar. Li Szyçen ýeňlenden soň Çžan Siýançžun basybalyjylara gaýtawul bermegi karar edýär. Emma 1647-nji ýylyň gyşynda bolan söweşleriň birinde ol ýaralanýar we ýesir alnyp öldürilýär.

1644 – 1647-nji ýyllarda mançžurlar Demirgazyk, Merkezi we Günorta Hytaýyň esasy ýerlerini eýeläpdirler. Ýöne olar basyp alan ýerlerinde ýeterlik derejede berkleşip bilmeýärdiler. Sebäbi ýurtda yzy üzülmeýän gozgalaňlar bolup geçýärdi. Hytaýyň köp ýerlerinde mançžur agalygy dikeldilenem bolsa, göreşler bes edilmändir. Öňki gozgalaňçylardan galanlary Çžan Siýançžunyň egindeşi Li Dingonyň serkerdeliginde Hunan, Guýçžou, Guansi welaýatlarynda söweş alyp barypdyrlar.

Mançžurlara garşy iň soňky gozgalaňy dönük U Sanguý başlaýar. Ýöne şonda gozgalaň basylyp ýatyrylmanka U Sanguý aradan çykýar we onuň ady Hytaýyň taryhynda dönükligiň alamaty bolup galýar. 1683-nji ýylda mançžurlar Taýwany hem eýeleýärler. Şeýdip, mançžurlaryň Hytaýy basyp almagy tamamlanýar.

Ýurduň basylyp alynmagynyň esasy sebäbi hytaýlylar birleşip bilmändirler, ýurt tozgun ýagdaýdady, yzy üzülmeýän daýhanlaryň gozgalaňlary dowam edýärdi. Beýleki bir tarapdan, mançžurlar inçe syýasat ýöredipdirler: olar daýhanlaryň, ýer eýeleriniň mülklerine degmeýärdiler, ekerançylygy höweslendirýärdiler. Min hökümeti tarapyndan girizilen çökder salgytlar we borçlar ýatyrylýardy.

**Gatlaklar.** Sinleriň döwründe Hytaýda iki sany uly gatlak bardy: *min* (halk) gatlagy – bular hytaý jemgyýetiniň esasy önüm öndürijileri, borçlary ýerine ýetirijileri we salgyt töleýjileri bolupdyr. *Guan* (emeldarlar) gatlagy – bular emeldarlar bolup, olar dolandyryş ulgamyny ýöredipdirler, önüm öndürmändirler, salgyt tölemändirler.

Ekerançylyk ýerleriniň köp bölegi oba jemagatynyň elindedi. Jemagat ýerleriniň iň köp ýaýran ýerleri ýurduň günortasynda ýerleşipdir. Şol ýerleriň içinde buthana, mekdep we haýyr-sahawat ýerleri hem bar eken. Ýerden alynýan önüm-

ler dini baýramçylyklary geçirmäge, mekdebiň çykdajylaryny ödemäge, jemagatyň garyp-gasarlaryny eklemäge sarp edilipdir.

Hytaýy çäklendirilmedik häkimiýeti bolan patyşa dolandyrýardy. Sin hökümdary hytaý däbi boýunça «Taňrynyň ogly» diýlip atlandyrylypdyr. Mançžur patyşalarynyň iň başarjaňlary **Kansi** (1662 – 1723) bilen **Sýanlun** (1736 – 1796) bolup, olaryň döwründe Hytaý ýene-de gadymky döwürlerdäki ýaly kuwwatly döwlete öwrülipdir.

Hytaýda *baoszýa* düzgüni – köpçülikleýin jogapkärçilik giňden ulanylypdyr, ýagny adamlar birek-biregiň eden işlerine bileleşip jogap bermäge mejbur bolupdyrlar.

Sinler basybalyjylykly daşary syýasat ýöredýärdiler. XVII – XVIII asyrlarda Mongoliýa, Jungariýa, Tibet we Kaşgar basylyp alnypdyr. Mançžur goşunlary Birmany (häzir Mýanma döwleti) we Wýetnamy öz hökümdarlyklaryna tabyn etmek üçin talaňçylykly ýörişleri geçiripdirler. Sýanlunyň dolandyran ýyllarynda mançžurlar hatda Merkezi Aziýa hem howp salypdyrlar.

**Sinleriň Ýewropa ýurtlary bilen gatnaşyklary.** Sin basybalyşlary Russiýany hem bellibir derejede çekindiripdir. Mançžurlar ruslaryň XVII asyryň ikinji ýarymynda Amur derýasynyň boýlaryndaky ýerlerini almak isleýärdiler. Şonuň üçin hem Sin goşunlary Amur derýasyna tarap ýörişleri geçirdi. Mançžurlaryň güýçli döwlet bolmagy Russiýany eglişik etmäge mejbur edýär. 1689-njy ýylyň Nerçinsk şertnamasy boýunça Amur derýasynyň çep kenaryndaky ýerler Sin imperiýasynyň düzümine girizildi. Bu ýerleri Russiýa mançžurlaryň elinden diňe 1858-nji ýylda gaýtaryp alyp bildi.

Ýewropalylar Hytaýyň kenarlarynda Min nesilşalygynyň dolandyrýan döwründe XVI asyrda peýda bolup ugrapdyrlar. Hytaýa ilkinjiler bolup portugal täjirleri gelipdir. Olar Hytaýyň kenarlarynda söwda nokatlaryny esaslandyrýardylar. XVII–XVIII asyrlarda bu ýerlerde iňlis, golland hem-de

fransuz täjirleri hem peýda bolup başlaýar. Emma bu döwürde Hytaý entek özbaşdak, güýçli döwletdi.

1757-nji ýylda Hytaý hökümeti ýurduň daşary ýurtlular, öňi bilen ýewropalylar babatynda ýapylýandygy hakynda ýörite perman kabul etdi. Bütin daşary söwda Sin häkimiýetleriniň gözegçiligine alyndy we diňe Günorta Hytaýyň port şäheri Kantonyň (Guançjou) üsti bilen söwda etmäge ygtyýar edildi.

Hytaýyň dünýä ýurtlaryndan öz-özüni çetleşdirmegi ýaramaz netijelere getiripdir. Ýurtda orta asyr gatnaşyklary üýtgewsizligine galypdyr, bu bolsa döwletiň gowşamagyna, ahyrsoňunda bolsa ösen Ýewropa ýurtlarynyň täsirine düşmegine getiripdir.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Hytaýda daýhanlar urşy näçenji ýyllarda bolup geçipdir? Hytaýda daýhanlar urşunyň bolan ýerlerini kartadan görkeziň.
2. Hytaýda näçe sany gatlak bolupdyr? Olar haýsylar? Olaryň jemgyýetde tutýan orny barada gürrüň beriň.
3. Hytaý haçan daşary ýurtlular üçin ýapylypdyr?

## § 43. Ýewropalylaryň Hytaýa aralaşyp başlamagy

**«Tirýek uruşlary» we adalatsyz şertnamalar.** XVIII–XIX asyrlaryň sepgitlerinde Angliýa Hytaýa aralaşmaga jan edýärdi. Sebäbi Hytaýda farfor önümleri, pagta, ýüpek, temmäki, çaý, kofe, tüwi köp öndürilýärdi. Bu harytlar dünýä bazarynda uly isleglerden peýdalanýardy. Emma Hytaýyň hökümdarlary beýleki Ýewropa ýurtlary bilen bir hatarda Angliýany hem Hytaý bazaryna goýbermeýärdi.

Döwletara gatnaşyklarynyň ýitileşmegine iňlis söwdagärleriniň Hytaýda alyp barýan bikanun tirýek söwdasy

hem sebäp bolupdyr. Hytaýa tirýegiň getirilmeginiň sebäbi, öňler iňlisler Hytaýdan köp zat alyp gidip, olaryň bu ýere getirýän harytlary az eken. Şonuň üçin hem iňlislerde haryt satyn almak üçin kümüş pullar ýetmezçilik edýärdi. Hytaýda bolsa harytlary diňe kümüş pula satyn alyp bolýardy. Iňlis söwdagärlerinde bolsa şonça köp mukdardaky kümüş pullar ýokdy.

Emele gelen ýagdaýdan iňlis söwdagärleri tiz çykalga tapdylar. Olar Hindistandan tirýek daşap ugradylar we tirýek söwdasyndan gelýän kümüş pullary hytaý harytlaryny satyn almaga sarp edýärdiler. Hytaýyň döwlet işgärleriniň arasynda tirýek söwdasyna garşy çykanlar tapylypdyr. 1838-nji ýylyň dekabrynda imperator tarapyndan tirýek söwdasyna garşy göreşmek üçin Guandun welaýatyna iberilen hytaýly emeldar Guançžoua gelip, 20 müň çelek (1 çelekde 60 *kg* tirýek bar eken) tirýegi ýakdyrýar.

Angliýanyň hökümetine Hytaýyň içki işlerine gatyşmak üçin gowy bahana döreýär. Iňlis hökümeti iňlis raýatlarynyň bähbidini gorandan bolup urşa başlady. Bahanasy tirýek söwdasy bolandygy üçin, 1839-njy ýylda başlanan bu uruş «Tirýek uruşlary» adyny aldy.

Sin hökümdary gorkusyna boýun egmäge mejbur boldy we 1842-nji ýylyň 29-njy awgustynda Nankin şertnamasyna gol çekildi. Bu täze taryhda Ýewropa ýurdunyň Aziýa döwleti bilen baglaşan ilkinji kemsidiji şertnamasydy. Şertnama boýunça iňlis söwdagärleri uly ýeňillikleri aldylar we Şanhaý, Guançžou, Nunbo, Fuçžou ýaly şäherler daşary ýurtly söwdagärler üçin açyldy.

1844-nji ýylda şeýle şertnamany Hytaýyň boýnuna ABŞ bilen Fransiýa hem dakdy.

**Hytaýda taýpinleriň gozgalaňy.** Tirýek uruşlary döwründe hytaý halkynyň gün-güzerany kynlaşdy, salgytlar yzygider artdy. Ýurduň dürli ýerlerinde halk çykyşlary bolup geçýärdi.



**Taýpinleriň ýörişi**

1843-nji ýylda oba mugallymy **Hun Sýusýuan** (1814 – – 1864) Guansi welaýatynda «Taňra tagzym edýänleriň jemgyýetini» ***(Baýşandihueý)*** döredýär. Ol hemmeler üçin deň adalatly jemgyýeti gurmagy hem-de Sin nesilşalygyny agdarmagy maksat edipdir.

Sin häkimiýeti *Baýşandihueýäni* yzarlap ugraýar. 1850-nji ýylda jemgyýetiň agzalary bilen sin goşunlarynyň arasynda ilkinji çaknyşyklar başlaýar. Gozgalaňçylar «Taňrynyň beýik abadançylyk döwletini», ýagny «Taýpin-týango» döwletini gurmagy öz öňlerinde maksat edinip goýupdyrlar. Şonuň üçin hem olary *taýpinler* diýip atlandyrýardylar.

Taýpinler sin goşunlaryna garşy üstünlikli hereket edýärdiler. Birnäçe söweşlerden soň 1853-nji ýylyň 19-njy fewralynda olar Nankin şäherini zabt edip aldylar. Nankini eýeläp, taýpinler berk tertip-düzgünleri girizdiler. Çakyr içmek, tirýek çekmek, humar oýnamak gadagan edilipdir. Taýpin kanunlaryna görä, aýallaryň hukuklary erkekleriňki bilen deňleşdirilipdir, hatda goşunda aýallardan düzülen bölümler hem bar eken. Daşary we içeri syýasatda taýpinler

daşary ýurtlar bilen deňhukukly we özara bähbitli söwdanyň we gatnaşyklaryň tarapdary bolupdyrlar. Taýpin döwletiniň ýerinde diňe tirýek söwdasy gadagan edilipdir.

1853–1854-nji ýyllarda Angliýa, Fransiýa, ABŞ taýpinleriň paýtagtyna öz wekillerini iberip, sinler bilen taýpinleriň arasyndaky gatnaşyklarda özleriniň bitarapdyklaryny bildiripdirler. Emma olar assyrynlyk bilen sinleri goldaýardylar, olara ok-ýarag, azyk we pul kömegini berýärdiler.

Nankini eýelänlerinden soň taýpinler demirgazyga – Pekine tarap ýörişlere başlaýarlar. Gozgalaňçylar Demirgazyk Hytaýyň welaýatlaryna uly ýörişleri guraýardylar, emma olaryň köpüsi şowsuz tamamlandy. 1853-nji ýylda taýpin goşunlary Günbatara-da ýöriş guradylar we Anhueý, Szýansi we Hubeý welaýatlarynyň köp ýerlerini eýelediler.

Emma 1856-njy ýyldan başlap taýpinler özara oňuşman başladylar. Olaryň arasynda häkimiýete dalaş edýän dürli toparlar ýüze çykdy. Taýpin baştutanlaryndan Weý Çanhueý bilen Ýan Sýusin oňuşmandyr. Ýan Sýusini Týanwanyň (Hun Sýusýuan) hut özi goldaýardy. Týanwan görnükli serkerde Şi Dakaýy hem wezipesinden boşadýar. Netijede, häkimiýet başyna Hun Sýusýuanyň garyndaşlary geldi. Şundan soň taýpinler gutarnykly gowşadylar.

1864-nji ýyla çenli taýpinler eýelän ýerleriniň köp bölegini ýitirdiler. Sin goşunlary taýpinleriň paýtagtynyň alkymyna golaýlaşypdyr. Şonuň üçin hem 1864-nji ýylyň iýun aýynda Hun Sýusýuan özüni öldürdi. Şol ýylyň 19-njy iýulynda bolsa Sin goşunlary Nankine kürsäp girdiler we köçe söweşlerinde 100 müň adam öldürildi. Taýpin serkerdelerinden Li Sýuçen ýesir alyndy we jezalandyryldy. Beýleki bir taýpin serkerdesi Şi Dakaý bolsa, baryp 1863-nji ýylda ýurduň günbatarynda alnyp barylýan söweşler wagtynda öldürilipdi. Şeýlelikde, taýpinleriň gozgalaňy ýatyrylýar.

**Ikinji tirýek urşy.** Hytaýyň içinde bolup geçýän çylşyrymly wakalardan Angliýa we Fransiýa peýdalandy. Olar

Hytaýdan 1842–1844-nji ýyllarda özleri bilen baglaşylan şertnamalara üýtgeşmeler girizmegini talap edýärler. Emma Sin hökümeti talaby kabul etmedi. Şonuň üçin hem iňlis-fransuz goşunlary 1858-nji ýylda paýtagtyň golaýyndaky Týanszin şäherini eýelediler.

Sin hökümeti boýun egmäge mejbur boldy. 1858-nji ýylda iňlis-hytaý, fransuz-hytaý şertnamalary baglaşyldy. Bu wakadan soň Ýewropanyň ýene-de birnäçe döwletleri Hytaýda ornaşmagy başardylar. Emma Hytaý tarapy gol çekilen şertnamalary tassyk etmeýär. Şonuň üçin hem Hytaýa garşy ýene-de uruş hereketleri dowam etdirilýär. 1860-njy ýylyň sentýabrynda hytaýlylar boýun egýär. Pekin iňlis-fransuz goşunlary tarapyndan eýelendi. Imperator köşgüni taşlap gaçdy. Sin imperatorynyň wekili iňlisleriň hem-de fransuzlaryň ähli talaplaryny kabul edip, täze şertnama gol çekdi.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Birinji tirýek urşy näçenji ýyllarda bolup geçdi? Näme üçin ony «Tirýek urşy» diýip atlandyrypdyrlar?
2. Nankin şertnamasy Angliýa nähili ýeňillikleri berdi? Hytaýyň daşary söwda üçin açylan port şäherlerini sanap beriň.
3. Taýpinleriň gozgalaňy näçenji ýyllarda bolup geçipdir? Gozgalaňyň bolup geçen we Taýpin döwletiniň ýerlerini kartadan görkeziň.

# ÝAPONIÝA

## § 44. Tokugawa nesilşalygynyň häkimiýet başyna gelmegi

**Ykdysady ösüşleriň aýratynlyklary.** XVII–XVIII asyrlarda Ýaponiýa öz goňşularyndan tapawutlylykda, ösüşde bellibir üstünlikleri gazanmagy başardy. XVII asyr Ýaponiýada feodalizmiň iň çalt depginler bilen ösen döwri boldy

we şol ösüş mümkingadar derejelere çenli ýokarlandy. Aziýanyň hiç bir döwletinde şeýle ýagdaý kemala gelmändi. Bu döwürde hususy daýhan hojalyklary ekilýän ekinleriň görnüşlerini artdyrypdyrlar. Şalynyň 100-e golaý, bugdaýyň, arpanyň, süläniň 12 görnüşi ekin dolanyşygyna girizilipdir. Ýaponiýada suwarymly ekerançylyk giňäpdir. Ekerançylykda daýhanlar dökünleriň täze görnüşlerini ulanypdyrlar, bu bolsa 2-3 hasyl almaga mümkinçilik beripdir. Şeýle şertlerde daýhanyň diňe bir özüne zerur bolan önümi däl, eýsem, goşmaça önüm almaga-da mümkinçiligi bolupdyr.

**Ýaponiýanyň durmuş we döwlet gurluşy.** Ýaponiýanyň harby hökümdary – *Sýogun* ilaty dört gatlaga bölüpdir. Şonuň üçin hem Ýaponiýada emele gelen bu durmuş gurluşy *Si-no-ko-sýo* ulgamy diýlip atlandyrylypdyr. *Si* – samuraýlar, *no* – daýhanlar, *ko* – senetçiler we *sýo* – söwdagärler bolupdyrlar.

Täze taryha geçilýän döwürde Ýaponiýada imperatoryň hem özbolujly häkimiýeti bardy. Imperator köne paýtagt bolan Kiotada oturyp, ol diňe dini häkimiýete eýedi. Ýa-



**Ýapon köşgi**

ponlar sintoizm däpleri boýunça oňa çuňňur hormat bilen garapdyrlar. Dogrusy, ýapon halky üçin imperator janly hudaý bolupdyr. Emma iş ýüzünde, gündelik durmuşda onuň elinde hiç hili häkimiýeti ýokdy. Ýaponiýada dünýewi häkimiýet Edo galasynda (häzirki Tokio) oturýan Tokugawalar neslinden bolan sýogunlaryň elindedi.

**Döwletde ýer eýeçiligi.** Ýaponiýada ekerançylyk ýerleri döwlet hem-de hususy ýerlere bölünipdir. Döwlet ýerlerine sýogunyň hususy mülkleri hem degişlidi. Sýogunyň mülklerinden ýurt boýunça öndürilýän şalynyň 40%-i ýygnalypdyr. Tokugawalar döwletiň raýatlaryndan salgyt almandyrlar. Sebäbi sýogun ýurduň dürli ýerlerinde ýerleşýän öz mülklerinden gelýän girdejileriň hasabyna köşk emeldarlaryny we özüniň samuraý goşunlaryny saklapdyr.

Welaýatlarda *daýmýolar* oturyp, olar şol welaýatyň hem häkimi hem-de ekerançylyk ýeriniň eýesi bolupdyrlar. Şonuň üçin hem Ýaponiýada welaýatyň *daýmýosy* diýlende, *mülkdar-häkim* göz öňüne gelýär. Daýmýolar welaýatlary dolandyrypdyrlar, welaýatyň ähli ekerançylyk ýerlerine eýeçilik edýärdiler. Olar alýan girdejileriniň hasabyna öz welaýatynyň emeldarlaryna we samuraýlaryna hak töleýärdiler. Sýogunlar resmi taýdan daýmýolara salgyt salmandyr. Ýöne daýmýolar sýoguna müňlerçe altyn we kümüş pullary, şeýle hem dürli zynatlary yzygiderli sowgat getiripdirler.

Tokugawalaryň döwründe Ýaponiýada şäherler ösüpdir. Şäherlerde senetçilik ösüp, söwda giňäpdir. Edo, Osaka, Kioto, Nagoýa, Nagasaki, Hakato şol döwürleriň esasy iri ýapon şäherleridi. XVII asyryň ortalarynda Edonyň we Kiotonyň ilaty 500 müň adama ýetipdir.

XVI asyryň ikinji ýarymynda Ýaponiýanyň kenarlarynda ýewropalylar peýda bolupdyr. Ýewropalylardan ilkinji bolup portugallar geldi, soň gollandlar we iňlisler gelip başlaýar. Iňlis adamlary Ýaponiýa ilkinji gezek gollandlaryň

gämisinde 1600-nji ýylda gelipdiler. Ýewropalylar Ýaponiýa bilen söwda edipdirler, hristian dinini ýaýradypdyrlar.

Tokugawalar günbatarlylaryň tehniki ösüşini hem giňişleýin peýdalanýardylar. Ýewropalylardan olar ok atýan ýaraglaryny satyn alypdyrlar. Emma ýapon dolandyryjylary hristiançylygyň ýaýradylmagyna garşy barlyşyksyz göreşipdirler.

**Ýaponiýanyň «ýapylmagy» we onuň netijeleri.** Ýewropalylaryň Ýaponiýanyň içine aralaşyp başlamagy, aýratyn hem hristiançylygyň köpçülikleýin ýaýrap başlamagy hökümdarlary gorkuzypdyr. Şonuň üçin hem 1639-njy ýylda Sýogunyň permany bilen ýaponlara ýurtdan çykmak, daşary ýurt raýatlaryna bolsa Ýaponiýa gelmek gadagan edildi. Hökümiň şu kararyny bozanlara ölüm jezasy howp salypdyr.



**Ýapon samuraýlary**

1636-njy ýylda Nagasaki şäheriniň töwereginde daýhanlaryň gozgalaňy bolýar. Gozgalaň turzanlar katolik dinini kabul edenler bolup çykdy. Bu gozgalaňy basyp ýatyrmaga gollandlar sýoguna ýakyndan kömek edipdirler. Şonuň üçin hem hökümet tarapyndan olara Ýaponiýada söwda etmäge rugsat edilipdir.

Sýogunyň gollandlara Ýaponiýa gelmäge rugsat bermeginiň özboluşly sebäpleri bardy. Ýaponlar gollandlaryň kömegi bilen ýewropalylaryň ylymda, bilimde, ykdysadyýetde, medeniýetde we tehnikada gazananlaryny peýdalanmak we ýurduň gündelik durmuşynda ulanmak isleýärdiler.

Gollandlar bilen bir hatarda koreýlere hem-de hytaýlylara-da Ýaponiýa gelmäge rugsat berlipdir. Ýöne bu ýurtlaryň raýatlaryna, şol sanda gollandlara hem diňe Naga-

12. Sargyt № 1718

saki şäherine ýylda iki gezek gelmäge ygtyýar edilipdir. Şeýlelikde, Ýaponiýa diňe bir goňşy ýurtlary üçin däl, eýsem, alysdaky ýurtlar üçin hem ýapylypdyr. Şonuň üçin hem ýurduň mundan beýläkki ösüşi ýurduň ýapyk ýagdaýynda dowam etdi.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Näme üçin Ýaponiýada Aziýanyň beýleki ýurtlaryna garanyňda bazar gatnaşyklary has ösüpdir? Onuň sebäbini düşündiriň.
2. Täze taryha geçilýän döwürde Ýaponiýada ýer eýeçiliginiň nähili görnüşleri bolupdyr? *Si-no-ko-sýo* ulgamy barada gürrüň beriň.
3. Daýmýolar kim bolupdyrlar?

## § 45. Ýaponiýada orta asyr gatnaşyklarynyň gowşamagy

**XVIII asyryň ikinji ýarymynda – XIX asyryň birinji ýarymynda Ýaponiýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XVIII–XIX asyrlarda Ýewropa ýurtlarynyň çalt depginler bilen ösýändigine garamazdan, Ýaponiýa feodal gurluşly döwlet bolup galmagyny dowam etdirýärdi. Orta asyrlarda bolşy ýaly, Ýaponiýada ekerançylyk ýerleri feodal gatlagy bolan samuraýlaryň elindedi. Esasy öndürijiler bolan daýhanlar samuraýlaryň ýerlerini nesilden-nesle geçirmek şerti bilen kärendeçilige alýardylar. Bu döwürlerde ýapon daýhanlary bol hasyl ösdürip ýetişdirmegi başarypdyrlar. Olar öndüren önümleriniň köp bölegine özleri eýe bolýardylar. Öndürilýän önümiň şolar ýaly tertipde paýlaşylmagy Ýaponiýada bazar gatnaşyklarynyň kemala gelmegine gowy täsir edipdir. Sebäbi daýhanlar özlerine düşýän hasylyň bir bölegini bazara çykaryp satyp bilýärdi. Ýaponiýanyň dürli welaýatlarynda ýaşaýan daýhanlaryň şäher bazarlaryna haryt getirip satmaklary ýurtda haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegine oňaýly täsir edýärdi.

Ýaponiýada söwda hem-de senetçilik önümçiligi bellibir derejede ösüpdir. Ýurduň iri şäherleri senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleridi. Bu döwürde Ýaponiýanyň Ýewropa ýurtlaryndakydan pes bolmadyk uly şäherleri bardy. Şeýle şäherleriň hatarynda Edony (häzirki Tokio), imperatoryň köşgi ýerleşýän senetçilik merkezi Kiotony, söwda merkezi – Osakany, şeýle hem Sakaýi, Hakata, Nagasaki ýaly ösen şäherleri görkezmek bolar.

XIX asyryň ortalaryna çenli Ýaponiýada umumymilli bazar emele gelipdir. Bazar gatnaşyklary başda çäkli häsiýetdedi, ýöne soňra bu gatnaşyklar aýry-aýry welaýatlaryň çäginden çykyp, umumymilli häsiýete eýe boldy. Bir welaýatda öndürilýän harytlar goňşy we uzakdaky welaýatlara alyp gidilip satylýardy. Ýaponiýanyň aýry-aýry welaýatlary harydyň haýsy hem bolsa bir görnüşini öndürmäge ýöriteleşip başladylar. Käbir welaýatlarda dag-magdan işleriniň hem dürli görnüşlerini öndürmek güýçli depginlerde alnyp barylýardy.

Şäherler söwdanyň hem-de senetçiligiň merkezleri bolmak bilen ýurduň ykdysady ösüşinde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Aýratyn hem ähliýapon söwda merkezine öwrülen Osaka şäheriniň ähmiýeti uludy. Ýaponiýanyň günorta we günorta-günbatar, şeýle hem merkezi welaýatlarynyň häkimleriniň Osakada öz söwda edaralary hem-de ammarlary bar eken. Osakanyň ammarlarynda Ýaponiýanyň ähli ýerlerinden getirilýän harytlar jemlenilipdir we şu ýerden ýurduň dürli ýerlerine satmak üçin ugradylypdyr. Osaka bilen Edonyň, Osaka bilen Kiotonyň, şeýle hem Osaka bilen çetki welaýat merkezleriniň arasynda jebis söwda gatnaşyklary ýola goýlupdyr.

**XIX asyryň ortalarynda Ýaponiýanyň Ýewropa ýurtlary tarapyndan «açylmagy».** Ýaponiýa, barybir, 200 ýyldan-da gowrak wagtyň dowamynda daşarky dünýä

üçin ýapyklygyna galypdyr. XVIII– XIX asyryň birinji ýarymynda Angliýa, Fransiýa, Russiýa, şeýle hem ABŞ Ýaponiýanyň açylmagyny gazanmak üçin gepleşikleriň geçirilmegini yzygider teklip edýärdiler. Emma sýogunyň hökümeti olaryň tekliplerine garşy çürt-kesik jogap berýärdi.

1845-nji ýylda ABŞ-nyň Kongresi prezidente Ýaponiýa bilen gatnaşyk açmaga ygtyýar berdi. Ýöne ABŞ-nyň hökümetiniň Ýaponiýa bilen gatnaşyklary açmak üçin eden birnäçe synanyşyklary netije bermeýär. Şol sebäpden hem 1851-nji ýylda ABŞ-nyň hökümeti Ýaponiýany zor bilen «açmak» barada karara gelýär. Munuň üçin 1853-nji ýylyň 8-nji iýulynda Edonyň golaýynda ýerleşýän Uraga buhtasyna Perriniň serkerdeliginde amerikan harby-deňiz goşuny gelýär. Perri sýogunyň hökümetinden gepleşik geçirilmegini talap edýär we ABŞ-nyň prezidentiniň sýoguna ýazan hatyny gowşurýar.

Ýaponlar gepleşigi Nagasaki şäherinde geçirmekligi teklip edýärler. Emma Perri bir gepinde durýar. Ýaponlar Perriniň elinden amerikan prezidentiniň ýazan hatyny almaga mejbur boldular.

**Adalatsyz şertnamalar.** 1854-nji ýylyň fewralynda Perriniň amerikan deňiz goşuny Edo aýlagynda ýerleşýän Kanagawa şäheriniň eteginde täzeden peýda bolýar. Perri bir ýyl mundan ozalky talaplaryny gaýtalapdyr we eger-de ylalaşyk baglaşylmasa, urşa başlajakdygyny duýdurypdyr.

1854-nji ýylyň 30-njy noýabrynda ABŞ bilen Ýaponiýanyň arasynda söwda şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama boýunça Ýaponiýanyň Simoda we Hakodate şäherleri amerikan täjirleri üçin açylýar. Soňra şeýle şertnamany Angliýa, Fransiýa, Gollandiýa, Russiýa we beýleki Ýewropa ýurtlary hem ýapon hökümetiniň boýnuna dakdylar.

ABŞ, Angliýa, Fransiýa we Russiýa baglaşylan şertnamalar bilen kanagatlanmadylar. Olar ýurduň hökümetinden täze şertnamalaryň baglaşylmagyny talap edýärler. 1858-nji ýylda baglaşylan şertnama boýunça ABŞ-nyň hökümeti Ýaponiýanyň ýene-de birnäçe port şäherleriniň açylma-

gyny gazandy. Açylan şäherlerde amerikan raýatlary «eks-territoriallygy» (bu düzgün boýunça amerikan raýatlarynyň hereketi jenaýat we emläk işlerinde ýapon kanunçylygyna degişli bolmandyr) gazandylar. Şertnama boýunça eger-de Ýaponiýa bir döwlet bilen urşa girse, ABŞ araçy bolmalydy. Şertnama ýaponlary ABŞ-nyň ýaragyny satyn almaga, amerikan harby hünärmenlerini çagyrmaga mejbur edýärdi. ABŞ-dan soň şeýle şertnamany Ýaponiýa Angliýa, Gollandiýa we Fransiýa bilen baglaşmaga mejbur boldy.

«Anseý şertnamalary» diýip at alan bu şertnamalar Ýaponiýa babatynda adalatsyzdy. Çünki şertnamalar Ýaponiýany şol döwrüň öňdebaryjy döwletlerine tabyn edýärdi. Ýurda getirilýän daşary ýurt harytlaryna salynýan pes gümrük paçlary Ýaponiýanyň içini arzan harytlardan doldurypdyr we ýerli önümçilige uly zyýan ýetiripdir. Bu bolsa ýerli senetçiligi we hünärmentçiligi halys tozdurypdyr.

**Soraglar we ýumuş**

1. Kartadan Ýaponiýanyň ykdysady taýdan ösen etraplaryny we şäherlerini görkeziň.
2. Ýaponiýa haýsy döwlet tarapyndan «açyldy»?
3. Ýaponiýanyň ABŞ bilen baglaşan ilkinji şertnamasy nähili atlandyrylypdyr? Ýaponiýanyň ABŞ we Ýewropa ýurtlary bilen baglaşan şertnamalary näme üçin adalatsyz bolupdyr?

# AFRIKA

## § 46. Afrika XVII – XIX asyrlarda

**Afrikanyň halklary.** Afrikanyň demirgazyk böleginde, tä Saharanyň günorta araçäklerine çenli orta asyrlardan bäri akýagyz arap we berberi ilaty agdyklyk edip gelýär; şeýle hem ol ýerde efiopiýalylar we beýleki halklar hem ýaşaýar. Sudanyň we Somaliniň demirgazyk böleginiň ilaty, efiopiýalylar garaýagyz ilata degişli bolup, olaryň ýüz keşpleri ýewropalylara çalymdaşdyr, ýöne saçlary buýra-buýradyr.

Kontinentiň galan böleginde aglaba garaýagyz jynsly halklar ýaşaýar. Madagaskar adasyndaky esasy ilat – *malagasililerdir*, olar Indoneziýa adalarynyň ilatyna kowumdaşdyrlar.

Arap halyflygy dargandan soň, Afrikanyň demirgazygynda birnäçe feodal döwletler, şol sanda Müsür, Liwiýa, Tunis, Alžir, Marokko döwletleri saklanyp galdy, bularyň Marokkodan özgesi XVI asyrda Osman imperiýasyna tabyn edildi.

Efiopiýa hanlary özbaşdaklygyny saklaýardylar. Kongonyň basseýninde, Çad kölüniň sebitlerinde, Hindi ummanynyň kenar ýakasynda we ondan demirgazykda ençeme irki feodalçylyk döwletler döräpdi. Ol döwletlerde urug-taýpa gatnaşyklary ep-esli derejede saklanyp galypdy. Materigiň jümmüşindäki we günortasyndaky taýpalar hem-de halklar heniz hem jemagatçylyk gurluşy şertlerinde ýaşaýardylar. Afrika döwletleriniň we uly taýpa birleşmeleriniň umumy ykrar edilen serhetleri ýokdy.

**Afrikada Ýewropa ýurtlarynyň mülkleriniň peýda bolup başlamagy.** Afrikada kolonial basybalyşlary portugallar başlady, olar soňraky basybalyşlar üçin Atlantik ummanynyň kenaryndaky kiçeňräk ýerleri basyp aldylar. XVII asyrda iňlisler, fransuzlar we gollandlar Altyn Kenarda (häzirki Gana) berkleşdiler. Fransuz goşunlary Senegal derýasynyň aýagynda berkitme gurdy. Gollandlar Hoşumyt burnuny basyp aldylar, Kap koloniýasyny döretdiler. Afrikanyň günortasynda ýewropalylardan, esasan-da, golland kolonistlerinden aýratyn halkyýet – *burlar* ýa-da olaryň özlerini häzirki güne çenli atlandyryşlary ýaly, *afrikanerler* emele geldi. Olar ýerli ilatyň ýerlerini basyp alyp, mallaryny öz fermalaryna sürüp alyp gidýärler, adamlary gula öwürýärdiler. Kap koloniýasy Angliýa tarapyndan basylyp alnandan soň, burlaryň köp bölegi demirgazyk-gündogara süýşüp, Melewşe we Transwaal respublikalaryny esaslandyrdylar.

Kese ýerliler Ýewropa pil süňküni (şirmaýy) alyp gidýärdiler, munuň üçin bolsa örän köp pil sürülerini gyrýardylar,

mundan başga-da altyn, almaz we beýleki gymmatbaha daşlary alyp gidýärdiler. Garaýagyz afrikanlary ele salyp, gul edip satmaklyk bet gazanç arkaly baýlaşmagyň esasy çeşmesidi.

**Afrikanyň kenarlarynda gul söwdasy.** Ýewropalylar tarapyndan Afrikanyň gündogar, aýratyn-da, günbatar kenarynda basylyp alnan ýerler asyrlar boýy gullary ele salmagyň mekany boldy. Ýewropalylar ýaragly ekspedisiýalary kenardan yklymyň jümmüşine ugradýardylar, adamlary ýesir alýardylar we uly ýaşly erkek adamlary satmak üçin alyp gidýärdiler. Spirt, temmäki, monjuk we beýleki harytlar üçin öz raýatlaryny gulçulyga satýan ownuk taýpa serdarlary, köplenç, para bilen satyn alynýardy.

Gullary, esasan, Günorta we Demirgazyk Amerika satýardylar. Olary Amerikanyň pagta, temmäki, şekerçiňrik, kofe, mekgejöwen ösdürilip ýetişdirilýän plantasiýa hojalyklarynda işledýärdiler.

Afrika gul söwdasy zerarly ummasyz köp ilatyny ýitirdi. XVII asyrda Amerika 2 million 750 müň gul äkidilip satylan bolsa, XVIII asyrda olaryň sany 7 milliona ýetdi. 1772-nji ýylda Angliýada gullaryň zähmetini ulanmak, 1807-nji ýylda bolsa iňlis raýatlaryna gul söwdasyny etmek gadagan edildi. XIX asyryň 30–40-njy ýyllarynda beýleki Ýewropa döwletlerinde hem gul söwdasy gadagan edilip ugrady, ýöne şonda-da ol ýaşyrynlyk bilen uzak wagtlap dowam etdirildi.

**XVIII asyryň aýagyndaky kolonial syýasat.** Günbatar Ýewropada we Demirgazyk Amerikada bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen kolonial basyp alyşlaryň maksatlary üýtgedi. Gul söwdasyny edeninden Afrikada pil süňküniň, oba hojalyk önümleriniň, senagat üçin çig mallaryň, almaz hem-de gymmatbaha metallaryň söwdasyny etmeklik bähbitlidi.

ABŞ hem Afrikada daýanç nokadyny edinmäge çalyşýardy. ABŞ Gwineýa aýlagynyň günbatar böleginde kiçiräk ýeri satyn alyp, şol ýere azat edilen gullary göçürdi, soňra ony başga ýerleri basyp almagyň hasabyna giňeltdi. XIX

asyryň 40-njy ýyllarynda ol ýerde ABŞ-nyň täsiri astyndaky Liberiýa Respublikasy döredildi.

Ýewropalylar Afrikany öwrenmäge-de girişipdirler. XVIII– XIX asyrlarda Afrikanyň dürli sebitlerine iňlis, fransuz, amerikan, nemes we golland alymlary ugradylýardy. Alymlar Afrikanyň halklary, olaryň ýaşaýyş-durmuşy, hojalygy, medeniýeti, materigiň ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen içgin gyzyklanýardylar. Şol ylmy-barlag işleriniň netijesinde ýewropalylar Afrika barada möhüm maglumatlary topladylar. Ýöne ylmy ähmiýeti uly bolan şol maglumatlary soňra Ýewropa ýurtlarynyň dolandyryjylary Afrikany koloniýa etmekde hem giňişleýin peýdalandylar.

**Osman imperiýasynyň Demirgazyk Afrikadaky mülkleri.** Demirgazyk Afrikanyň köp ýerlerini Osman imperiýasy şindi XVI asyryň ahyrlarynda eýeläpdi. XIX asyryň başlarynda bu ýerlere fransuzlar hem dalaş edip ugradylar. Fransiýany aýratyn hem Osman imperiýasynyň möhüm mülkleri bolan Alžir bilen Tunis gyzyklandyrýardy. 1830-njy ýylda fransuz goşunlary Alžiriň üstüne çozdular.

Alžiriň we Tunisiň ilaty fransuz basybalyjylaryna gaýduwsyz garşylyk görkezdi. Alžiriň günbatar böleginde ýaşaýan taýpalaryň baştutanlygynda görnükli arap serdary **Abdyl Kadyr** durýardy. Emma 1847-nji ýylda Abdyl Kadyryň goşunynyň daşy gabaldy, onuň özi bolsa aldaw arkaly ýesir alyndy.

Alžir bilen goňşuçylykda ýerleşýän Marokkonyň ilaty ýurduň merkezi etraplaryna aralaşan portugal, ispan we fransuz basybalyjylaryna garşy üstünlikli garşylyk görkezýärdi.

**Soraglar we ýumuş**

1. Afrikanyň kenarlarynda ilkinji daýanç nokatlary – portlar kimler tarapyndan esaslandyryldy? Kartadan olary görkezmäge çalşyň.
2. Gul söwdasy Afrikanyň haýsy böleginde güýçli alnyp barlypdyr?
3. Fransiýa Demirgazyk Afrikada haýsy ýurtlary eýelemek isläpdir? Abdyl Kadyr hakynda nämeleri bilýärsiňiz?

# II BÖLÜM. XIX ASYRDA INDUSTRIAL JEMGYÝETIŇ ÖSÜŞI

## I BAP. ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARY XIX ASYRYŇ BIRINJI ÝARYMYNDA

## FRANSIÝA XIX ASYRYŇ BIRINJI ÝARYMYNDA

### § 47. XVIII–XIX asyrlaryň sepgitlerinde Fransiýanyň basybalyjylykly uruşlary

**Napoleon Bonapart we onuň imperiýasy.** Fransiýanyň koroly bolmagy başaran Napoleon I goşuna uly üns berýärdi. Täze goşun jemläp, Bonapart ony Alp daglarynyň geçelgelerinden gizlin geçirdi we duýdansyz çozup, Awstriýanyň goşunlaryny derbi-dagyn etdi. Awstriýa uruşdan çykdy we ýaraşyga gol çekdi. Parahatçylykly şertnama boýunça Belgiýanyň we Reýn derýasynyň çep kenaryndaky ýerler Fransiýanyň ygtyýaryna geçirildi. Italiýanyň demirgazygynda bolsa Fransiýa garaşly respublika döredildi.



**Napoleon Bonapart**

1802-nji ýylyň martynda Amýende (Fransiýa) iňlis-fransuz ylalaşygyna gol çekildi. Emma bu ylalaşyk uzak wagta

çekmedi. 1803-nji ýylda Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda täzeden uruş başlandy. Fransiýanyň tarapynda Ispaniýa hem çykyş edýärdi. 1805-nji ýyldan Fransiýa garşy uruşda Angliýany Awstriýa bilen Russiýa döwletleri hem goldadylar.

Fransuz goşuny Awstriýa çozup girdi we Wenany eýeledi. 1805-nji ýylyň 2-nji dekabrynda Napoleon Austerlisiň (Slawkowyň) ýanynda awstriýa we rus goşunlarynyň üstünden aýgytly ýeňiş gazandy. Bu söweşde fransuz goşuny awstriýalylary we rus goşunlarynyň bir bölegini çym-pytrak etdi.

1806-njy ýylda Napoleonyň goşunlary Prussiýanyň ýerlerine çozdy we Wenanyň eteginde onuň goşunlaryny çym-pytrak edip, Berline girdi. Şol ýerde Napoleon «Kontinental gabaw baradaky» karara gol çekdi. Bu karara laýyklykda, Ýewropa yklymynyň Fransiýa garaşly döwletleriniň ählisine Angliýa bilen söwda gatnaşyklaryny etmek gadagan edilýärdi. Şeýdip, Napoleon Angliýany ykdysady taýdan gabamaga we ony boýun egdirmäge çalyşýardy.

1807-nji ýylda Napoleon öz goşunlaryny Gündogar Prussiýada ýerleşen rus goşunynyň garşysyna sürdi. Russiýa urşy mundan buýana dowam etdirip biljek däldi. Şonuň üçin hem Tilzitde rus patyşasy Aleksandr I Napoleon bilen ýaraşyk şertnamasyna gol çekdi.

Napoleon Angliýa garşy gurnalan Kontinental gabawa Ispaniýany hem zor bilen salmagy ýüregine düwdi. Ol 1808-nji ýylda Ispaniýa goşun sürdi. Emma Napoleona Ispaniýany boýun egdirmek başartmady. 1810-njy ýylda Awstriýanyň üstünden gazanylan täze ýeňişden soň Napoleonyň imperiýasy öz kuwwatynyň ýokary derejesine ýetdi.

**Fransiýanyň Russiýa bilen gatnaşyklary.** Napoleon bütin Ýewropany tabyn etmek üçin Russiýanyň özbaşdaklygyny syndyrmak gerek diýip hasap edýärdi. 1811-nji ýylda ol Russiýa garşy urşa taýýarlanyp başlady. Napoleon 400 müň adamdan ybarat goşun toplap, Russiýanyň çäklerine girdi.

1812-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda **M. Kutuzowyň** serkerdeligindäki rus goşunlary bilen Moskwanyň 120 kilometr günbatarynda Borodino meýdanynda bolan söweşde Napoleonyň goşunlary uly ýitgiler çekdi. Bu söweşden soň ruslar Moskwany fransuzlara galdyryp, yza çekildi. Napoleon Moskwany söweşsiz eýelese-de, ruslaryň esasy güýçlerini derbi-dagyn etmek başartmady.



**M.I. Kutuzow**

Moskwanyň eýelenilmegi Napoleona hiç hili artykmaçlyk bermedi, tersine, Russiýanyň sowuk gyşy fransuz goşunyny heläk edýärdi. Esgerler sowukdan we açlykdan ölýärdiler. Moskwada bary-ýogy bir aý saklanan fransuz goşuny görnetin heläk bolmakdan gutulmak üçin, oktýabrda yza çekilip ugrady. Rus goşuny hüjüme geçdi, fransuz goşunyny yzarlap, olara agyr ýitgiler saldy. Napoleonyň goşuny dargady. Onuň goşunynyň Russiýada ýeňilmegi we ýok edilmegi Fransuz imperiýasynyň çagşamagyna aýgytly täsir etdi.

**Napoleonyň imperiýasynyň ýykylmagy.** Rus goşunlary serhetden geçdiler we 1813-nji ýylyň fewralynda Berline girdiler. Prussiýada goşun döredildi hem-de patyşa Russiýasy bilen bileleşik barada şertnama gol çekdi. Fransiýa garşy bu bileleşige Awstriýa bilen Angliýa hem goşuldy. Esasy söweş 1813-nji ýylyň oktýabrynda Germaniýanyň Leýpsig şäheriniň eteginde boldy. Ol söweş üç günläp dowam etdi. «Halklaryň söweşi» adyny alan bu söweşde Napoleonyň goşunlary derbi-dagyn edildi.

1814-nji ýylyň 31-nji martynda Ýewropanyň Napoleona garşy birleşen döwletleriniň goşunlary Fransiýa girdiler. Napoleon tagtdan el çekdi we Italiýanyň kenaryna ýakyn Elba adasyna sürgün edildi.

Ýeňiji döwletleriň patyşalary fransuz begzadalarynyň we Angliýanyň talaby boýunça tagta **Lýudowik XVIII** Burbony çykardylar. Emma halkyň arasynda Burbonlara bolan ýigrenç diýseň güýçli bolansoň, Napoleon ýene-de häkimiýeti eýelemegi ýüregine düwdi. Ol kiçiräk harby bölüm bilen ýurduň günortasyna düşdi we Pariže tarap hereket edip ugrady. Korolyň goşunyndaky adamlar gaçyp gitdiler we Napoleon ýene-de tagty eýeledi. Emma oňa häkimiýet başynda bary-ýogy *100 gün* saklanmak başartdy.



**Waterloodaky söweş**

Onuň garşysyna bada-bat täze bileleşik döredildi, bu bileleşigiň ygtyýaryndaky güýç kän agdyklyk edýärdi. Napoleon öz goşunlaryny Belgiýa sürdi, emma iň soňky söweşde 1815-nji ýylyň 18-nji iýunynda Belgiýanyň Waterloo obasynyň ýanynda bolan söweşde onuň goşuny iňlis we prus goşunlary tarapyndan gutarnykly derbi-dagyn edildi. Napoleon uzakdaky Keramatly Ýelena adasyna sürgün edildi, şol ýerde hem ýogalypdyr. Fransuz tagtyna ýene-de Lýudowik XVIII çykypdyr.

**Wena maslahaty we onuň netijeleri.** Napoleonyň imperiýasynyň üstünden ýeňiş gazanylandan soň, 1814-nji ýylyň sentýabrynda Wenada Ýewropa döwletleriniň maslahaty geçirildi. Onda esasy orun Russiýa, Angliýa, Awstriýa we Prussiýa degişli boldy. Maslahata Fransiýanyň wekili hem goýberildi.

Maslahata gatnaşyjylaryň esasy maksatlary Fransiýanyň ozalky nesilşalygyny we köne fransuz begzadalarynyň häkimiýetini dikeltmekden, Ýewropany ýeňijileriň bähbitlerine gaýtadan paýlaşmakdan ybaratdy.

Angliýa Malta adasyny, Seýlon adasyny hem-de Günorta Afrikada Kap koloniýasyny aldy. Russiýa Polşanyň uly bölegini özüne birikdirdi. Germaniýanyň dagynyklygy biraz kemeldi. Iki ýüzden gowrak ownuk döwletleriň deregine 39 döwletden ybarat german birleşigi döredildi. Baý we



**Wena maslahaty**

ykdysady taýdan ösen welaýatlar – Reýn bilen Westfaliýa ýerleri Prussiýanyň eýeçiligine geçdi.

**Mukaddes bileleşik.** Russiýanyň patyşasy Aleksandr I-niň teklibi boýunça Ýewropada parahatçylygy berkitmek,

ýurtlaryň her birinde içki asudalygy ýola goýmak maksady bilen, 1815-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda Mukaddes bileleşik döredildi. Mukaddes bileleşige gatnaşyjylar rewolýusiýalary basyp ýatyrmakda birek-birege kömek bermegi, hristian dinini goramagy borçlandylar. Mukaddes bileleşik baradaky resminama Awstriýa, Prussiýa, soňra bolsa Ýewropa döwletleriniň ähli patyşalary diýen ýaly gol çekdiler. Angliýa Mukaddes bileleşige girmeýärdi, emma hakykatda rewolýusiýalary basyp ýatyrmak baradaky syýasaty goldaýardy.

Emma Ýewropada çäklendirilmedik häkimiýet düzgünlerini ebedileşdirmek mümkin däldi. Rewolýusiýalar we milli azat edijilik uruşlary barha täze ýurtlary we sebitleri öz içine alýardy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Austerlisiň ýanyndaky söweş haçan bolup geçdi? Söweşe haýsy döwletleriň goşunlarynyň gatnaşandygyny aýdyp beriň.
2. Borodino söweşi barada gürrüň beriň.
3. Wena maslahatynyň iň möhüm kararlary siziň pikiriňizçe haýsylar? Maslahatyň çagyrylmagynyň sebäbi näme?
4. Mukaddes bileleşigiň döredilmeginiň esasy sebäpleri näme?

## § 48. Fransiýa XIX asyryň birinji ýarymynda

**Fransiýanyň ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XIX asyryň birinji ýarymynda Fransiýada senagatyň ösüşi artdy. Ownuk öý hojalyk we senetçilik kärhanalaryň ornuna fabrik-zawodlar geldi. Senagat öwrülişigi ýuwaş-ýuwaşdan güýje girdi. Esasanam, ýurduň egirme-dokma senagaty güýçli depginde ösýärdi. 1815–1830-njy ýyllarda polat eretmek, daşkömri gazyp almak iki esse artdy. Metallurgiýa senagatynda daşkömür köpçülikleýin ulanylyp başlandy. Önümçilikde bug maşynlarynyň ulanylyşy 1820–1830-njy ýyllarda on esse ösdi.

Napoleonyň goşuny Waterlooda derbi-dagyn edilenden soň häkimiýete Lýudowik XVIII gaýdyp geldi. Onuň bilen Fransiýa gaçyp giden müňlerçe begzadalar hem dolandy. Dolanyp gelenler köne düzgünleriň we emläkleriň dikeldilmegini talap edýärdiler. Iezuitler (hristian dininiň arassalygy ugrundaky göreşijiler) ýurda dolanyp geldiler. Ýurtda Napoleonyň tarapdarlaryny yzarlaýardylar. Müňlerçe adamlar jenaýata çekilip, şolaryň 9 müňüsiniň garşysyna jeza çärelerini ulanmak barada höküm çykaryldy.

Emma Burbonlaryň nesilşalygynyň häkimiýete gelmegi bilen Fransiýada rewolýusiýadan öňki düzgünleri dikeltmek başartmady. Wena maslahatynyň kararlary Lýudowik XVIII Fransiýada konstitusiýany kabul etmäge, rewolýusiýa we imperiýa döwründe esaslandyrylan jemgyýetçilik gurluşyny saklamaga borçly edýärdi.

Lýudowik XVIII häsiýeti boýunça mylaýym adam bolup, ol ýurduny asuda dolandyrmak isläpdir. Ol fransuz raýatlarynyň deňligini ykrar edýärdi we rewolýusiýa döwründe emeldarlaryň eline geçen emläklerini kanunlaşdyrdy. Korol öz häkimiýetiniň çäklendirilmegi bilen hem ylalaşdy. Fransiýanyň *1814-nji ýylyň hartiýasy* diýlip atlandyrylýan täze Konstitusiýasy ýurtda kanun arkaly çäklendirilen patyşalyk düzgünini (konstitusion monarhiýany) döretdi.

Fransiýada agalyk ediji ýagdaýa buržuaziýanyň az sanly topary bilen häkimiýeti paýlaşan iri mülkdarlar eýe boldular. Emma ýurtda demokratik düzgünler ýyl-ýyldan berkeýärdi we ösýärdi. Fransiýada häkimiýet ýuwaş-ýuwaşdan Angliýa we ABŞ ýaly öňdebaryjy döwletleriňkä meňzeýärdi. 1818-nji ýylda ýurtda döwlet býujetine Parlament tarapyndan gözegçilik etmek barada, 1819-njy ýylda bolsa metbugat hakynda kanun kabul edildi.

**1830-njy ýylyň buržuaz rewolýusiýasy.** 1824-nji ýylda Lýudowik XVIII aradan çykdy. Fransuz tagtyna Karl X ady bilen onuň kiçi dogany **graf de Artua** geçýär. Häsiýeti



**Iýul rewolýusiýasy**

boýunça **Karl X** ýeňilkelle, özdiýenli, barypýatan şöhratparaz adam bolupdyr. Ol fransuz jemgyýetini köne adatlar boýunça dolandyrmak isleýärdi. Ol Milli köşk goşunyny dargadyp, Napoleonyň döwründäki generallaryň 250-sini goşundan boşadypdyr.

Korolyň bu başlangyçlary ýurtda syýasy durmuşyň ýitileşmegine getirýär. Fransiýanyň milli ýygnagy Karl X-nyň syýasatyna garşy boldy. 1827–1830-njy ýyllardaky parlament saýlawlarynda korolyň garşydaşlary ynamly ýeňiş gazanypdyrlar. Şeýle ýagdaýda korol ýurduň Konstitusiýasyny bozýan dört sany permany çykarýar. Permanlar boýunça Fransiýanyň milli ýygnagy dargadyldy, saýlaw hukugy diňe iri ýer eýelerine berildi, metbugat azatlygy gadagan edildi we gazetleri neşir etmek üçin ýörite rugsatnama girizildi.

Korolyň kabul eden permanlary ýurtda döwlet agdarylyşygy hökmünde häsiýetlendirildi. Parižiň şäher ilaty, işçiler iş taşlap, köpçülikleýin çykyşa başladylar. 1830-njy ýylyň 28-nji iýulynda irden halk hereketi Parižiň merkezini dolduryp, gozgalaňçylar korolyň köşgüni eýelediler. Rewol-

ýusiýa üç gün dowam edip, ol Karl X-nyň tagtdan el çekmegi bilen tamamlandy. Karl X Angliýa gaçyp gitdi.

1830-njy ýylyň 9-njy awgustynda patyşa neslinden bolan **Lui Filipp Orleanly** Fransiýanyň koroly diýlip yglan edildi. Lui Filippiň ägirt uly maýa goýumy, mülkleri we tokaýlary bardy. Korol kiçigöwünli adam bolupdyr. Ol käte Parižiň köçelerinde ýeke özi köne penjekli, eli saýawanly aýlanyp, işçiler, dükançylar bilen salamlaşyp, olar bilen gürrüňdeş bolýar eken. Täze kabul edilen konstitusiýa laýyklykda söz, metbugat we ýygnaklar azatlygy yglan edildi.

Fransiýada bolup geçen bu wakalar 1830-njy ýylyň «Iýul rewolýusiýasy» diýlip atlandyrylýar. Lui Filippiň häkimiýet başyna gelmegi bolsa «Iýul monarhiýasy» diýen ady aldy.

**Işçileriň gozgalaňy.** Fransiýada senagat we oba hojalygy çalt depginler bilen ösýärdi. Ýurtda senagat öwrülişigi bolup geçdi. Muňa garamazdan, senagat öwrülişigi işçileriň ýaşaýyş derejesiniň ýaramazlaşmagyna getirdi. Fabriklerde iş güni 12 – 16 sagat dowam edýärdi. Aýlyk haky juda pesdi. Işçiler birleşip, öz hukuklaryny goramak üçin jemgyýetleri döredýärdiler. Bu jemgyýetlere ownuk buržuaz gatlaklary, intelligensiýa wekilleri, şäher ilaty hem girýärdi.

Halk köpçüliginiň nägilelikleri Lionda we Parižde işçileriň çykyşlarynyň başlanmagyna sebäp boldy. 1831-nji ýylda Lionyň gozgalaň turzan dokmaçylary şäheri wagtlaýyn öz ellerine alypdyrlar. Dokmaçylaryň Liondaky gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin Parižden 20 müňden ybarat goşun iberildi.

1834-nji ýylda Lion dokmaçylary ýene-de göreşe galdylar we respublikan gurluşy dikeltmegi talap etdiler. Göreş alty günläp dowam etdi we ahyrynda basylyp ýatyryldy.

**Alžiriň basylyp alynmagy.** XIX asyryň birinji ýarymynda Fransiýa daşary syýasatda basybalyjylykly hereketleri alyp barýardy. 1830-njy ýylda 37 müňe golaý fransuz goşuny Demirgazyk Afrikanyň baý ülkeleriniň biri bolan Alžiri basyp aldy. Alžir fransuz koloniýasy diýlip yglan

edilýär. Emma Abdyl Kadyryň baştutanlygyndaky milli azat edijilik hereketiniň netijesinde fransuzlara Alžiri birbada doly basyp almak başartmaýar.1834-nji ýylda Fransiýa bilen Alžiriň arasyndaky gol çekilen şertnama boýunça fransuzlara diňe üç sany kenarýaka şäherleri berlip, Alžir garaşsyz diýlip yglan edilýär. Emma Fransiýanyň dolandyryjy toparlary bu şertnamany bozup, Alžire täzeden hüjüm edýärler. Netijede, XIX asyryň 40-njy ýyllarynda Alžir fransuzlar tarapyndan doly basylyp alynýar.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Lýudowik XVIII döwründe kabul edilen konstitusiýa barada aýdyp beriň.
2. Içeri syýasatyň üstünlikli amala aşyrylmagyna näme sebäp boldy?
3. *Iýul monarhiýasy* diýip siz nämä düşünýärsiňiz? Bu wakanyň bolup geçmegine näme sebäp boldy?
4. Lion dokmaçylarynyň gozgalaňy haçan boldy? Onuň sebäpleri hakynda gürrüň beriň.
5. XIX asyryň birinji ýarymynda Fransiýanyň daşary syýasaty mazmuny boýunça nähili häsiýetdedi? Fransiýa haýsy ýurdy öz baknasyna öwürdi?

## § 49. Germaniýa XIX asyryň birinji ýarymynda

**Ýurt dagynyklygy şertlerinde senagatyň we söwdanyň ýagdaýy.** 1814-nji ýylyň Wena maslahatynda Ýewropa döwletleriniň baglaşan şertnamasy boýunça german döwletleriniň birleşigi döredildi. Oňa 38 sany german döwleti girdi. Emma German birleşmesi bir bitewi döwlet däldi. Onuň umumy gaznasy, goşuny, häkimiýetiň özygtyýarly edaralary ýokdy. Emma şeýle-de bolsa, bu birleşme umumymilli döwleti döretmekde öňe ädilen ilkinji ädimdi.

Saklanyp galan 38 döwletiň her birinde öz metal puly, ölçeg we agram birlikleri hereket edýärdi. Içerki gümrük-

hanalar köpdi. Bularyň barysy ýurduň içinde söwda işini kynlaşdyrýardy. Birentek german döwletleriniň, şol sanda Prussiýanyň hem mülkleri dagynyk böleklerden ybaratdy, bu bolsa ýagdaýy öňküden-de beter çylşyrymlaşdyrýardy.

German döwletleriniň iň güýçlüsi hem-de ykdysady taýdan kuwwatlysy Prussiýa patyşalygydy. Prussiýa tarapyndan eýelenen günbatar ýerlerde – Reýn welaýatynda we Westfaliýada, Sakson patyşalygynda hem-de Sileziýa welaýatynda iri senagat has ösendi. Baryp Napoleonyň agalygy döwründe Reýn welaýatynda buržuaz kanunlary girizilip, bu ýerde maýa goýumlarynyň mukdary artýardy.

XIX asyryň 30–40-njy ýyllarynda Reýniň golaýyndaky şäherlerde eýýäm nah mata we ýüpek fabrikleri köpdi. Rur derýasynyň jülgesinde kömrüň gazylyp alnyşy artdy, metallurgiýa we ýarag zawodlary ösýärdi. Saksoniýada nah-ýüplük egirýän iri fabrikler döräpdi. 40-njy ýyllarda Germaniýada demir ýollaryň gurluşygy we gämi gatnawynyň ösüşi çaltlanýardy. Berlinde gämi gurluşyk zawodlary döredilýärdi. Emma Germaniýa senagat babatda Angliýadan we Fransiýadan juda yza galýardy.

**Oba hojalygynda iri maýa goýum gatnaşyklarynyň Prussiýa ýoly.** Germaniýada oba hojalygy erkin daýhan hojalyklaryndan durýardy. Şahsy taýdan germaniýaly daýhanlar erkindi. Emma Germaniýanyň günbatar we günorta-günbatar ýerlerinden özge ähli ýerlerde daýhanlar mülk eýelerine köp pul töleglerini tölemäge borçludylar. Gurply hem-de ýer sürmek üçin iş maly bolan daýhanlar bolsa öz borçlaryndan pul töläp azat bolmaga ygtyýar aldylar. Emma tölegleriň şertleri örän agyrdy.

Prussiýada ähli ýerleriň ýarysyndan-da köpüsi iri ýer eýelerine degişlidi. Prussiýanyň iri ýer eýeleriniň mülklerinde oba hojalygy ösýärdi, süle, kartoşka ösdürilip ýetişdirilýärdi, köpsanly spirt-arak, çakyr zawodlary döredilýärdi. Iri ýer eýeleri ujypsyzja paý ýerlerini saklap galan,

garyp düşen daýhanlaryň batrakçylyk etmegini giňden ulanýardylar. Gurply, *uly danhanlar* (*grossbauer*) diýilýänler hem batraklary hakyna tutýardylar. Şonuň üçin hem Germaniýanyň oba hojalygynda iri ýer eýeçiliginiň saklanyp galmagyny we onda batraklaryň hakyna tutulyp işledilmegini hojalygy ýöretmegiň *Prussiýa ýoly* diýip atlandyrýarlar.

Germaniýanyň syýasy dagynyklygy we oba hojalygynda saklanyp galýan yzagalak düzgünler iri maýa goýum önümçiliginiň mundan beýläk ösmeginiň ýolunda esasy päsgelçilik döredýärdi.

**Sileziýaly dokmaçylaryň gozgalaňy.** Germaniýada hakynatutma işçileriň ýaşaýyş-durmuş derejesi örän pesdi. Hojaýynlar olaryň iş hakyny kemeldýärdiler. Iş hakyny ýaramaz önümler bilen, köplenç ýokarlandyrylan bahalar bilen tölemeklik ýaýrapdy. Tozdurylan senetçilerden bolan işçiler, Angliýada *ludditler* ýaly, maşynlary özleriniň esasy duşmanlary hasap edip, olary weýran edýärdiler.

Iri senagatyň ösmegi bilen Sileziýanyň daglyk obalaryndaky dokmaçylaryň ýagdaýy örän agyrlaşypdy. Olar iri manufakturalaryň we fabrikleriň eýelerinden ýüplük alýardylar. Özleriniň hünäri bilen meşgullanmaga hukuk alandyklary üçin dokmaçylar mülkdarlara aýratyn hak tölemeli bolýardylar. Fabrik eýeleri dokmaçylaryň önümlerini iň pes nyrhdan kabul edýärdiler. Swansiger diýen fabrik eýesi dokmaçylara aýratyn zabun garaýardy.

Baryp gozgalaňdan öň hem dokmaçylar fabrik eýeleriniň penjireleriniň öňünde *Adalatly hököm* diýen aýdyma hiňlenýärdiler. Dokmaçylar aýdym aýdyp, Swansigeriň jaýyna bakan ugrapdyrlar. Işçiler boýaghanany, fabrigiň edarasyny we Swansigeriň jaýyny ýykan-ýumran etdiler. Şol günüň ertesi goňşy obadaky fabrikler hem berbat edildi.

Ýagdaý çylşyrymlaşansoň häkimiýetler goşun çagyrdylar. Ilkinji çaknyşykda dokmaçylardan 11 adam öldi we 24 adam ýaralandy, emma işçiler goşuny yza çekilmäge mejbur

etdiler. Kömege ýetişen uly harby bölüm gozgalaňy topa tutup ýatyrdy. 70-den gowrak adam tussag edildi, ýenjilmeklige we beýleki agyr temmilere sezewar edildi. Sileziýada 1844-nji ýylda bolup geçen bu gozgalaň baradaky habar bütin Germaniýany tolgundyrdy.

Sileziýaly dokmaçylaryň gozgalaňy işçileriň fabrik-zawod eýelerine garşy göreşiniň diňe bir Fransiýa bilen Angliýada däl-de, eýsem Germaniýanyň hut özünde hem başlanandygyny görkezdi. Şonuň üçin hem nemes begzadalary, iri baýlar, önümçilik pudaklarynyň eýeleri korol häkimiýetini çäklendirmek we konstitusiýany girizmek baradaky pikirleri öňe sürýärdiler.

Germaniýanyň ownuk buržuaz demokratlary o diýen güýçli däldi. Olar, esasan, ownuk eýelerinden, intelligensiýa wekillerinden ybarat bolup, respublikanyň we ählumumy saýlaw hukugynyň girizilmegi ugrunda çykyş edýärdiler. Emma olara Germaniýada syýasy işleri alyp barmak kyndy, şonuň üçin hem olaryň köpüsi ýanalmalar sebäpli Angliýa, Şweýsariýa, Fransiýa göçüp gitmäge mejbur bolýardylar. Nemes buržuaziýasynyň Germaniýada galanlarynyň bolsa halk köpçüligi bilen aragatnaşygy örän gowşakdy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Germaniýada iri maýa goýum gatnaşyklarynyň we söwdanyň ösmegine näme päsgel berýärdi? Ýurtda senagatyň ösüşi barada gürrüň beriň.
2. Oba hojalygynda bazar gatnaşyklarynyň *Prussiýa ýoly* barada näme bilýärsiňiz?
3. Sileziýaly dokmaçylaryň gozgalaňy haçan bolup geçdi? Gozgalaňyň sebäpleri we netijeleri barada gürrüň beriň.

## § 50. Angliýa XIX asyryň birinji ýarymynda

**Angliýanyň senagatda we söwdada öňe geçmegi.** XIX asyryň birinji ýarymynda Angliýa syýasy taýdan durnukly döwletleriň biri bolupdy. Angliýada täze kapitalistik

gatnaşyklar hemme ýerdäkiden çalt ösýärdi. Egirme-dokma we beýleki fabrikleriň, metallurgiýa, maşyn gurluşyk zawodlarynyň, kömür känleriniň sany artýardy. Maşynlar kämilleşdirilýärdi. Zähmet öndürijiligi we hünärli işçileriň bellibir ugurdan ýöriteleşdirilmegi artýardy. Fabrik senagatynyň ösmegi, magdanyň, metallaryň we beýleki harytlaryň arzan hem-de çalt daşalmagyny talap edýärdi.

1815-nji ýylda Angliýanyň ilaty 20 million adama ýetipdir. Angliýa dünýäde iň uly iri kolonial ýurda öwrüldi. Çig malyň arzan bahadan alynmagy önümçiligiň ösmegine we senagat özgerişliklerine getiripdir. Transportyň täze görnüşlerine we eýýäm öňki ýyllarda oýlanyp tapylan bug bilen işleýän otlularyň giňden ulanylmagyna bolan isleg güýçlenýärdi. Baryp 1825-nji ýylda Angliýada Liwerpul bilen Mançesteri birleşdirýän dünýäde ilkinji demir ýol gurlupdy.

Angliýada bolup geçen ykdysady öwrülişige iňlis jemgyýetiniň baý gatlagynyň elinde uly maýa goýumlaryň toplanmagy sebäp bolupdyr. Ýurtda ägirt uly maliýe serişdeleri telekeçileriň elinde jemlenip, söwdagärler, bank işgärleri maýa goýumlaryny önümçilige goýýardylar. Netijede, se-



**Liwerpul-Mançester demir ýoly**

nagatyň we söwdanyň ösmegi Angliýada bank işleriniň ösmegi üçin oňaýly şertleri döredipdir. Daşarky hem-de içerki söwdadan, senagat önümçiliginden, oba hojalygyndan gelýän girdejiler Angliýanyň senagat öwrülişigini maliýeleşdirmäge hyzmat edýärdi. Şunuň netijesinde Angliýa çalt depginler bilen ösýärdi.

Ýük daşamagyň arzanlamagy söwdanyň janlanmagyna ýardam edýärdi. Satuw bazary giňelýärdi, şoňa görä-de önümçiligiň eýeleri, mümkin boldugyça, köp öndürmäge gyzyklanýardylar. Demir ýollaryň gurluşygy metallurgiýanyň ösmegine ýardam edýärdi: demir ýol relsleri, otly ýasamak üçin çoýun, demir, polat gerek bolýardy. Täze iri senagat kärhanalary – otly ýasaýan zawodlar peýda boldy, olara bolsa stanoklar, enjamlar, bug maşynlary gerekdi. Gürrüňi edilýän döwürde Angliýa *dünýäniň ussahanasyna* öwrüldi.

Angliýada senetçiler, hünärmenler entek örän köp bolsalar-da, olaryň harytlary öndürmekdäki paýy kemelýärdi. Iň möhüm önümler: maşynlar, stanoklar, fabrikleriň we zawodlaryň enjamlary, otlular we şonuň ýaly-da matalaryň ählisi diýen ýaly orta we iri kärhanalarda öndürilýärdi. Iri maýa goýum önümçilik mahalynda senetçiler, ownuk ussahanalaryň eýeleri, köp daýhanlar tozýarlar, iri kärhanalar ownuk kärhanalary gysyp çykarýarlar, önümçiligiň bellibir ýerlerde jemlenmesi bolup geçýär.

Ýurduň demirgazygynda we günbatarynda täze senagat sebitleri çalt ösýärdi. XIX asyryň ortalarynda Angliýanyň ilatynyň eýýäm ýarysy diýen ýaly şäherlerde ýaşaýardy. Bu döwürde iri maýa goýum önümçiligi erkin bäsleşik esasynda alnyp barylýardy. Haryt öndürijiler belli wagtda bazarda näçe harydyň satylyp bilinjekdigini bilmeýärdiler. Her biri mümkin boldugyça köp öndürmäge we öz öndürýän önümi ýaly önüm öndürýän bäsdeşlerini tozdurmaga çalyşýardy.

**Ykdysady çökgünlikler (krizisler).** Angliýada ykdysady çökgünlik ilkinji gezek 1825-nji ýylda ýüze çykdy. Eýsem-de bolsa çökgünlik nähili ýüze çykýardy?

Ilata arzan we ýokary hilli harytlar gerekdi, ýöne welin olar iş haklarynyň pesligi zerarly, ol harytlary satyn alyp bilmeýärdiler. Mysal üçin, alyjylaryň satyn alyp bilmänligi üçin, ummasyz mata üýşen mahaly dokma fabrikleri togtadylýar, olar üçin gerek maşynlara isleg gaçýar, maşyn gurluşygynda önümçilik togtaýar. Ýa-da bolmasa, eger fabrikleriň we zawodlaryň satyn alyp biljeginden artykmaç stanok öndürilse, olaryň bahasy aşak gaçýar, käte bolsa olary satmak asla mümkin hem bolmaýar, onsoň olar ammarlarda toplanyp galýarlar. Stanok gurluşyk zawodlarynyň eýeleri öz kärhanalaryny ýapýarlar, işçiler bolsa işsiz galýarlar. Çoýna, demre, polada bolan isleg azalýar. Çökgünlik metallurgiýa senagatyny hem öz içine alýar. Demir eredilýän körükler öçürilýär, daşkömre isleg azalýar. Demir ýol boýunça az haryt daşalansoň, transportda hem çökgünlik ýüze çykýar. Çökgünlik ol ýa-da beýleki derejede bütin senagaty, käte oba hojalygyny hem öz içine alýar.

**Çartistler hereketi.** Kärhana eýeleri işçileri gije-gündizde 14–16 sagat işlemäge mejbur edýärdiler. Aýallaryň we çagalaryň zähmeti giňden ulanylýardy. Ykdysady çökgünlik döwründe işçileriň durmuş ýagdaýy has hem peselýärdi. Şonuň üçin-de XIX asyryň birinji ýarymynda işçileriň çykyşlary Angliýada has köpçülikleýin we guramaçylykly häsiýete eýe boldy. Emma XVIII asyryň ahyrlarynda işçilere kärhana eýeleriniň garşysyna bilelikde göreşmek üçin kärdeşler arkalaşygyny – tred-ýunionlary (*tred* (kär) we *ýunion* (bileleşik sözlerinden) döretmek gadagan edilipdi. 1824-nji ýylda iňlis parlamenti tred-ýunionlary gadagan edýän kanuny ýatyrdy.

Angliýada dowam edýän saýlaw ulgamyna görä, her şäher ýa-da welaýat parlamente bellibir mukdardaky sesleri ibermelidiler. XIX asyryň başlaryna çenli käbir şäherçeler boşap galypdyr. Emma şäherçeler boşap galsa-da, parlamentde olara berilýän ýerler saklanyp galypdyr, şol ýerlere bolsa şäherçeleriň ýerleşýän ýerleriniň *lendlordlary* eýeçi-

lik edýärdiler. Boşap galan şäherlere bolsa parlamentdäki ýerleriň ýarysy degişli eken.



Çartistleriň polisiýa bilen çaknyşygy

XIX asyryň 20-nji ýyllarynda saýlaw özgertmelerini geçirmek ugrunda hereketler başlanýar. Ony Angliýada *çartistler* (iňlisçe *çarter* sözi (grekçe hartiýa, türkmençe *hat, talapnama* diýmekligi aňladýar) hereketi diýip atlandyrdylar. Çartistler öz talaplaryny kagyz ýüzünde beýan edip, ýagny *hartiýa* diýlip atlandyrylýan ýörite resminama taýýarlap, parlamente gowşurýardylar.

Ýurduň senagat merkezlerinde köpçülikleýin çykyşlar, hatda polisiýa bilen tutluşyklar hem bolup geçdi. 1832-nji ýylda parlament saýlaw ulgamynda özgertmeleri geçirmäge mejbur boldy. Ilaty boşap galan şäherçelere degişli ýerler aýryldy. Parlamentde emele gelen şol artyk ýerler senagat şäherlerine, ilatyň gür ýaşaýan ýerlerine, Şotlandiýa we Irlandiýa berildi. Şeýlelikde, saýlawçylaryň sany iki esse artdy. Emma kanun deputatlyga saýlanmak üçin ýokary emläk görkezijisini – çägini girizýär, şonuň üçin hem ilatyň aşaky gatlaklarynyň saýlanmaga mümkinçiligi bolmandyr.



Çartistleriň parlamente ýörişi

1836-njy ýylyň iýunynda Uilýam Lowettiň ýolbaşçylygynda londonly işçileriň assosiasiýasy (bileleşigi) döredilýär. 1838-nji ýylda bu assosiasiýa *Halk hartiýasy* diýlip atlandyrylan erkek adamlaryň hemmesi üçin ählumumy saýlaw hukugyny göz öňünde tutýan meýilnamanyň taslamasyny çap edýär.

Çartistleriň köpüsi göreşiň parahatçylykly ýoluny saýlap alypdyrlar. Emma çartistleriň arasynda iş taşlaýyşlaryň, hatda gozgalaňlar esasynda işçileriň ýagdaýyny gowulandyryp bolar diýýänleri-de bar eken. Parlamente daşyndan zor salmagyň tarapdarlarynyň arasynda **Fergýus O. Konnor** (1796–1855) we **Juliýan Garni** (1817–1897) tapawutlanýardy.

1839-njy ýylda Londonda çartistleriň gurultaýy – Milli konwent açyldy. Gurultaýyň teklibi bilen Angliýanyň dürli ýerlerine çartistler ugradylypdyr. Olar çartistleriň hataryna täze agzalary çekýärdiler, Parlamente talapnama bermek üçin gol ýygnaýardylar. Şol ýylyň iýul aýynda aşagynda 1 million 280 müň gol goýlan milli hartiýa Parlamente gowşurylýar. Emma wekiller palatasy ony sesleriň köpçüligi bilen kabul etmeýärler. Muňa jogap edip Mançesteriň, Bostonyň dokmaçylary iş taşlaýyşlary geçirdiler.

Hökümet çartistlere garşy berk çäreleri geçirdi, olaryň ýolbaşçylary tussag edildi. Milli konwent öz işini ýatyrmaga mejbur boldy, ýöne 1842-nji ýylda Çartistleriň milli assosiasiýasy gaýtadan dikeldildi.

1848-nji ýylda Londonda we esasy senagat şäherlerinde iş taşlaýyşlar bolup geçdi. Aprel aýynda Çartistleriň Milli konwenti ýene-de ýygnandy. Bu gezek olaryň talaplaryna 6 *mln* adam gol çekdi. Emma ýene-de öňki gezeklerdäki ýaly, Parlament ony kabul etmedi.

Işçileriň çykyşlary zawod-fabrikleriň eýelerini gorkuzdy. Şonuň üçin hem olar eglişik etmäge mejbur boldular. Iş güni 10 sagada çenli gysgaldyldy, aýallaryň we çagalaryň zähmeti çäklendirildi, hünärli işçileriň aýlyk haklary ýokarlandyryldy. Soňra hökümet Parlamente saýlanmak üçin zerur bolan emläk çäklendirilmesini azaltdy, gizlin ses bermeklik girizildi, saýlaw hukugy her bir maşgalabaşy erkek adama berildi.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Näme üçin Angliýany *dünýäniň ussahanasy* diýip atlandyrypdyrlar? Angliýada ilkinji demir ýol näçenji ýylda guruldy?
2. Artykmaç önüm öndürmekligiň sebäpleri nämede? Angliýada çökgünligiň nähili ýüze çykandygy hakynda aýdyp beriň.
3. Işçiler hereketiniň ýüze çykmagyna nämeler sebäp bolupdyr? Tred-ýunionlar näme?
4. Çartistleriň hereketi Angliýada haçan ýüze çykdy we ol nähili netijeler bilen tamamlandy? Çartistleriň saýlap alan göreş usullary barada gürrüň beriň.

# RUSSIÝA

## § 51. XIX asyryň birinji ýarymynda Russiýanyň içeri syýasaty

**Russiýanyň halklary, dinleri.** XVIII asyryň ahyrynda Russiýa özüniň çägi boýunça dünýäde iň uly döwletdi. Russiýanyň ilaty XVIII asyryň içinde 11 *mln* adam bolanlygyndan 44 *mln* adama çenli artdy. Russiýa köpmilletli döwletdi. Onuň düzümine adamzat ösüşiniň dürli basgançaklarynda duran dürli halklar (ruslar, ukrainler, belaruslar, polýaklar, tatarlar, başgyrtlar, finler, litwalylar, çuwaşlar, mariler, mordwinler, buryatlar, ýakutlar, ewenkler we birentek beýleki halklar) girýärdi. Ýurduň ilatynyň 60 – 70%-i bolup duran ruslardy. Russiýada dünýäniň esasy dinleri bolan *hristiançylyk, musulmançylyk, buddaçylyk* ýaýrapdyr. Döwlet dini hristiançylygyň prawoslaw akymy bolup, oňa ruslar, ukrainler, belaruslar we dürli milletler uýýardylar.

**Ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XIX asyryň başlarynda Russiýada içeri we daşary söwda ösýärdi, söwda merkezleri, sergi ýarmarkalar özleriniň pul dolanyşyklaryny has-da artdyrýardylar. Oba hojalygy senagat bilen barha ysnyşykly baglanyşdyrylýardy, oba bazar gatnaşyklaryna

barha giň çekilýärdi – begzadalar we daýhanlar bazarlarda oba hojalyk önümlerini satýardylar we senagat önümlerini satyn alýardylar. Oba hojalyk harytlarynyň daşary ýurtlara satylyşy artýardy.

Russiýa oba hojalyk (agrar) ýurtdy: onuň ilatynyň 95,5%-i obada ýaşaýardy we oba hojalygy bilen meşgullanýardy, diňe 4%-den gowragy şäherlilerdi. Ylmyň, tehnikanyň gazananlary Russiýanyň önümçilik pudaklaryna-da ornaşýardy. Senagat ösýärdi, aýratyn hem nah-mata önümçiligi ösendi.

Russiýada senagatyň we söwdanyň ösüşi täze gatlaklaryň – söwda-senagat buržuaziýasynyň we hakynatutma işçileriň döremegine getiripdir. Emma bu ýagdaý örän haýal barýardy. Senagatyň, söwdanyň ösüş depginleri pesdi we ýurduň barha artýan isleglerini ödemeýärdi, zähmet öndürijiligi senagatyň, aýratyn hem oba hojalygynyň tehniki ýagdaýy entek pes derejededi. Ykdysady ösüşiň esasy bökdenji daýhanlaryň hukuksyzlygydy we olaryň begzadalaryň elinde bolmagydy. Senagatyň ösmegi üçin artykmaç işçi güýji ýetmeýärdi.

Özüniň syýasy gurluşy boýunça Russiýa çäklendirilmedik häkimiýetli patyşalykdy. Döwlet başynda Bütinrussiýa hökümdary durýardy. Onuň tagty nesilden-nesle geçýärdi.

**Aleksandr I-niň ýurdy dolandyrmagy.** 1801-nji ýylda rus tagtyna **Aleksandr** I (1801–1825) çykdy. 1803-nji ýylda *erkin daýhanlar* barada kanun çykaryldy, şol kanun boýunça ýer eýeleri uly töleg alyp, öz daýhanlaryny ýeri bilen erkinlige goýbermäge hukuk aldylar. Iş ýüzünde bu kanunyň hakyky netijeleri uly bolmady: Aleksandr I patyşalyk eden tutuş döwründe diňe birnäçe begzada şol kanundan peýdalandy. Şeýle-de bolsa bu kanunyň bellibir derejede ähmiýeti boldy: hökümet hukuksyz daýhanlary azat etmegiň mümkinçiligini resmi taýdan ykrar etdi.

Russiýada häkimiýetiň merkezi edaralary ep-esli üýtgedildi. Täze edaralar – ministrlikler döredilýärdi, şolarda ministr ýeke-täk ýolbaşçydy we ol gös-göni patyşa tabyndy.

Munuň özi döwlet dolandyryşynyň ol ýa-da başga pudagyna has gowy ýolbaşçylyk etmäge mümkinçilik berýärdi. Senat döwletiň ýokary kazyýet edarasyna öwrüldi. Mundan başga-da, onuň üstüne ýurtda kanunlaryň berjaý edilişine we dolandyryş edaralaryň işine gözegçilik etmek wezipesi ýüklenildi. 1810-njy ýylda döredilen Döwlet maslahaty ýokary dolandyryş edarasy boldy. Onuň düzümine patyşa tarapyndan bellenilýän ministrler we beýleki uly gullukçylar girýärdiler. Patyşanyň ýanyndaky maslahatçy edara bolan Döwlet maslahatynda täze kanun taslamalaryna we iňňän möhüm döwlet işlerine garalýardy. Bu özgerişlikler dolandyryşyň mundan beýläk-de merkezleşmegine we çäklendirilmedik patyşalyk düzgüniniň güýçlenmegine eltýärdi.

**Jemgyýetçilik akymy we hereketi.** 1812-nji ýylyň Watançylyk urşundan soň Russiýada gizlin jemgyýetçilik guramalary we hereketleri peýda bolup ugraýar. Şeýle guramalaryň ilkinjisi *Halas ediş birleşigi* bolup, ony ýaş serkerde A. N. Murawýow esaslandyrdy we S. P. Trubeskoý, M. S. Lunin, P. I. Pestel, N. N. Murawýow ýaly serkerdeler bolsa onuň iň işjeň agzalarydy. Bu guramanyň maksady Russiýada daýhanlaryň hukuksyzlygyny ýatyrmak, patyşanyň häkimiýetini çäklendirmek bolup durýardy. Şunuň bilen bir hatarda, ilatyň arasynda erkinlik hakyndaky pikirleri ýaýratmagy, halky sowatly etmegi, kitaplary we žurnallary neşir etmekligi göz öňünde tutýardy. Guramanyň agzalary Günbatar Ýewropa ýurtlarynda özgertmeleriň tarapdarlary tarapyndan amala aşyrylan döwlet agdarylyşyklary hakynda eşidýärdiler. Şol sebäpden hem olar öz maksat-hyýallaryny amala aşyrmak üçin gozgalaň turuzmaga we döwlet agdarylyşygyny geçirmäge ugur aldylar.

Şol döwürde iki sany jemgyýetçilik-syýasy akymlary hem ýüze çykýar. Slawýanofiller öňki düzgüni dikeltmek isleýärdiler, çünki olaryň pikiriçe diňe köne düzgün slawýan halklarynyň ruhuna laýyk gelýärdi. Olara günbatarçylar gar-

şy çykýardylar we Russiýany Günbatar Ýewropanyň aýrylmaz bölegi hökmünde görýärdiler, şonuň üçin hem Russiýa öz ýolunda Günbatara ýüzlenmelidi. Olaryň arasyndaky jedeller şol döwürde Russiýada jemgyýetçilik pikiriniň ösendigine şaýatlyk edýär.

1821 – 1822-nji ýyllarda Günorta hem Demirgazyk gizlin jemgyýetleri döredilýär. Günorta jemgyýetiň merkezi Ukrainada, Demirgazygyňky bolsa Peterburgda ýerleşýärdi. Bu guramalar gizlinlikde işlän hem bolsalar, patyşa häkimiýeti olar barada doly habarlydy. 1822-nji ýylda ähli gizlin guramalar gadagan edilýär we häkimiýetler tarapyndan yzarlanylyp başlanýar.

Günorta jemgyýetiniň ýolbaşçysy **P. I. Pestel** Russiýa üçin geljekki konstitusiýanyň taslamasyny işläp düzdi. P. I. Pestel öz konstitusiýasyny *Rus hakykaty* diýip atlandyrypdyr. Bu resminama boýunça Russiýa respublika bolmalydy, häkimiýet bolsa şahalara bölünmelidi. Kanun çykaryjy häkimiýet *Halk weçesine* (maslahatyna) degişli bolmalydy. Halk weçesi ýurduň 20 ýaşa ýeten erkek adamlary tarapyndan saýlanýardy. Ýerine ýetiriji häkimiýet bäş adamdan ybarat bolan Döwlet dumasyna degişli edilipdir. Konstitusiýanyň ýerine ýetirilişine 120 adamdan durýan *Ýokary sobor* (ýygnak) gözegçilik etmelidi.

1825-nji ýylyň ýazynda Aleksandr I aradan çykýar. Täze patyşa **Nikolaý I-niň** kasam etmek dabarasy 1825-nji ýylyň 14-nji dekabryna bellenilýär. Bu dabarany Demirgazyk jemgyýetiniň agzalary peýdalanmagy makul bilýärler. Çykyşlaryň dekabr aýynda bolandygy üçin olary dekabristler diýip atlandyrdylar. Dekabristleriň patyşa garşy çykyşy Peterburgda kasam dabarasy wagty başlanmalydy. Harby ýolbaşçy edilip S. P. Trubiskoý bellenildi.

1825-nji ýylyň 14-nji dekabrynda ir säher bilen Peterburgda dekabristleriň gozgalaňy başlandy. Emma Nikolaý I-niň buýrugy bilen patyşa häkimiýetine garşy çykan goşunlaryň

hemmesi oka tutuldy. Gozgalaňyň netijesinde iki tarapdan 300-e golaý adam öldi.

Peterburgdaky gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň Günorta jemgyýet tarapyndan Ukrainada hem gozgalaň turzulýar. Emma bu çykyşlar hem şowsuz tamamlandy. Patyşa häkimiýetleri dekabristleri jenaýat jogapkärçiligine çekdi. Olaryň 5-si jezalandyryldy, 100-den gowragy bolsa Sibire sürgün edildi.

**Nikolaý I.** Patyşa Nikolaý I (1825–1855) döwlet dolandyryş işlerinde diňe bir möhüm meseleleri däl, eýsem ownuk meseleleri hem bir özi çözmäge çalşypdyr. Içeri syýasatda Nikolaý I daýhanlaryň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak üçin işleri alyp barypdyr. 1837–1841-nji ýyllarda daýhanlaryň içki öz-özüňi dolandyryş edarasy döredilýär. Obalarda daýhanlar üçin mekdepler we keselhanalar açylypdyr. Ýer ýetmeýän daýhanlary ýurduň gündogaryna göçürmek boýunça işler amala aşyrylypdyr.



**Nikolaý I**

Daýhanlara hasylsyzlyk döwründe kömek bermek üçin jemgyýetçilik ýerleri döredildi. Şol ýerlerde daýhanlar bileleşip zähmet çekýärdiler we önümi bile paýlaşýardylar. Hukuksyz daýhanlary bergileri üçin maşgalasyndan aýryp satmak gadagan edildi. Emma häkimiýetleriň daýhanlara üns bermegine garamazdan, hukuksyz daýhançylyk syýasaty Russiýada dowam edýärdi.

**Soraglar we ýumuş**

1. Russiýada senagatyň ösüşine nämeler päsgel berýärdi?
2. Russiýada senagatyň we oba hojalygynyň Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan yza galmagynyň sebäpleri nämede?
3. Aleksandr I içeri syýasatda nähili özgertmeleri geçirdi?

4. Dekabristleriň gozgalaňy haçan bolup geçdi? Russiýada gizlin jemgyýetleriň döremeginiň sebäpleri barada gürrüň beriň.
5. XIX asyryň I ýarymynda rus daýhanlarynyň ýagdaýyny gowulandyrmak barada Nikolaý I nähili işleri durmuşa geçirdi?

## § 52. XIX asyryň birinji ýarymynda Russiýanyň daşary syýasaty

**Russiýanyň Kawkaza hüjüm etmegi.** XIX asyryň başlarynda Kawkaz ülkesiniň daş-töweregi rus ýerleriniň gurşawyna düşdi. Patyşa häkimiýeti bu ýerlerde rus agalygyny ornaşdyrmak isleýärdi. Bu bolsa Demirgazyk Kawkazyň musulman halklarynyň garşylyk hereketini döretdi. 1817-nji ýylda Demirgazyk Kawkazda ýaşaýan halklaryň Russiýanyň basybalyjylykly syýasatyna garşy urşy başlanýar. Demirgazyk Kawkazyň gündogar böleginde ruslara garşy çeçenler, inguşlar, dagystanlylar, günbatarynda çerkesler, abhazlar çykyş edýärdiler. Olaryň Russiýa garşy urşy milli azat edijilik häsiýetdedi. Bu uruşda daglylary Türkiýe we Eýran ýakyndan goldaýardy.

Dagly halklaryň milli azat edijilik hereketine bütin Kawkaz ülkesinde uly meşhurlyga eýe bolan ymam Şamil ýolbaşçylyk edýärdi. Kawkazdaky uruşlar örän uzaga çekdi we tä 1864-nji ýyla çenli dowam etdi. Emma Kawkaz halklarynyň urşy olaryň ýeňilmegi we bütin Demirgazyk Kawkazyň Russiýanyň düzümine girizilmegi bilen tamamlandy.

**Russiýanyň Eýran we Türkiýe bilen uruşlary.** Eýran bilen Russiýanyň arasyndaky uruş 1804 – 1813-nji ýyllar aralygynda dowam edipdir. Eýran goşuny san taýdan agdyklyk etse-de, onuň ýarag üpjünçiligi örän pes bolupdyr. Gysga wagtyň içinde rus goşunlary Eýrana degişli köp ýerleri basyp aldylar.

Hut şol wagt Russiýa Türkiýä garşy hem uruş alyp barýardy. 1806-njy ýylda rus-türk urşy başlandy. Harby hereketler, esasan, Moldawiýada, Walahiýada we Bolgariýada alnyp barylýardy. 1812-nji ýylda Buharestde parahatçylykly şertnama gol çekildi. Şertnama boýunça Bessarabiýa Russiýa birikdirildi.



**Türkmençaý şertnamasyna gol çekilmegi**

Kawkazy gaýtaryp almak maksady bilen, 1826-njy ýylda Eýran Russiýanyň garşysyna täze urşa başlady. Emma söweş hereketleri eýran goşunlary üçin ýene-de şowsuz tamamlandy we ol ýeňildi. 1828-nji ýylyň Türkmençaý şertnamasy boýunça Russiýa Gündogar Ermenistany we tutuş Demirgazyk Azerbaýjany eýeledi we Hazar deňzinde öz harby flotuny saklamaga hukuk aldy.

Eýran-rus urşy tamamlanandan soň, Russiýa Türkiýä garşy uruş yglan etdi. Rus goşunlary bu uruşda-da ýeňiş gazanmagy başardylar. 1829-njy ýylda Russiýanyň we Türkiýäniň arasynda Adrionopol parahatçylykly şertnama gol çekilip, Gara deňziň gündogar kenarýakasyndaky Poti-Suhumi aralykdaky ýerler Russiýanyň düzümine girizildi.

**Russiýanyň Fransiýa garşy urşy.** 1812-nji ýylyň iýunynda fransuz goşunlary Neman derýasyndan geçip, Russiýanyň çäklerine çozdular. Rus harbylary fransuz goşunlaryna garşy diňe 210 müňden sähelçe gowrak esgeri we serkerdeleri goýup bildi. Dagynyk rus goşunlary baş söweşe girişip bilmediler. Rus goşunynyň yza çekilmegi tutanýerli goranyş söweşleri bilen utgaşdyrylýardy, şol söweşler bolsa fransuz goşunlarynyň güýjüni gaçyrýardy, olaryň öňe süýşmegini bökdeýärdi. Ilatyň ep-esli bölegi ekinleri, mallary ýok edip, goşun bilen gidýärdi ýa-da tokaýlara gaçýardy.

Fransuz goşunlary uly ýitgi çekýärdi we günsaýyn güýçden gaçýardy. Emma güýç agdyklygy henizem fransuzlaryň tarapyndady. Napoleon Russiýanyň köne paýtagtyna tarap dyzaýardy.

**Mihail Kutuzow** (1745 – 1813) meşhur rus serkerdesidi. Kutuzow Moskwadan 120 *km* uzaklykdaky Borodino obasynyň golaýynda Napoleonyň goşunynyň garşysyna baş söweş meýilnamasyny taýýarlaýar. 1812-nji ýylyň awgustynda gandöküşikli Borodino söweşi bolup geçdi. Söweşden soň ruslar yza çekilip, Moskwany goýup gidýärler. 2-nji sentýabrda Napoleonyň goşuny Moskwa girdi. Fransuz goşunlary Moskwada bir aýlap boldular. Emma rus goşunlary derbi-dagyn edilmän galypdy. Russiýa ýörişleriň netije bermejekdigine göz ýetirip, fransuz goşunlary yza dolanmak barada buýruk aldylar. Olaryň barýan ýollarynda rus goşunlary çykyp, Napoleonyň goşunlaryna uly zarba urýardylar. Şeýlelikde, Russiýa gelen fransuz goşunlarynyň aglabasy ýok edildi, Napoleonyň özi bolsa zordan Fransiýa gaýdyp bardy.

Aleksandr I-niň teklibi boýunça Ýewropada rewolýusion hereketleriň öňüni almak maksady bilen, Mukaddes bileleşik döredilýär. Oňa gatnaşyjy ýurtlar rewolýusiýalary basyp ýatyrmakda birek-birege kömek bermegi borç edindiler. Emma 1820-nji ýylda Mukaddes bileleşigiň ýurtlarynyň arasynda gapma-garşylyklar ýüze çykyp başlapdyr.

**Krym urşy we onuň netijeleri.** Patyşa Nikolaý I Balkanlarda öz täsirini güýçlendirmek üçin Türkiýäniň garşysyna syýasat alyp barýardy. Munuň üçin ol dürli bahanalar gözleýärdi.

Türk soltany hristianlaryň mukaddeslikleriniň biri hasap edilýän Ierusalimdäki ybadathanasynyň açaryny katolikçi ruhanylara beripdir. Russiýa bolsa açaryň prawoslaw ruhanylaryna berilmegini isleýärdi. Maksadyna ýetip bilmedik Russiýa 1853-nji ýylda Dunaý derýasynyň boýundaky

Türkiýäniň tabynlygyndaky ýerlere goşunlaryny saldy we Türkiýä garşy uruş yglan etdi. Emma Russiýanyň garşysyna bütin Ýewropa aýaga galdy. Sebäbi Awstriýa, Fransiýa, Prussiýa we Angliýa Russiýanyň güýçlenmegini islemeýärdiler. 1854-nji ýylda Angliýa bilen Fransiýa hem Russiýa garşy uruş yglan etdiler.

Esasy uruş hereketleri Krymda ýaýbaňlandy. Krym ýarym adasynyň harby taýdan Russiýa üçin ägirt uly ähmiýeti bardy, çünki ol Russiýanyň tutuş günortasynyň howpsuzlygyny üpjün edýärdi. 1854-nji ýylyň sentýabrynda iňlis, fransuz we türk goşunlaryny öz içine alýan 60 müňden köpräk uly goşun Ýewpatoriýa şäheriniň golaýynda düşürildi. Patyşa generallary bu ägirt uly goşunyň düşürilmegine päsgel berip bilmediler. Bu goşun Krymdaky esasy harby-deňiz nokady bolan Sewastopolyň üstüne hüjüme başlady we ony eýeledi. Krym urşunda rus goşunlary ýeňildi.

Krym urşunyň netijesinde 1856-njy ýylda Parižde parahatçylyk şertnamasy baglaşyldy. Şertnama boýunça Russiýa Gara deňizde harby deňiz goşuny saklamak hukugyndan mahrum boldy, şeýle hem Bessarabiýa, Serbiýa we Walahiýa Türkiýä gaýtarylyp berildi. Bu uruşda Russiýa harby taýdan agyr ýeňlişe sezewar boldy. Halkara gatnaşyklarynda onuň abraýy pese gaçdy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. XIX asyryň başlaryndaky basybalyjylykly uruşlarda Kawkaz sebitinde Russiýa haýsy ýerleri eýeledi? Şol ýerleri kartadan görkeziň.
2. Napoleon näme maksat bilen Russiýanyň üstüne çozdy? Kartadan Napoleonyň basyp alan ýerlerini görkeziň.
3. Krym urşunyň turmagynyň sebäbi näme?

# AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY XIX ASYRYŇ BIRINJI ÝARYMYNDA

## § 53. XIX asyryň birinji ýarymynda ABŞ-nyň ykdysady we syýasy ösüşi

**ABŞ-nyň ykdysady ösüşi.** ABŞ-da senagat öwrülişigi XIX asyryň diňe 30-njy ýyllarynda başlandy, asyryň ortalaryna çenli bolsa ýurt senagat önümçiligi boýunça eýýäm dünýäde dördünji orna çykdy.

ABŞ-da iri maýa goýum önümçiliginiň ösüşi umumy kanunlara laýyklykda geçýärdi. Ýurtda önümçilik giňelýärdi. Özi hem Ýewropadakydan tapawutlylykda, bu ýerde işçiler bilen kärhana eýeleriniň arasyndaky gapma-garşylyk ýok diýen ýalydy. Sebäbi göçüp gelýänler, köplenç, Günbatara tarap gidýärdiler. Şonuň üçin hem ýurduň senagat taýdan ösen ýerlerinde işçi güýjüniň gadyry bilinýärdi.

ABŞ-da hakynatutma zähmete esaslanan iri önümçilik ulgamy we gul eýeçilik ulgamy uzak wagtlap dowam etdi. Fermer hojalygynyň ösen ýeri bolan Demirgazyk ştatlarda gulçulyk baryp XIX asyryň başlarynda ýatyrylypdy. Günorta ştatlarda bolsa ol saklanýardy, üstesine-de, bu ýerde garaýagyz gullaryň sany örän köpdi.

Senagat öwrülişigi Amerikanyň günorta ýerlerine kän ornaşmandyr. Onuň sebäbi iri ýer eýeleri, esasan, gowaça ekýärdiler. Gul eýeleriniň esasy daýanjy günorta-gündogar ştatlardy, ol ýerde 4 milliona golaý gul bardy. Gulçulygy diňe gul eýeçilik hojalygynyň çägini mundan beýläk-de giňeltmek arkaly saklamak mümkindi, bu bolsa, bir tarapdan, ýer eýeleri bilen fermer hojalyklaryň, beýleki tarapdan, iri ýer eýeleriniň arasynda günbatar ýerleri eýelemek we syýasy häkimiýet ugrundaky göreşe eltdi.

Günortada gowaça ösdürip ýetişdirmek üçin amatly tebigy şertler bardy. Angliýadaky we ABŞ-nyň özündäki senagat öwrülişigi bilen baglylykda pagta bolan isleg çalt

ösýärdi. Iňlis iş adamlary pagtany ABŞ-dan näçe köp satyn aldyklaryça, gullaryň zähmetiniň ulanylmagy şonça-da güýçlenýärdi. Gullar doly suratda hukuksyzdy.

Ýer eýeleri ýeriň arryklamagynyň öňüni almak barada alada edenden, täze ýerleri eýelemegi peýdaly bilýärdiler. Özleriniň gullary, gözegçileri we hakynatutma ýaragly goragy bilen olar günorta-günbatar tarapa gidýärdiler we barha täze ýerleri eýeleýärdiler. Akýagyzlaryň arasynda garaýagyzlara jynsparazlyk duşmançylygyny ornaşdyrýardylar. ABŞ-nyň günortasynda jynsparazlygyň kökleri aýratyn çuň ornaşdy.

1850-nji ýyllarda fermer hojalyklary Kanzasda gulçulygy ýatyrmaga synanyşdylar, emma hökümet Kanzasa öz goşunlaryny sürdi we gul eýeleriniň häkimiýetini dikeltdi. Kanzasdaky ýaragly göreş bütin ýurtda golaýlaşyp gelýän raýatlyk urşunyň alamatydy. Tiz wagtdan soň gul eýeleri Ýokary kazyýetiň karary esasynda ýurduň bütin çäginde gaçgak gullary yzarlamaga we tutmaga hukuk gazandylar.

Bütin ýurtda gulçulygyň duşmanlary bilen tarapdarlarynyň arasynda göreş ýitileşýärdi. Kanzasdaky wakalar mahalynda öz töweregine maýadarlary we fermer hojalyklarynyň giň köpçüligini birleşdiren Respublikan partiýasy döredildi. Işçiler we Demirgazygyň şäherlerindäki beýleki jemgyýetleriň wekilleri şu partiýa goşulýardylar.

Respublikan partiýa ABŞ-a getirilýän senagat harytlaryna ýokary gümrük paçlaryny girizmek, Günbatara göçüp barmak isleýänleriň ählisine şol ýerden ýer böleklerini mugt bermek we gulçulygy çäklendirmek, soňra bolsa ony ýatyrmak baradaky talaby öňe sürdi.

Amerikan gul eýeleri we baý adamlar, birentek fermerler mümkin boldugyça köp ýer basyp almaga çalyşýardylar. Ýewropa döwletleriniň özara uruş alyp barýandyklaryndan peýdalanyp, ABŞ olaryň ençemesini goňşy koloniýalardan gysyp çykardy.

**Işçileriň ýagdaýy.** Täze ýerleriň basylyp alynmagy we işçileriň hem-de beýleki göçüp gelen ilatyň fermer bolmak

umydy bilen gündogar sebitlerinden ol ýerlere göçüp barmagy senagat sebitlerinde işçileriň ýetmezçiligine getirýärdi. Bu bolsa kärhana eýelerini maşynlary çalt işe girizmäge we Ýewropadaka garanda has ýokary iş haky tölemäge mejbur edýärdi. Emma şonda-da işçiler iş şertleriniň gowulandyrylmagy, aýlyk haklarynyň ýokarlandyrylmagy ugrunda çykyş edýärdiler.

ABŞ-nyň işçiler hereketinde ýewropaly işçileriň tejribesinden peýdalanylýardy. Demirgazygyň käbir ştatlarynda kärdeşler arkalaşygy döredi. XIX asyryň 20–30-njy ýyllarynda köp ştatlarda syýasy partiýalar döredildi, olar diňe bir ykdysady talaplary däl-de, eýsem, syýasy talaplary hem öňe sürýärdiler. Şol döwürler işçileriň we fermerleriň zor salmagy astynda ähli ştatlarda diýen ýaly, gullardan başga ähli erkek adamlar üçin ählumumy saýlaw hukugy girizildi.

**Abolisionistler (Gulçulygy ýatyrmak ugrunda) hereketi.** Akýagyz adamlaryň birentegi işçiler, fermerler, öňdebaryjy gatlaklaryň wekilleri – eýýäm XIX asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap gulçulygyň ýatyrylmagy ugrunda göreş alyp barýardylar. Olar metbugatda gul eýeçiligine garşy çykyş edýärdiler. Gulçulygyň ýatyrylmagynyň tarapdarlary abolisionistler (iňlisçe *abolition* - ýatyrma) diýen ada eýe boldular. Gazaba münen ýer eýeleri abolisionistik gazetleri dargatmagy guraýardylar, käte bolsa gulçulygyň duşmanlaryny ýok edýärdiler.



**Garriýet Tabmen**

Abolisionistler, esasan, fermerlerden ybarat bolan gizlin guramany guradylar. Fermerler gaçgak gullara gaçybatalga berýärdiler we olary gul eýeçiliginiň ýok ýeri bolan Demirgazyga hem-de Kanada çenli ugradýardylar.

Negr aýal **Garriýet Tabmen** öz edermenligi bilen aýratyn şöhratlandy. Ol Merilendde garaýagyz gyrnakdan

doglupdy we gulçulykdan Demirgazyga gaçypdy. Ol garaýagyz gullaryň gaçmagyna kömek etmek üçin Kanadadan Günorta 19 gezek gizlin geçip, onuň özi 300-e golaý guly Demirgazyga geçirdi. Ýer eýeleri onuň kellesi üçin 40 müň dollar bellediler, emma ol janyna töwekgellik edip, gulçulykdan gaçan garaýagyzlara kömek bermegini dowam etdiripdir.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. *Fermer hojalygy* diýlende siz nähili hojalygy göz öňüne getirýärsiňiz? XIX asyryň birinji ýarymynda ABŞ-nyň syýasy-ykdysady ösüşi barada aýdyp beriň.
2. Näme üçin ABŞ-da işçiler bilen kärhana eýeleriniň arasynda ýiti gapma-garşylyklar bolmandyr?
3. ABŞ-nyň Demirgazyk we Günorta sebitleriniň ösüşindäki aýratynlyklary barada gürrüň beriň.
4. Abolisionistleriň hereketi barada siz näme bilýärsiňiz?

## § 54. ABŞ-nyň ýerleriniň Günbatarda giňelmegi



**Tomas Jefferson**

**ABŞ-nyň basybalyjylykly daşary syýasaty.** ABŞ-da garaşsyzlyk ugrundaky uruş tamamlanandan soň, ýurduň çägi ýyl-ýyldan giňeýärdi. XIX asyryň başlarynda döwletiň ýerleri Atlantik ummanyndan Missisipi derýasynyň boýlaryna çenli baryp ýeten bolsa, asyryň ortalarynda ABŞ-nyň çäkleri Ýuwaş ummanynyň kenarlaryna çykdy.

1803-nji ýylda Prezident **Tomas Jeffersonyň** dolandyran döwründe ABŞ Fransiýadan Luiziýanany 15 *mln* dollara satyn aldy we ýurduň çäklerini günbatara tarap giňeltdi. 1810-njy ýylda ABŞ-nyň goşunlary we Ýewropadan göçüp

gelýän ilat Günbatar Floridada ispan häkimiýetini ýatyryp, onuň ýerini ABŞ-a birikdirdi. 1818-nji ýylda amerikan goşunlarynyň Gündogar Florida girmegi bilen Florida tutuşlygyna ABŞ-nyň ygtyýaryna geçdi. Netijede, ýurduň çägi iki esse giňedi.

1823-nji ýylyň dekabrynda ABŞ-nyň Prezidenti **Jeýms Monro** dünýäniň amerikan we Ýewropa ulgamlaryna bölünmegi baradaky harby-syýasy maksatnamany öňe sürýär. ABŞ-nyň taryhynda ol maksatnama *Monronyň doktrinasy* ady bilen bellidir. Maksatnamanyň öňe sürülmegine Ýewropa ýurtlarynda Mukaddes bileleşigiň döredilmegi sebäp bolupdyr. ABŞ-nyň bähbitlerine ters gelip biljek täsirine garşy gönükdirilipdi. Şeýlelik bilen, Monronyň doktrinasy boýunça ABŞ daşary syýasatda Ýewropanyň öz içerki işlerine goşulyşmazlygyny we Amerikan yklymynda ABŞ-nyň ýeke-täk agalygyny berkitmekligi jar edilýärdi.

Monronyň doktrinasy bellibir derejede Russiýanyň bähbitlerine hem degýärdi. Sebäbi Alýaska we Kaliforniýanyň günbatar ýerleri Russiýa degişlidi. Elbetde, ABŞ şol wagtlar Russiýanyň bu ýerlerine göz gyzdyrmandyr. Emma Monronyň doktrinasy geljekde Ýewropa ýurtlarynyň amerikan yklymyndaky ähli mülkleriniň ýatyrylmagyny göz öňünde tutupdyr.

**Meksika bilen uruş.** XIX asyryň 20-nji ýyllarynda amerikaly göçegçiler Meksikanyň Tehas welaýatyna göçüp başladylar. Olaryň sany barha köpelýärdi we asyryň 30-njy ýyllarynda olar özygtyýarlyklary baradaky talaplary öňe sürdüler. 1835-nji ýylda göçüp gelen ilat Tehasda pitne turzup, meksikalylaryň elinden birnäçe ýerleri aldylar. Amerikalylar Tehas respublikasyny jar edip, Meksikanyň prezidenti bilen Tehasyň garaşsyzlygyny ykrar edýän ylalaşyga gol çekişdiler.

1839–1840-njy ýyllarda Angliýa, Fransiýa we beýleki Ýewropa döwletleri Tehasyň garaşsyzlygyny ykrar edýärler.

1845-nji ýylyň dekabrynda bolsa Tehas ABŞ-nyň düzümine girdi.

Amerikaly göçegçileriň Oregona we Kaliforniýa süýşmegi Meksika halkynyň güýçli garşylygyna sezewar boldy. Emma güýçli amerikan goşuny meksikalylary günorta serpikdirip, Kaliforniýany basyp aldy. 1847-nji ýylda olar Meksikanyň paýtagty Mehiko şäherini hem eýeleýärler. Netijede, meksikalylar ABŞ-nyň ähli şertlerine boýun bolmaly boldular. 1848-nji ýylda baglaşylan amerikan-meksikan şertnamasyna görä, Meksika öz çäginiň 55%-ini ýitirdi. ABŞ-nyň çägi bolsa dört esse giňelip, onuň serhetleri häzirki ýagdaýyna geldi.

**Ýer meselesiniň çözülişi.** Ýewropadan, esasanam, Angliýadan, Irlandiýadan, Gollandiýadan göçüp gelýänler tarapyndan täze ýerleriň özleşdirilmegi senagatyň ösmegi üçin örän uly ähmiýeti boldy. Bu ýere garyp düşen daýhanlar, şäher garyplary, işçiler bir bölejik ýer alyp, özbaşdak hojalyk ýöretmek tamasy bilen gelýärdiler. Göçüp gelenleriň arasynda senagat merkezlerinde mesgen tutunan ökde hünärli işçiler-de bardy.

Ýerler, ozal indeý taýpalaryna degişli bolan ýerler hem döwlet eýeçiligi hasaplanýardy. Olar göçüp gelen akýagyz adamlara, köplenç halatda bolsa baý alyp-satarlara satylýardy. Göçegçiler indeýleri yzarlap, olary kowup, gitdigiçe Günbatara tarap süýşürýärdiler.

Göçüp gelenler ýerleri eýelemek hukugyny talap edýärdiler. Köplenç, olaryň özleri-de günbatara süýşýärdiler, indeýleri gysyp çykaryp, boşan ýerleri eýeleýärdiler, olar özbaşdak ýöredilýän fermer hojalyklaryny döredýärdiler we öz ýer böleklerine eýelik etmek hukugyny diňe şondan soň resmileşdirýärdiler.

Göçüp gelenler tokaýlaryň agaçlaryny çapyp, täze ekerançylyk ýerlerini hem açýardylar, tarp ýerleri özleşdirip, külbelerini gurýardylar. Göçüp gelenler, adatça, bütin maş-

galalary bilen göçüp barýardylar, käwagt birnäçe aýlap arabalarda ýaşaýardylar. Täze ýerleri özleşdirmek üçin örän gaýduwsyz, çydamly, işjanly, işe ukyply, işiň abyny-tabyny bilýän adam bolmalydy, bir-birini goldamalydy. Şol bir wagtyň özünde täze özleşdirilýän ýerlerde güýje baýrynmaklyk, jenaýatçylyk başyna gidipdi. Ol ýerde häkimiýet bolmandygy sebäpli *Linçiň kazyýeti* diýilýän, kanunsyz jeza bermegiň tejribesi emele gelip, ol uzak wagt (kä ýerde XX asyra çenli) saklanyp galdyryldy.

Gul zähmetine esaslanýan Günorta sebitlerde senagat harytlary az sarp edilýärdi. Şeýlelikde, gulçulygyň saklanylmagy içerki bazaryň giňemegine we fabrik önümçiliginiň ösmegine päsgel berýärdi. Şonuň üçin-de Demirgazygyň senagat kärhanalarynyň eýeleriniň köp bölegi gulçulyga garşy çykyş edýärdi, ýöne welin dokma fabrikleriň eýeleri Günorta ştatlardan pagta getirilmeginiň bes edilmegi öz fabrikleriniň işlemän durmagyna we girdejileriň kemelmegine getirer öýdüp gorkýardylar.

Iri ýer eýeleriniň Günbatarda täze ýerleri eýelemek bilen, ol ýerde hem gulçulygy girizmeklerinden ätiýaç edip, halk köpçüligi gulçulyga garşy göreşýärdi. Olar Günbatarda ýer bölekleriniň erkin paýlanylmagyny talap edýärdiler, gul eýeleri bolsa muňa garşydylar. Bulardan başga-da ýurtda mugt gul zähmetiniň ulanylmagynyň, erkin işçi güýjüniň hakynyň peselýändigi sebäpli, işçiler we fermerler gul eýelerine garşy çykýardylar. Halk köpçüligi we ilatyň öňdebaryjy wekilleri gulçulyk ýurdy masgaralaýar hem-de demokratik, azat jemgyýete ters gelýär diýip hasap edýärdiler.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. XIX asyryň başlarynda ABŞ-nyň düzümine nähili ýerler girizildi? Ýurduň düzümine täze girizilen ýerleri kartadan görkeziň.
2. ABŞ haýsy ýerleri eýelände özüni basybalyjy döwlet hökmünde görkezdi? Monronyň doktrinasynyň düýp mazmunyny düşündiriň.

3. Meksika bilen bolan urşuň sebäpleri we netijeleri barada gürrüň beriň.
4. ABŞ-nyň Günorta ştatlarynda agrar meselesi barada näme bilýärsiňiz?

## § 55. Industrial jemgyýetde jemgyýetçilik-syýasy pikirleriň ösmegi

**Döwletiň we jemgyýetiň ösüşi barada hyýaly garaýyşlaryň döremegi.** XIX asyryň 30-njy ýyllarynda fransuz akyldarlary tarapyndan *sosializm* we *kommunizm* düşünjeleri girizildi. Sosializm (*Sosia* latyn dilinden terjime edilende – *jemgyýetçilik*, *durmuş* diýen manyny aňladýar) syýasy taglymat bolup, ol diňe bir köne düzgünleri ýok etmegi göz öňünde tutman, eýsem, adamlaryň arasynda ählumumy durmuş deňligini üpjün edýän täze jemgyýeti berkarar etmegi maksat edinýärdi. Şonuň üçin bu taglymata eýerýänleri *sosialistler* diýip atlandyrýardylar. XIX asyryň birinji ýarymynyň görnükli sosialistleri hökmünde fransuz milletiniň wekilleri Anri Sen-Simon bilen Şarl Furýe, şeýle hem iňlis Robert Ouen çykyş etdiler.

Sosialistler önümçiligiň özakymlaýyn alnyp barylmagyny we artykmaç önüm öndürilmegini ýiti tankyt edýärdiler. Sebäbi olar önümçiligiň şeýle usulda alnyp barylmagy ykdysady pese gaçyşlygy döredýär, şunuň netijesinde bolsa işsizlik ýüze çykýar diýip düşündirýärdiler.

**Anri Sen-Simon** (1760–1825) baý maşgalada doglupdyr. Ol heniz ýaş ýigitkä aň-bilim ýaýradyjylaryň, magaryfçylaryň pikirlerine gulluk edipdir we jemgyýetçilik eşreti üçin hyzmat etmegiň asylly maksatlaryna uýupdyr.


**Anri Sen-Simon**

Sen-Simon ýetginjek mahaly demirgazyk amerikan koloniýalarynyň garaşsyzlyk ugrundaky urşuna gatnaşypdy, soňra polkownik çininde Fran-

siýa gaýdyp gelipdi. Sen-Simon direktoriýa ýyllarynda (1795 – 1799) tozupdy we juda garyp ýaşaýardy. Adamlary bagtly edip biljek täze jemgyýetçilik gurluşyny döretmegiň taslamalaryny işläp düzmek onuň mundan beýläkki durmuşynyň esasy maksady boldy.

Sen-Simon jemgyýetiň maddy hal-ýagdaýy öňi bilen önümçiligiň gazanýan üstünliklerine baglydyr diýip belleýärdi. Ol halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin ähli adamlar işlemelidirler diýýärdi. Sen-Simon ilkinji gezek hojalygy maksatnama esasda dolandyrmak pikirini öňe sürdi. Täze jemgyýetde Sen-Simon esasy ýolbaşçylyk orny senagat eýelerine, bankirlere we alymlara degişli bolar diýip çak edipdir.



**Şarl Furýe**

**Şarl Furýe** (1772–1837) dükançynyň ogludy, soňra bolsa özi ownuk söwda gullukçysy bolupdy. Iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklarynyň bela-beterlerinden dynmagyň mümkinçiligini Furýe täze jemgyýeti döretmeklikde görýärdi, şonuň ýaly jemgyýetiň jikme-jik maksatnamasyny bolsa öz eserlerinde işläp düzdi.

Furýe geljekde has adalatly durmuş gurluşyny döretmegiň mümkinçiligini, şonda zähmetiň şatlyk çeşmesine öwrüljekdigini, şahsyýetiň bolsa has doly we sazlaşykly ösüşe eýe boljakdygyny, gol zähmeti bilen akyl zähmetiniň arasyndaky tapawudyň kem-kemden ýitip gitjekdigini, şäher ilaty bilen oba ilatynyň arasyndaky tapawudyň bolmajakdygyny belläpdir.



**Robert Ouen**

**Robert Ouen** (1771–1858) işe egirme fabriginiň dolandyryjysy bolup başlapdy, soňam onuň şärikdeş eýesi

boldy. Ol iş wagtyny 13–14 sagat bolanlygyndan 10,5 sagada çenli gysgaltdy, jerimeleri ýatyrdy, pul sylagyny berip höweslendirmegi girizdi, işçileriň durmuş şertlerini gowulandyrdy, olaryň çagalary üçin bakja-baglary we mekdep gurdy. Bu çärelerden başga-da, Ouen uly ýaşly işçileriň iş wagtyny gysgaltmak we çagalaryň zähmetiniň ulanylmagyny kanunlar arkaly ýatyrmak ugrunda iş alyp bardy.



K. Marks

**K. Marksyň we F. Engelsiň sosialistik garaýyşlary.** XIX asyryň ortalarynda Ýewropada sosializm ideýasynyň ornuna täze jemgyýetçilik akymy bolan marksizm kemala gelýär. Bu akymy esaslandyryjylar **K. Marks** (1818 – 1883) bilen **F. Engelsdi** (1820 – – 1895). Marksizmiň ýüze çykmagy Ýewropanyň köp döwletlerinde işçiler hereketiniň ýylsaýyn güýçlenmegi bilen baglanyşykly boldy.

Marks bilen Engels iri maýa goýuma esaslanýan önümçilik zähmet bilen kapitalyň (baýlygyň, maýanyň) arasynda ýiti gapma-garşylyk döredýär diýip ynanýardylar. Hakynatutma işçiler ýaşamak üçin öz zähmetlerini satmaga mejbur bolýarlar, şonuň üçin hem olar baýlyga (kapitala) esaslanýan düzgünleri ýok etmäge we täze jemgyýeti gurmaga ýykgyn edýärler diýip, marksizm düşündirýärdi. Marks bilen Engels täze sosialistik jemgyýeti hut işçiler synpy döreder diýip aýdýardylar. Sosializme geçmek üçin bolsa hökman kommunistik rewolýusiýa bolmalydy. Marksizmiň düýbüni tutujylar kommunistik rewolýusiýa Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň öňdebaryjy senagatly ýurtlary gyradeň ösensoňlar şol ýurt-



Fridrih Engels

larda, iň bolmanda Angliýada, Amerikada, Fransiýada we Germaniýada rewolýusiýa bir wagtda bolup geçer diýýärdiler.

Täze jemgyýetiň esasy güýji hökmünde işçiler synpynyň häkimiýetlerini – proletariat (işçi) diktaturasyny we jemgyýetçilik eýeçiligini esaslandyrmalydylar.

Adamzat jemgyýetiniň ösüşi hakyndaky garaýyşlaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin 1847-nji ýylyň iýunynda Marks bilen Engels Londonda *Kommunistler bileleşigi* (*kommunus* – iňlisçeden terjime edilende *umumy* diýen manyny aňladýar) atly syýasy gurama döretdiler.

«Kommunistler bileleşiginiň» esasynda işçileriň ilkinji gezek täze guramasy döredildi, ol jemgyýetçilik ösüşiniň kanunlaryny çuňňur öwrenmek we XIX asyryň ortalarynda öndüriji güýçleriň ösmegi netijesinde işçileriň eýelän ornuna doly düşünmek esasynda kommunistik jemgyýeti gurmak ugrundaky göreşi özüniň baş maksady edip öňde goýdy.

*Kommunistler bileleşiginiň* tabşyrmagy boýunça Marks bilen Engels tarapyndan ýazylan «Kommunistik partiýanyň manifesti» 1848-nji ýylyň fewralynda Londonda çapdan çykdy. Bu kiçiräk resminama halkara işçiler guramasynyň ilkinji maksatnamasydy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Sosializm hakyndaky taglymat nähili ýüze çykdy? Sen-Simonyň, Şarl Furýeniň we Robert Oueniň garaýyşlary barada gürrüň beriň.
2. Marksizm Ýewropada haýsy syýasy garaýyşlaryň esasynda kemala geldi? Ony esaslandyryjylar barada siz nämeleri bilýärsiňiz?
3. Marks bilen Engelsiň kommunistik rewolýusiýa hakyndaky garaýyşlary barada aýdyp beriň.
4. *Kommunistler bileleşigi* haçan döredildi? «Kommunistik partiýanyň manifesti» hakyndaky resminamalar haçan we nirede çapdan çykýar?

# ÝEWROPADA 1848 – 1849-NJY ÝYLLARYŇ REWOLÝUSIÝALARY WE OLARYŇ NETIJELERI

## § 56. Fransiýada 1848-nji ýylyň rewolýusiýasy

**Fewral rewolýusiýasy.** 1847-nji ýylda Ýewropada güýçli ykdysady çökgünlik başlanyp, ol birentek ýurtlary, şol sanda Fransiýany hem gurşap aldy. Hasylsyz ýyl bolup, bugdaýyň ýetmezçiligi sebäpli, çöregiň nyrhy ýokarlandy. Köpçülikleýin işsizlik başlandy, iş haky iki esseden-de köp kemeldi. Ençeme sebitlerde aç işçiler we hünärmenler tolgunyp başladylar, halk azyk önümli dükanlary, mülkleri talap başlapdyrlar.

Baý gatlagyň nägile toparlary saýlawa gatnaşmak üçin emläk çäginiň ýatyrylmagyny talap edip, fewralda ýygnaklar guradylar. 22-nji fewralda uly ýygnak geçirilmeli diýlip bellenilende, hökümet ony gadagan etdi. Döwlet gullukçylary ýygnaga gelmediler, emma ýygnagyň geçiriljek ýerine



**Týuilri köşgünde korol häkimiýetiniň agdarylmagy**

münlerçe adamlar – işçiler, hünärmenler, talyplar ugrapdyrlar. Köpçülik, ilat köçä çykypdyr.

Agşam goşunlar köpçülikleýin hereketleri oka tutdular. Ölen we ýaralanan adamlar köp bolup, 1848-nji ýylyň 24-nji fewralynda gozgalaň turzan halk ýarag ammarlaryny we paýtagtyň esasy merkezlerini eýeläpdir. Lui Filipp Angliýa gaçyp gitdi. Gozgalaňçylar köşgi eýeläp, patyşanyň tagtyny ýakypdylar.

**Respublikanyň berkarar edilmegi.** Ýaragly gozgalaň rewolýusiýanyň ýeňmegine getirdi. Emma Wekiller maslahaty häkimiýeti kim-de bolsa patyşa maşgalasyndan birine bermäge synanyşdy. Muňa jogap edip, gozgalaňçylar elleri ýaragly «*Ýaşasyn respublika*!» diýip gygyryşyp, maslahatyň jaýyna kürsäp girdiler. Gozgalaň turzanlaryň zor salmagy bilen Wekiller maslahaty respublikaçylardan düzülen Wagtlaýyn hökümetiň düzümini tassyklapdyr.



**Alfons de Lamartin**

Gozgalaňçylary öz tarapyna çekmek üçin, Lion gozgalaňyna gatnaşyjylaryň biri bolan işçi Alberi we sosialist Lui Blany hökümetiň düzümine girizipdirler.

Wagtlaýyn hökümete ýazyjy **Alfons de Lamartin** baştutanlyk etdi. Respublika baradaky meseläniň çözülmegini gijikdirmäge synanyşdylar, emma Lui Filippiň agdarylan gününiň ertesi halk köpçüligi hökümetiň mejlis geçirýän ýeri bolan şäher edarasynyň daşyny gabady we Fransiýany Respublika diýip yglan etmäge mejbur etdi.

Fransiýanyň işçileri 1848-nji ýylyň rewolýusiýasynyň ýeňmeginde we respublikanyň jar edilmeginde aýgytly güýç boldy. Işçileriň uly topary elleri tüpeňli Pariž ybadathanasynyň daşyny gabady we zähmete bolan hukugy, ýagny işe mätäç adamlara iş tapyp bermek baradaky kanuny ta-

lap etdiler. Wagtlaýyn hökümet iş gününi 10–11 sagat bilen çäklendirdi hem-de *ähli raýatlary iş bilen üpjün etmek* barada karar kabul etdi.

**Pariž işçileriniň iýun gozgalaňy.** Wagtlaýyn hökümet Parižde toplanan işsizleriň köpçüligini köşeşdirmek üçin *milli ussahanalar* diýlip atlandyrylan jemgyýetçilik işlerini gurady. 100 müňden gowrak adam her iş gününe berilýän 2 frank ujypsyz hak üçin Pariž şäherini abadanlaşdyrmaga dürli ýer işlerini ýerine ýetirmäge iberýärdiler. Hökümet tarapyndan iş tapyp bermek boýunça iş toparyna Lui Blan ýolbaşçylyk etdi.

1848-nji ýylyň 23-nji aprelinde Fransiýada kanun çykaryjy edara – Esaslandyryjy ýygnaga saýlawlar boldy. Parižde syýasy ýagdaý gün-günden gapma-garşylykly häsiýete eýe bolýardy. Ykdysady kynçylyklar sebäpli halk köpçüliginiň nägileligi artýardy. Hökümetiň milli ussahanalary işletmäge maliýe serişdeleri ýokdy. 22-nji iýunda milli ussahanalaryň işini ýatyrmak hakynda karar kabul edildi. Olarda işleýän 25 ýaşa ýetmedik sallah işçileriň ählisi goşuna çagyrylmaga ýa-da batgalyk ýerlerde ýer işlerinde işletmek üçin sürgün edilmäge degişli edildi. *Milli ussahanalarynyň* dargadylmagy az salymyň içinde 113 müň işçini köçä zyňdy. Işçiler muňa jogap edip, gerimi we tutanýerliligi boýunça henize çenli görlüp-eşidilmedik gozgalaň turuzdylar. 100 müňden-de köp işçi – agaç ussalary, demirçi ussalar, paýtagtyň gündogar sebitlerinden gelen demirýolçular, işsiz adamlar söweşmäge köçä çykdylar. Parižiň işçileri aýaga galyp, iýun aýynyň 23–24-i aralygynda köçelerde ýiti söweşler boldy.

Iýun aýynda Parižiň köçelerinde bolan söweşlerde ölenleriň sany 11 müň adam boldy. Tussag edilen adamlaryň sany bolsa 25 müňden hem geçýärdi, 3,5 müň adam sürgün işlerinde işletmek üçin koloniýalara iberildi.

Ownuk hususyýetçiler işçiler hereketinden gorkup, Konstitusiýany işläp düzdüler, onda «zähmete hukuk» barada

indi hiç zat aýdylmaýardy. Saýlaw hukugy çäklendirilipdi. Halkyň syýasy işjeňligini çäklendirmek üçin prezident tarapyndan dolandyrylýan güýçli merkezi häkimiýet döredildi. Prezidente örän uly ygtyýarlyklar berilýärdi, onuň kanun çykaryjy ýygnagyň razylygyny soramazdan, ministrleri aýyrmaga we goýmaga hukugy bardy.

**Ikinji imperiýanyň berkarar edilmegi.** Respublikaçylar halk köpçüliginiň arasynda täsirini çalt ýitirdiler. 1848-nji ýylyň dekabrynda patyşalyk düzgüniniň tarapdary, Napoleon I-niň ýegeni, şazada **Lui Napoleon Bonapart** Fransiýanyň prezidentligine saýlandy.

Öz häkimiýetini berkitmek bilen, Lui Napoleon Parižiň harby bölümleriniň ähli möhüm wezipelerine öz gullukçylaryny belledi. 1851-nji ýylyň 2-nji dekabrynda, agşam ol öz howply saýýan garşydaşlaryny tussag etmegi buýurdy, şondan soň goşunlar ähli hökümet jaýlaryny eýelediler. Munuň özi döwlet agdarylyşygydy.

Döwlet agdarylyşygy Prezidentiň esasy maksadyny – Ikinji respublikadan dynmak we patyşalyk düzgünli häkimiýetine gaýdyp gelmek maksadyny amala aşyrmak üçin özboluşly taýýarlykdy. Göni bir ýyl geçenden soň, 1852-nji ýylyň 2-nji dekabrynda Fransiýada döwleti edara etmegiň patyşalyk düzgüni dikeldildi. Lui Napoleon Bonapart Napoleon III ady bilen korol diýlip yglan edildi. Ikinji imperiýa diýilýän düzgün berkarar edildi.



**Napoleon III**

**Napoleon III** häkimiýet başyna geçenden soň: «Imperiýa – bu parahatçylykdyr» diýip aýtdy. Emma iş ýüzünde Fransiýa Ikinji imperiýa mahalynda birnäçe basybalyjylykly, adalatsyz uruşlary alyp bardy. Fransiýa Krym urşunda Russiýanyň garşysyna Angliýa bilen bile-

likde hereket etdi, Meksikadaky we Hytaýda alnyp barlan talaňçylykly uruşlara gatnaşdy, Sardiniýa bilen bilelikde Awstriýanyň garşysyna uruşdy. Fransiýa Hindi-Hytaýda Kohinhini we Kambojany basyp aldy we olary özüniň koloniýalaryna öwürdi.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Fransiýada rewolýusion ýagdaýyň döremegine näme sebäp boldy? Parižde işsizligiň ösmeginiň sebäplerini aýdyp beriň.
2. Lui Filipp häkimiýetden haçan el çekdi?
3. *Milli ussahanalaryň* döredilmeginiň sebäbi näme?
4. Fransiýada ýurdy edara etmegiň prezident dolandyryşynyň girizilmegi barada gürrüň beriň.
5. Napoleon III-niň daşary syýasaty nähili häsiýetde boldy?

# GERMANIÝA, ITALIÝA, AWSTRIÝA REWOLÝUSIÝALARY

## § 57. Prussiýada rewolýusiýanyň başlanmagy

**Berlindäki gozgalaň.** 1847-nji ýylyň ykdysady çökgünligi edil Fransiýada bolşy ýaly, Germaniýada-da işsizlige we iş hakynyň kemeldilmegine getirdi, öňki ýyllardaky hasylsyzlyk bolsa azyk önümleriniň bahasynyň ýokarlanmagyna sebäp boldy. Şol ýylyň ýazynda aç märeke çörek we gök önümler dükanlaryny talaýardylar, çörekleri we kartoşkany zorluk bilen alýardylar, korollyk mülki bolan şazada Wilgelmiň köşgüniň aýnalaryny kül-owram etdiler. Germaniýanyň günorta-günbatarynda açlyk çekýän daýhanlaryň arasynda gozgalaňa çagyryşlar ýaýrady.

1848-nji ýylyň başlarynda Germaniýada ýiti gapma-garşylykly ýagdaý emele geldi. Rewolýusiýanyň tutaşmagy üçin diňe bir uçgun ýeterlikdi. Fransiýada fewral aýyndaky çykyşlar baradaky habar bolsa hut şeýle uçgun boldy. Ilkinji

çykyşlar Germaniýanyň günorta-günbatar böleginde boldy, ol ýerde Parižde bolan çykyşlar barada hemmelerden öň eşidildi.

Tiz wagtdan rewolýusion hereket Prussiýanyň çäklerine geçdi. Senagat taýdan iň ösen Reýn welaýatynyň esasy şäheri bolan Kýölnde işçiler we hünärmenler özgerişlikleri talap edip, korol köşgüniň daşyny gabadylar.



**Berliniň köçelerindäki barrikadalar**

Berlinde halk köpçüligi on günläp çykyşlary gurady, köçelerde we meýdançalarda polisiýa bilen çaknyşyklar bolýardy. 1848-nji ýylyň 18-nji martynda agşamara Berlin şäheri barrikadalardan dolduryldy. Bütin gije gazaply köçe söweşleri boldy. Gozgalaňçylaryň garşysyna sürlen pyýada goşun we topçular ýeňiş gazanyp bilmedi.

Gozgalaň diňe korol Fridrih Wilgelm IV paýtagtdan goşunlary çykarmak hakda buýruk berenden soň togtady. Işçiler we senetçiler Berliniň gyrak-çetlerinde ýygnaklar gurap, olarda zähmet ministrliginiň döredilmegini, hemme adamlaryň iş bilen üpjün edilmegini, ählumumy saýlaw hukugynyň berilmegini talap edýärdiler.

Prussiýanyň ýokary gatlagynyň wekilleri we begzadalar paýtagta hökümet goşunlarynyň getirilmegini haýyş etdiler we bu haýyşy korol haýal etmän ýerine ýetirdi. Döwlet gullukçylary öňküsi ýaly dolandyrmak isleýärdiler. Korol olaryň birini-de işden aýyrmady, Prussiýanyň köne goşuny, polisiýa, kazyýet we dolandyryş edaralary doly eldegrilmezliginde galdyryldy.

**Frankfurt parlamenti.** 1848-nji ýylyň maýynda Maýn boýundaky Frankfurtda jemgyýetçilik başlangyjy esasynda umumygerman parlamentine – Frankfurt Milli ýygnagyna saýlawlar geçirildi. Onuň agzalary Germaniýanyň konstitusiýasyny işläp düzmek üçin ähli german döwletlerinde geçirilen örän giň jemgyýetçilik saýlawlary esasynda saýlanyldy. Nemes hökümdarlary bu parlamenti ykrar etmeýärdiler, emma rewolýusiýa şertlerinde onuň çagyrylmagyna päsgel bermäge gorkdular. Parlamentiň agzalarynyň aglabasy intelligensiýa wekilleridi. Onda, esasan-da, professorlar, aklawjylar, mugallymlar köpdi. Frankfurt parlamenti Germaniýanyň nähili birleşdirilmegi barada uzak wagtlap netijesiz jedeller bilen meşgul boldy.

1849-njy ýylyň dekabrynda Prussiýanyň koroly Milli ýygnagy dargatmagy buýurdy. Deputatlar halky garşylyk görkezmek üçin çagyrmaga milt etmän, sessiz-üýnsüz dargadylar. Emma, her zat-da bolsa, korol «*ýokardan*» Konstitusiýany «*bagyşlamak*» barada perman çykarmaga mejbur boldy. Konstitusiýa laýyklykda begzada gatlaklarynyň artykmaç hukuklary saklanyldy, korol Konstitusiýada göz öňünde tutulan kanun çykaryjy edaralaryň islendik kararyny ýatyrmaga bolan hukugy özünde galdyrdy. Saýlaw ulgamy baý salgyt töleýjileriň saýlawlarda doly agdyklyk gazanmagyny üpjün edýärdi. Prussiýada rewolýusion hereket ýatdy.

**Saksoniýada we Badende bolan gozgalaňlar.** Frankfurtda German patyşalarynyň ykrar etmedik umumygerman parlamentiniň işläp düzen *Imperiýa Konstitusiýasynyň*

taslamasynyň demokratik bölümlerini gorap, 1849-njy ýylyň maýynda Saksoniýa korollygynyň paýtagty Drezdende we Baden gersoglygynda gozgalaň turdy. Bu Konstitusiýada imperiýa parlamentine saýlawlar mahalynda göz öňünde tutulan ählumumy saýlaw hukugy we onda sanalyp geçilýän beýleki hukuklar hem-de azatlyklar halk köpçüligini gyzyklandyrýardy. Drezdende işçiler, senetçiler, ownuk buržuaziýa köçe söweşlerine çykdylar.

Baden gersoglygynyň çäklerinde ýaragly goşun döredildi. Emma olaryň garşysyna Prussiýanyň goşunlary sürüldi, olar gozgalaňçylaryň bölümlerini derbi-dagyn etdiler. Prussiýa korollygynyň ygtyýarynda Germaniýa boýunça iň güýçli goşun bardy, şonuň üçin hem bu korollyk beýleki german döwletlerinde – Westfaliýada we Pfalsda hem çykyşlary basyp ýatyrýardy. Fransiýada bolan rewolýusiýadan tapawutlylykda, 1848–1849-njy ýyllarda Germaniýada bolup geçen wakalar tamamlanmadyk demokratik çykyşlar boldy.

**German rewolýusiýasynyň netijeleri.** XVIII asyrda Fransiýada rewolýusiýanyň gidişinde feodalçylyk düzgüniniň ähli galyndylary diýen ýaly ýok edilipdi. Emma Germaniýada iri feodallaryň agalygy saklanyp galypdy, ýurt bolsa öňküleri ýaly syýasy dagynyklygynda galdy. Häkimiýet diňe käbir özgerişlikleri geçirdi.

Halk köpçüligine korol häkimiýetini öz syýasatyny üýtgetmäge mejbur etmek we birnäçe kiçiräk ýeňillikleriň berilmegini gazanmak başartdy. Oňa 1849-njy ýylyň Prussiýa Konstitusiýasy degişlidir, emma welin şol Konstitusiýa korol häkimiýetini sähelçe çäklendirýärdi.

Rewolýusiýadan soň daýhanlaryň käbir ownuk zähmet borçlaryny ýatyrmak barada kanun çykaryldy. Olardan has möhümi ýyllyk töleglerden köp esse artyk pul töläp, zähmet borçlaryndan dynmakdy. Emma daýhanlaryň aglabasynyň zähmet borçlaryndan pul töläp azat bolmak üçin serişdeleri ýokdy.

**Soraglar we ýumuş**

1. Germaniýada rewolýusion wakalaryň başlamagyna nähili wakalar täsir etdi? Fransiýadaky 1848-nji ýylyň rewolýusiýasy bilen Germaniýadaky 1848–1849-njy ýyllardaky rewolýusiýany deňeşdiriň.
2. Frankfurt Milli ýygnagy haçan döredildi?
3. Näme üçin Germaniýadaky rewolýusiýa tamamlanmadyk demokratik rewolýusiýa hökmünde häsiýetlendirilýär?

## § 58. Italýan döwletlerindäki rewolýusiýalar

**Italiýa döwletleriniň ýagdaýy.** 1815-nji ýyldaky Wena maslahatyndan soň Italiýa sekiz sany korollyga bölünipdi. Ähli ýerde korollaryň çäklendirilmedik häkimiýeti berkarar edildi. Syýasy dagynyklyk, ownuk hökümdarlaryň, begzadalaryň, gullukçylaryň eden-etdiligi, daýhanlaryň iri ýer eýelerine garaşlylygy – bularyň hemmesi iri buržuaziýanyň nägileliginiň güýçlenmegine getirýärdi we halk köpçüliginiň ýigrenjini döredýärdi.

Italiýanyň Lombardiýa we Wenesiýa sebitleri Awstriýa döwletiniň düzümine girýärdi, şeýle bolansoň, Awstriýa häkimiýetleri olardan ägirt uly salgytlar alýardy. Gabsburglaryň neberesinden bolan gersoglaryň dolandyrýan ýerleri bolan Parma, Modena we Toskana hem Awstriýanyň golastyndady. Rim sebitinde papanyň dünýewi häkimiýeti saklanyp galýardy. Bu Italiýanyň milli taýdan birleşmeginiň we ykdysady ösüş ýolunda esasy päsgelçilikleriň biri bolup durýardy.

Sisiliýa we Neapol korollyklary Burbonlaryň Ispaniýadaky nesliniň häkimiýeti astyndady, olar Italiýanyň iň yza galan bölekleridi. Ol ýerlerde doly diýen ýaly feodalçylyk gatnaşyklary höküm sürýärdi.

**Milandaky, Wenesiýadaky we Rimdäki bolan gozgalaňlar.** Hasylsyzlyk we ykdysady çökgünlik halk köpçüliginiň betbagtçylygyny güýçlendirdi hem-de rewolýusion ýagdaýyň emele gelmegine ýardam etdi. 1848-nji ýylyň

ýanwarynda Palermoda (Sisiliýa) köpçülikleýin çykyşlar başlandy we ol ýurduň bütin demirgazygyna ýaýrady. Halk köpçüliginiň zor salmagynda birentek döwletlerde hökümetler döredildi we konstitusiýalar yglan edildi.

Mart aýynda Awstriýanyň italýan mülklerinde gozgalaň turdy. Gozgalaň Awstriýa agalygyndan azat bolmak, Awstriýanyň gaznasyna gidýän ägirt köp salgytlardan dynmak üçin turdy. Milanda (Lombardiýanyň esasy şäherinde) halk çykyşlary başlandy. Bäş güne çeken gazaply köçe söweşlerinden soň Awstriýa goşunlary Milandan kowlup çykaryldy we ýerli hökümet döredildi. Milan hökümetiniň esasy maksady milli sütemi ýok etmek we konstitusiýany jar etmegi gazanan goňşy Sardiniýa korollygyna birleşmekdi. Halkyň zor salmagy bilen Sardiniýa koroly özüniň Pýemontdaky goşunlaryny awstriýalylaryň garşysyna iberdi.

1848-nji ýylyň martynda Wenesiýada hem Awstriýa sütemine garşy gozgalaň turup, ol ýerde respublikan dolandyryşy yglan edildi. 1848-nji ýylyň mart aýynda Parmada we Modenada Awstriýanyň tabynlygyndaky hökümetler ýykyldy.

Sardiniýanyň koroly Awstriýanyň garşysyna uruş alyp barmaga gorkdy, ol özüne kömege gelen meýletinçileriň harby bölümlerine ynanmaýardy. Netijede, iýul aýynda onuň goşuny derbi-dagyn edildi we öz ýerine yza çekildi. Şonuň yzysüre Milandaky gozgalaň hem ýeňlişe sezewar boldy. Beýleki italýan döwletlerinde hem respublika garşy güýçler hüjüme geçdi. Neapolda korol Konstitusiýany ýatyrdy, Parlamenti dargatdy, hökümetiň düzüminden demokratlary çetleşdirdi.

Emma halk we demokratik güýçler ýaraglaryny taşlamadylar. Rewolýusion demokratlar: «Korolyň urşy gutardy, indi milletiň azatlyk ugrundaky urşy başlanýar» diýen şygary öňe sürdüler. 1849-njy ýylyň başlarynda Rimde halk

gozgalaňy turdy. Rim papasy gaçyp gitdi. Halkyň şatlanmagy we top atylmagy bilen Rimde respublika yglan edildi.

Papa kömek sorap Fransuz Respublikasynyň Prezidenti Lui Napoleona ýüz tutdy, ol bolsa Rim Respublikasynyň garşysyna köp sanly fransuz goşunyny iberdi.

Rimiň goranyşyna italýan demokraty **Juzeppe Garibaldi** (1807 – 1882) baştutanlyk etdi.



**Juzeppe Garibaldi**

Garibaldi baryp 30-njy ýyllarda Sardiniýa korollygynda bolan gozgalaňa gatnaşypdy. Gaýybana ölüm jezasyna höküm edilen Garibaldi Günorta Amerika gaçyp gidip, ol ýerde ispan sütemine garşy milli azat edijilik göreşe gatnaşypdy. 1848-nji ýylyň ýazynda Garibaldi watanyna dolanyp geldi we Italiýany daşary ýurt sütеminden azat etmek ugrundaky göreşe goşuldy.

Garibaldiniň baştutanlygynda italiýan respublikaçylary Rim şäherini gahrymanlarça goraýardylar, emma fransuz harby goşunynyň ody olaryň garşylygyny syndyrdy. Fransuz naýzasynyň kömegi bilen papanyň dünýewi häkimiýeti dikeldildi, Rimde bolsa fransuz harby bölümi galdyryldy, çünki papa italiýan goşunlaryna bil baglap bilmeýärdi.

Garibaldi göreşe gatnaşyjylaryň kiçeňräk topary bilen zordan Genuýa çykdy we Italiýadan ýene-de wagtlaýyn çykyp gitdi. Göreşe gatnaşyjylaryň birentegi tutulyp atyldy.

1848 – 1849-njy ýyllarda, beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, Italiýada hem tamamlanmadyk, demokratik rewolýusiýa bolup geçdi. Käbir italýan döwletlerinde rewolýusiýa milli azat edijilik häsiýete hem eýe boldy. Onuň şowsuzlyga uçramagynyň sebäpleri halk köpçüligi tarapyndan guralmanlygydy we jemgyýetçilik gatlaklarynyň dagynyklygydy. Emma Italiýada hem rewolýusiýa çuňňur yz galdyrdy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Italiýada 1848–1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň bolmagynyň sebäpleri we esasy meseleleri haýsylardy?
2. Siz italýan döwletlerindäki rewolýusiýalaryň sebäplerini düşündiriň.
3. Juzeppe Garibaldi we onuň hereketi barada gürrüň beriň.
4. Italiýanyň haýsy ýerini katolik dininiň ýolbaşçysy papa dolandyrypdyr?

## § 59. Awstriýadaky rewolýusiýa

**Imperiýanyň ykdysady-syýasy ýagdaýy.** Awstriýa korollygy ýa-da Gabsburglaryň imperiýasy köpmilletli döwletdi. Onuň ýerinde awstriýalylardan we wengerlerden başga-da çehler, slowaklar, polýaklar, horwatlar, serbler we ukrainler ýaşaýardylar.

Bütin imperiýada birentek köne düzgünler saklanyp galýardy, emma Awstriýa bilen Çehiýada eýýäm iri maýa goýum önümçiligi ösendi, işçiler we senetçiler köpdi. Senagatda Çehiýa imperiýanyň iň öňde barýan bölegidi. Çehiýada begzadalar we iri buržuaz gatlaklar awstriýalylardan ýa-da nemesleşen adamlardan ybaratdy. Wengerler Awstriýa häkimiýetine garaşlydylar – Awstriýanyň koroly şol bir wagtyň özünde Wengriýanyň hem korolydy, emma wenger begzadalarynyň içki meseleleri çözýän öz mejlisi bardy. Wengriýada iri maýa goýum önümçiligi Awstriýa bilen Çehiýadaka garanda gowşak ösüpdi.

Döwletiň baştutany korol Ferdinand özüniň zehini bilen tapawutlanmandyr. Köne düzgünleriň saklanyp galmagynyň tarapdary Metternih Awstriýa hökümetine 30 ýyldan-da köp wagtlap baştutanlyk edipdir.

**Pragadaky, Wenadaky gozgalaňlar.** Iri ýer eýeçilik düzgünleri, çäklendirilmedik häkimiýet we salgytlaryň köplügi Awstriýada ýaşaýan milletleri göreşlere iterýärdi.

Awstriýa korollygynda 1848 – 1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň iň möhüm meseleleri feodalçylyk düzgünlerini ýatyrmakdan we bakna halklaryň özygtyýarlygyny göreşip gazanmakdan ybaratdy.

1847-nji ýylyň ykdysady çökgünligi we iki ýylky hasylsyzlykdan soň azyk önümleriniň gymmatlamagy sebäpli, Awstriýa korollygynda rewolýusion ýagdaý emele geldi. Aýratyn-da, jemgyýetiň pes gatlaklarynyň ýagdaýy has ýaramazlaşypdy.

1848-nji ýylyň 13-nji martynda Wenada rewolýusiýa başlady. Köçelerde barrikadalar gurulýardy. Gozgalaň turzan işçiler, senetçiler, talyplar konstitusiýanyň kabul edilmegini we hökümetiň çalşyrylmagyny talap edýärdiler. Goşunlar bilen çaknyşyklar başlandy. Halk hatda korolyň berk goralýan köşgüne hem aralaşdy. Hökümet gorkusyna eglişik etmäge boýun boldy.

Metternih iş başyndan aýryldy hem-de gaçyp gitdi. Hökümetiň käbir agzalary çalşyryldy. Talyplar özleriniň ýaragly toparyny döretmeklige, buržuaziýa bolsa milli goşun döretmäge ygtyýar aldylar. Maý aýynda korol Konstitusiýanyň saýlawçylar üçin ýokary emläk çäginiň bellenilmegi bilen boljakdygyny halka yglan etdi. Korol paýtagtdan gizlin çykyp, Tirola gaçyp gitdi.

Awstriýa korollygynda 1848–1849-njy ýyllardaky rewolýusiýanyň iň ýokary göterilişi Wenada oktýabr aýynda çykyşlar boldy. Gozgalaňçylar *çalt hereket ediji goşunyň* toparlaryny döretdiler we dört hepdäniň dowamynda şäheri öz ellerinde sakladylar. Wenany ummasyz köp goşunlar gabap, paýtagty wagşyçylykly top okuna tutup başladylar. Gozgalaňçylar gazaply garşylyk görkezdi we 5 müň adam ýitirdiler. Gozgalaň uly kynçylyk bilen basylyp ýatyryldy. Oňa gatnaşyjylardan köp adam söweşlerden soň atyldy.

Awstriýa korollygynyň slawýan halklary hem köpçülikleýin göreşe aýaga galdylar. Çehiýa daýhanlaryň we işçileriň närazylyk hereketleri bilen gurşalypdy. Hökümet Praga uly

goşun çekdi. 12-nji iýunda işçileriň we talyplaryň ýaragsyz çykyşlary goşunlar tarapyndan oka tutuldy. Goşunlar belent ýere çekilip, şäheri top okuna tutup başladylar. Pyýada goşun şähere kürsäp girdi we 17-nji iýunda gozgalaňy basyp ýatyrdy.

**Wengriýanyň garaşsyzlyk ugrundaky urşy.** 1848-nji ýylyň 15-nji martynda Wengriýada rewolýusiýa başlady. Ony demokratik meýilli ýerli begzadalar, wenger paýtagty Peştiň senetçileri, talyplary we demokratik intelligensiýasy turuzdy. Olar köpçülikleýin çykyşlar gurap, Wengriýa üçin ýerli wekilçilikli edaranyň öňünde jogapkär hökümetiň döredilmegini we salgytlaryň ýatyrylmagyny talap etdiler.



**Laýoş Koşut**

Korol Wengriýada özbaşdak hökümetiň döredilmegine razylyk bermäge mejbur boldy. Netijede, milli hökümet döredildi.

Wena gozgalaňy derbi-dagyn edilenden soň korol öz goşunlaryny Wengriýa sürdi we onuň öz-özüňi dolandyryşynyň ýatyrylýandygyny yglan etdi. Muňa jogap edip wenger parlamenti 1849-njy ýylda Wengriýany garaşsyz döwlet diýip yglan etdi we azat hökümeti döretdi. Hökümdar-prezident diýlip yglan edilen **Laýoş Koşut** (1802–1894) şol hökümetiň görnükli işgäri boldy.

Wengerleriň Awstriýa goşunlaryny kowup çykaran güýçli goşuny bardy. Emma ýagdaý durnukly däldi. Koşutyň hökümeti daýhanlaryň we demokratlaryň ähli ýer borçlaryny pul tölemezden ýatyrmak hem-de ownuk daýhanlara paý ýerlerini bermek baradaky talaplaryna eglişik etmedi.

Koşutyň hökümetiniň serblere, horwatlara we wenger iri ýer eýeleri tarapyndan ezilen beýleki halklara deňhukuklylyk berilmegini islemezligi-de Wengriýanyň ýagdaýyny gowşadýardy. Milletleriň deňhukuklylygy baradaky

kanun juda giç – çykyşlar derbi-dagyn edilmeziniň iki hepde öň ýanynda kabul edildi. Şonda Awstriýanyň koroly **Frans-Iosif** I (1830 – 1916) Russiýanyň patyşasy Nikolaý I-den kömek sorapdy. Nikolaý I taýýar duran ýüz müň adamly goşunyny wenger çykyşlaryna garşy sürdi.

Wenger goşuny birnäçe söweşde ýeňlişe duçar boldy we soňra patyşa goşunlaryna boýun egdi. Wengriýanyň garaşsyzlyk ugrundaky milli azat edijilik urşy ýeňlişe sezewar boldy, emma şeýle-de bolsa, Awstriýa korollygyndaky 1848 – 1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň möhüm netijeleri boldy, hökümeti käbir özgerişlikler geçirmäge mejbur etdi. Korol Awstriýanyň Konstitusiýasyny girizdi. Feodalçylyk borçlaryndan pul töläp azat bolmak barada kanun çykaryldy, iri ýer eýeleriniň käbir hukuklary ýatyryldy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Awstriýa korollygynda 1848 – 1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň sebäpleri nämeden ybaratdy?
2. 1848-nji ýylyň Praga gozgalaňynyň rewolýusion-demokratik we milli azat edijilik häsiýetli gozgalaň bolandygy barada aýdyp beriň.
3. Wenadaky 1848-nji ýylyň rewolýusion wakalarynyň taryhyny beýan ediň.
4. Wengriýadaky 1848 – 1849-njy ýyllaryň wakalary barada gürrüň beriň.
5. Awstriýa korollygyndaky 1848 – 1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň ähmiýeti nämeden ybaratdy?

# LATYN AMERIKASY

## § 60. Ýewropa ýurtlarynyň Latyn Amerikasyndaky kolonial mülkleri

**Ispaniýanyň we Portugaliýanyň mülkleri.** XIX asyryň başlarynda ispan kolonial imperiýasy Amerikanyň 10 million inedördül kilometr çägini öz içine alypdyr. Onuň mülkleri San-Fransiskodan tä Gorn burnuna çenli uzaýar-

dy. Bu uly çäkleri dolandyrmak üçin Ispan hökümeti öz amerikan mülklerini dört sany korollyga: Täze Ispaniýa, Täze Granada, La-Plata we Peru korollyklaryna böldi. Olar hem öz gezeginde welaýatlara bölünýärdi. Täze döredilen korollyklara ispan koroly tarapyndan 5 ýyllyk möhlet bilen dikmeler bellenipdir. Koloniýalardaky dikmeleriň arasynda öňki basybalyjylar gabat gelýärdi. Şäherlerde ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary hem bardy.

Täze dünýäniň koloniýalarynda Ispaniýada we Portugaliýada öndürilmeýän önümler – temmäki, kofe, şekerçiňrik ýetişdirilipdir. Koloniýalara başga döwletler bilen söwda etmäge rugsat berilmeýärdi.

XVIII asyryň ahyrynda ispan we portugal koloniýalary öz aralarynda söwda etmäge mümkinçilik aldylar. Söwda salgytlary azaldyldy. Koloniýalara baýlyk üçin atly – derejeli begzadalar hem göçüp gelýärdiler. Olaryň elinde ägirt uly ýerler jemlenipdi.

Ispaniýanyň we Portugaliýanyň Latyn Amerikasyny basyp almagy bilen katolik buthanasynyň wekilleri hem ägirt uly ýerlere eýe bolup, ýerli halka hristian dinini kabul etdirýärdiler. Basybalyjylar özüniň syýasatyny hudaýyň ýoluny ýaýratmagy bilen aklapdyrlar. Indeýleriň ep-esli böleginiň gyrlyp gutarmagy sebäpli, ispanlar Amerika Afrikadan negr-gullary getiripdir. Şunuň netijesinde täze dünýäde negrleriň gulçulygy emele gelipdir.

**Jemgyýetçilik gatnaşyklary.** Latyn Amerikasynda ýokary gatlagy akýagyzlar düzüp, oňa begzadalar we baý adamlar giripdirler. Olar jemgyýetde iň ýokary dolandyryş, harby, dini wezipeleri eýeleýärdiler. Olaryň elinde ummasyz mülkler jemlenipdi.

Ýerli akýagyz latynamerikaly nesil hem kemala geldi. Olary *kreollar* diýip atlandyrýardylar. Kreollar – koloniýalarda doglan ispanlaryň we portugallaryň nesli bolupdyrlar. Olar iri we ownuk ýerlere eýeçilik edip, dürli girdejili wezipe-

leri eýeläpdirler. Koloniýalarda metisler, mulatlar we sambo toparlary hem emele gelipdir. Olar göçüp gelen ilat bilen ýerli halkyň garyşmagy netijesinde dörän nesildi. Bularyň hemmesinde raýatlyk hukuklary bolupdyr, ýöne olar gullukçy we harby wezipelerini eýeläp bilmändirler. Olar, esasan, hünärmentçilik, söwda bilen meşgullanýardylar.

**Merkezi we Günorta Amerikada milli azat edijilik göreşi.** Ispaniýanyň we Portugaliýanyň kolonial sütemine garşy hereketler baryp XVI asyrda başlanýar. Indeýleriň Kubadaky gozgalaňlaryny ispanlar 20 ýyllap basyp ýatyryp bilmändirler. Peru indeýleriniň hereketi 40 ýyllap dowam etdi. Olar Täze Ink döwletini hem gurup bilipdirler, emma hereketiň ýolbaşçysy öldürilenden soň Peruwyň üstünden Ispaniýanyň hökümdarlygy gaýtadan dikeldilýär.

Indeýler bilen bir hatarda negr gullary hem ýewropalylara garşy çykýardylar. XVII asyrda olar Braziliýada *Palma Respublikasyny* döretdiler. Bu Respublika jemi 65 ýyllap (1630–1695) ýaşapdyr. Portugallar respublika garşy uly goşun iberip, ony derbi-dagyn edipdirler.

Gozgalaňlara latynamerikalylar hem gatnaşýardylar. Olara, köplenç, kreollar ýolbaşçylyk edipdirler. Gozgalaňlaryň öňüni almak üçin häkimiýetler käbir eglişikleri etmeli bolupdyrlar. Salgytlaryň möçberi üzül-kesil azalypdyr. Latynamerikalylara manufakturalary açmaga ygtyýar edilýärdi. Emma bu özgerişlikler yzygider amala aşyrylmandyr.

XVIII asyrda Ispaniýanyň we Portugaliýanyň Ýewropa döwletleriniň arasynda ähmiýeti peseldi. Angliýa we Fransiýa Latyn Amerikasyndaky koloniýalar bilen söwdany öz ellerine alypdyrlar. Ispaniýanyň we Portugaliýanyň täsiriniň peselmegi Latyn Amerikasynda azat edijilik hereketiniň güýçlenmegine badalga beripdir.

**Gaitide gullaryň hereketi.** Gaiti adasy Kolumb tarapyndan açylypdy. Kolumb şol ýerde ýewropalylaryň Amerikadaky ilkinji koloniýasyny esaslandyrypdy. Ondan soň ol

adada fransuz deňiz garakçylary mekan tutup, şol ýerden söwda gämileriniň üstüne çapawulçylyk edýärdiler, soň-soňlar bolsa bu ada Fransiýa geçdi. Ýerli indeýleriň aglabasy dürli kesellerden ölüpdir. Şonuň üçin hem şekerçiňrik ekilýän plantasiýalary işläp bejermek üçin Gaitä Afrikadan garaýagyz gullary getirip başlapdyrlar.

XVIII asyryň ahyrlarynda Gaitidäki fransuz mülklerinde 400 müňden gowrak garaýagyz gullar we onlarça müň mulatlar (akýagyzlaryň we garaýagyzlaryň nesilleri) bardy. Adada akýagyz fermerler bilen senetçiler hem köpdi.

Gullar ýygy-ýygydan gozgalaň turuzýardylar. 1791-nji ýylda başlanan uly gozgalaň taryhda gullaryň ilkinji we ýeke-täk üstün çykan hereketine öwrüldi. Gullar häkimiýeti basyp aldylar we özleriniň garaşsyz döwletini döretdiler. 1793-nji ýylda fransuz häkimiýetleri gullaryň azat edilýändigi barada kanun çykardy. 1801-nji ýylda Konstitusiýa kabul edildi we Latyn Amerikasynda ilkinji garaşsyz Gaiti döwleti döredilýär. Şeýle üstünligiň gazanylmagyna gullar bilen akýagyz garyplaryň bilelikdäki hereketleri ýardam etdi. Ol ýerde iň oňat ýerler kem-kemden baý hususyýetçileriň eline geçdi. Soňra adanyň gündogar bölegi 1804-nji ýylda Gaiti Respublikasyndan bölünip, özbaşdak döwlet boldy.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. XVI–XVII asyrlarda Ýewropa döwletleriniň haýsylary Günorta Amerikadaky koloniýalary basyp aldylar? Ýerli ilat barada olaryň syýasaty nähilidi?
2. Ispaniýanyň we Portugaliýanyň täze dünýäni dolandyryşlary barada aýdyp beriň.
3. Portugaliýa we Ispaniýa ýerli hojalygyň ösmegine näme üçin päsgelçilik berýärdi?
4. Gaitide bolan gozgalaň barada nämeler bilýärsiňiz? Gozgalaňyň netijeleri we ähmiýeti barada gürrüň beriň.

## § 61. Garaşsyzlyk ugrundaky uruşlaryň başlanmagy

**Latyn Amerikasy ýurtlarynyň garaşsyzlyk ugrundaky uruşlarynyň sebäpleri.** Portugaliýanyň we Ispaniýanyň kolonial zulumy Latyn Amerikasynda oba hojalygynyň we söwdanyň mundan beýläk ösmegi üçin esasy päsgelçilige öwrülipdi. Şonuň üçin hem koloniýalarda özbaşdak döwletleri döretmeklige bolan meýil güýçlenýärdi. Sowatly ýer eýeleriniň arasynda, ylaýta-da, kreollardan bolan serkerdeleriň arasynda azat edijilik pikirleri ýaýraýardy. Koloniýalardaky buržuaziýa entek gowşakdy. Şoňa görä-de, azat edijilik hereketiniň başynda, köplenç, kreollardan bolan adamlar durýardy.

**Idalgonyň gozgalaňy we Meksikada garaşsyzlyk ugrundaky uruş.** Koloniýalarda köpçülikleýin gozgalaň 1810-njy ýylda başlandy. Amerikanyň halklary özleriniň azat edijilik göreşinde ajaýyp watançylaryň birentegini ýüze çykardy. Meksikanyň halky ***Migel Idalgonyň*** we ***Hose Morelosyň*** atlaryny şu günlere çenli hem hormat bilen tutýar.

Oba ruhanysy Idalgo 1810-njy ýylda daýhanlaryň iň garyp gatlaklaryny emele getirýän indeýleri we metisleri garaşsyzlyk ugrunda göreşmäge hem-de zorluk bilen alnan ýerleri gaýdyp almaga çagyrdy. Gozgalaň turzan indeýlerden we metislerden bütin bir goşun düzüldi. Gozgalaň ýurduň ep-esli bölegini öz içine aldy. Ispan häkimiýetleri Idalgo boýun egmegi teklip etdiler we onuň günäsini geçmegi wada berdiler. Idalgo teklibi ret etdi. Idalgonyň harby topary ispan kolonial goşunlary tarapyndan çym-pytrak edildi. Idalgony ýesir aldylar we 1811-nji ýylda atyp öldürdiler.

Idalgonyň işini onuň egindeşi, agaç ussasynyň ogly ruhany Morelos dowam etdirdi. Morelos iri ýer eýeleriniň ýerlerini ellerinden aldy, gulçulygyň ýok edilmegini tassyklady,

16. Sargyt № 1718

gynamaklygy ýatyrdy. Morelosy 40 müň indeý goldaýardy, onuň goşunlarynyň hatarlarynda birnäçe müň negr hem bardy. Emma ispan goşuny iri ýer eýelerini öz tarapyna çekip, gozgalaňçylary çym-pytrak etdiler we Morelosy atyp öldürdiler. Şeýle-de bolsa Meksika garaşsyzlyk ugrundaky göreşini dowam etdirdi. 1821-nji ýylda Meksika özbaşdak döwlet boldy. Birnäçe ýyl geçenden soň ýurt Respublika diýlip yglan edildi.

**Günorta Amerikadaky ispan koloniýalarynyň azat edilmegi.** Günorta Amerikanyň kolonial süteme garşy göreşen halklarynyň iň şöhratly gahrymany **Simon Boliwar** (1783 – 1830) boldy. Boliwar Wenesuelanyň azatlyk goşunyny döretdi we ispan goşunlaryna garşy üstünlikli söweşler üçin general derejesini aldy. Ol diňe bir kreollara – ýer eýelerine daýanman, eýsem, negrlerdir indeýleri hem göreşe galdyrýardy – ol gulçulygyň ýatyrylýandygyny yglan etdi we garaýagyz gullaryň bir bölegini öz goşunyna çekdi, daýhanlara – indeýlere bolsa uruş gutaran dessine ýer bermegi wada etdi.



**Simon Boliwar**

Boliwar kömek sorap, Ýewropanyň öňdebaryjy jemgyýetçiligine ýüz tutdy. Onuň ýanyna irlandlar, iňlisler, nemesler, italýanlar, polýaklar gelýärdi. 1819-njy ýylyň başlarynda Wenesuelanyň garaşsyzlygy yglan edildi. Hut şol ýylda Boliwar Wenesueladan ugrap, Täze Granadany ispanlardan azat etmek üçin ýörişe başlady. Boliwaryň baştutanlygy astynda gozgalaňçylar we ýerli ilat daglardan aşdylar we ispan goşunlaryny ýeňdiler. Täze Granada Wenesuela bilen birleşdi we Boliwar birleşen respublikanyň – Beýik Kolumbiýanyň prezidenti boldy.

**Argentinada, Çilide we Peruwda garaşsyzlyk ugrundaky uruşlar.** Argentinany general **Hose *San-Martiniň*** baştutanlygyndaky goşunlar azat etdiler. Soňra onuň

goşunlary Argentinadan ugrap, And daglarynyň üstünden iňňän kynçylyk bilen geçdiler we Çilini hem-de Peruwy azat etmäge kömek berdiler.

1822-nji ýylda Braziliýa Portugaliýadan bölünip aýryldy, emma gulçulygyň saklanyp galan we gul eýeleriniň örän güýçli ýerindäki täze döwlet respublika bolman, korollyk dolandyrylyşyna eýe boldy.

1824-nji ýylyň dekabrynda Peruwy özbaşdaklykdan mahrum etmäge synanyşan ispan goşunlary Boliwaryň goşunlary tarapyndan çym-pytrak edildi. Şondan soňky ýyl täze respublika – Boliwiýa respublikasy döredildi. Bu at ispanlara garşy göreşde Boliwaryň beren kömegi üçin ýurda onuň ady dakyldy.

Urugwaýda azatlyk ugrundaky göreş diňe bir ispan häkimiýetlerine garşy alnyp barylman, eýsem, bu ýurdy basyp almaga synanyşan braziliýaly we argentinaly iri ýer eýelerine garşy hem alnyp barylýardy. Ahyrsoňunda bu ýerde-de garaşsyzlyk yglan edildi.

**ABŞ-nyň we Angliýanyň Latyn Amerikasyna gyzyklanmalary.** Latyn Amerikasy ýurtlarynda birnäçe päsgelçiliklere garamazdan, iri maýa goýum önümçiliginiň ösmegi çaltlaşdy. Iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklary Meksikada has üstünlikli ösýärdi, emma ol hem oba hojalyk ýurdy bolmagynda galýardy, onuň ilatynyň aglabasy daýhanlardan ybarat bolup, olaryň ýagdaýy gullaryň ýagdaýyndan öwerlik däldi.

Ýaş respublikalaryň ählisinde iri mülkdarlaryň dürli toparlanyşyklarynyň arasynda häkimiýet ugrunda göreş gidýärdi. Şu göreşiň netijesinde demokratiýanyň galyndylaryny yzygiderli ýok edýän syýasy hem harby häkimiýete daýanýan düzgünler (diktatorçylyk) berkarar edilýärdi. Latyn Amerikasy döwletleriniň öz aralaryndaky uruşlar syýasy ýagdaýyň durnuksyz bolmagyny güýçlendirýärdi.

Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ykdysady taýdan yzagalaklygyndan we syýasy durnuksyzlygyndan Angliýa bilen

ABŞ peýdalanýardy. Olaryň esasy maksady Latyn Amerikasy ýurtlaryny ykdysady taýdan özlerine tabyn etmekdi. Angliýa bilen ABŞ iri ýer eýeleriniň toparlanyşyklarynyň birini beýlekisine garşy ulanýardylar, aýratyn-da, ýerli ähli häkimiýeti öz ellerine alan döwlet baştutanlaryny (diktatorlary) goldaýardylar, sebitiň syýasy dagynyklygyna ýardam edýärdiler. Iri ýer eýeleriniň ýerli toparlanyşyklarynyň bäsleşmekleri sebäpli, Beýik Kolumbiýa bilen La-Platanyň (Merkezi Amerikanyň) birleşen welaýatlary birnäçe döwlete dargady.

Angliýa bilen ABŞ garaşsyz döwletleri tabyn etmegi ilkinji gezek Latyn Amerikasynda amal etdiler. 1846-njy ýylda ABŞ Meksika garşy urşa başlady we onuň elinden Tehasy, Kaliforniýany hem-de Täze Meksikany basyp aldy.

**Soraglar**

1. XIX asyryň ortalarynda Latyn Amerikasy ýurtlarynyň garaşsyzlyk ugrundaky göreşleriniň sebäpleri näme?
2. Meksikada azat edijilik hereketine kimler ýolbaşçylyk etdi?
3. Angliýa bilen ABŞ Latyn Amerikasy ýurtlarynyň baknaçylykdan azat bolmaklaryny öz bähbitleri üçin nähili peýdalanypdyrlar?
4. Näme üçin Latyn Amerikasyndaky rewolýusiýalar tamamlanmadyk rewolýusiýalar hökmünde häsiýetlendirilýär?

## MAZMUNY

GIRIŞ.......................................................................................7
Geografiki açyşlaryň dowam etdirilmegi we onuň netijeleri.............10

I BÖLÜM
DÜNÝÄ DÖWLETLERI TÄZE TARYHYŇ
BIRINJI DÖWRÜNDE
(XVII – XIX asyrlar)
I bap. Ýewropa we Amerika ýurtlary
XVII – XVIII asyrlarda
Angliýa
§1. XVI – XVII asyrlaryň sepgidinde Angliýada
ykdysadyýetiň ösüşi we jemgyýetiň ýagdaýy.....................................14
§2. Angliýada rewolýusiýanyň başlanmagy........................................18
§3. Respublikanyň yglan edilmegi.....................................................22
§4. Parlament monarhiýasynyň berkarar edilmegi............................25
§5. Angliýada senagat öwrülişigi........................................................28
§6. Ylmyň we tehnikanyň ösüşi..........................................................32
Amerika
§7. Demirgazyk Amerikada iňlis koloniýalary...................................35
§8. Demirgazyk Amerikanyň koloniýalarynyň garaşsyzlyk
ugrundaky urşy..................................................................................39
§9. Garaşsyzlyk ugrunda uruş.............................................................43
§10. ABŞ-nyň döremegi.......................................................................46
Fransiýa
§11. Fransiýa XVI – XVII asyrlaryň sepgidinde.................................49
§12. Fransiýanyň syýasy we ykdysady ýagdaýy.................................53
§13. Beýik fransuz rewolýusiýasy........................................................55
§14.Bastiliýanyň alynmagy..................................................................59
§15. Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasy............................62
§16. Ýakobinçileriň diktaturasynyň berkarar edilmegi.......................67
§17. Direktoriýa we onuň uruşlary......................................................73
Russiýa
§18. Russiýa XVII asyrda.....................................................................77
§19. Russiýa XVIII asyryň birinji ýarymynda.....................................82

§20. Demirgazyk urşy we onuň netijeleri ........................................86
§21. Russiýa imperiýasy XVIII asyryň ikinji ýarymynda..................90
§22. Russiýanyň daşary syýasaty .................................................93
§23. Medeniýet ...............................................................................96
**XVII – XVIII asyrlarda halkara gatnaşyklary**
§24. Ýewropada 30 ýyllyk uruş ......................................................100
§25. Demirgazyk urşy ...................................................................105
§26. Ýediýyllyk uruş .....................................................................108
**XVIII asyrda Ýewropada magaryfyň ösüşi**
§27. XVIII asyrda Ýewropada magaryf ..........................................112
§28. XVIII asyrda Ýewropada syýasy-aňyýet garaýyşlaryň ösüşi .....115
**Günbatar Ýewropa halklarynyň medeniýeti**
§29. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň halklarynyň medeniýetiniň ösüşiniň esasy ugurlary ........................................................119
§30. Aýdym-saz we şekillendiriş sungaty ......................................123
§31. Ýewropada we Amerikada buržuaz rewolýusiýalary we olaryň netijeleri ..............................................................................127
§32. Dünýäniň geosyýasy kartasy..................................................129

**II bap. Aziýa we Afrika ýurtlary**
**XVII asyryň ikinji ýarymyndan XIX asyryň**
**ortalaryna çenli döwürde**
**Osman imperiýasy**
§ 33. Osman imperiýasynda özgertmeleri geçirmeklige synanyşyklar ..............................................................................132
§ 34. Osman imperiýasynyň Ýewropa syýasaty ..............................136
**Eýran**
§ 35. Eýranda Sefewi türkmenleriniň hökümdarlygy .......................139
§ 36. Eýranda Gajar türkmenleriniň hökümdarlygy .........................143
§ 37. Owganystanda Dürranylar döwletiniň döremegi......................146
**Merkezi Aziýa we Kawkaz**
§ 38. Döwletleri we halklary...........................................................149
§ 39. Kawkaz halklarynyň Osman imperiýasy, Eýran we Russiýa döwletleri bilen gatnaşyklary...................................................155
**Hindistan**
§ 40. Beýik Mogollar döwletiniň gowşamagy ...................................158
§ 41. Hindistanda syýasy dagynyklyk .............................................162
**Hytaý**
§ 42. Mançžurlaryň Hytaýy basyp almagy .......................................166
§ 43. Ýewropalylaryň Hytaýa aralaşyp başlamagy............................170
**Ýaponiýa**
§ 44. Tokugawa nesilşalygynyň häkimiýet başyna gelmegi..............174
§ 45. Ýaponiýada orta asyr gatnaşyklarynyň gowşamagy ................178

**Afrika**

§ 46. Afrika XVII – XIX asyrlarda ....................................................181

**II BÖLÜM**
**XIX ASYRDA INDUSTRIAL JEMGYÝETIŇ ÖSÜŞI**
**I bap. Ýewropa we Amerika ýurtlary XIX asyryň birinji ýarymynda**

**Fransiýa XIX asyryň birinji ýarymynda**

§ 47. XVIII– XIX asyrlaryň sepgitlerinde Fransiýanyň basybalyjylykly uruşlary ....................................................185
§ 48. Fransiýa XIX asyryň birinji ýarymynda....................................190
§ 49. Germaniýa XIX asyryň birinji ýarymynda ................................194
§ 50. Angliýa XIX asyryň birinji ýarymynda......................................197

**Russiýa**

§ 51. XIX asyryň birinji ýarymynda Russiýanyň içeri syýasaty ........203
§ 52. XIX asyryň birinji ýarymynda Russiýanyň daşary syýasaty ....208

**Amerikanyň Birleşen Ştatlary XIX asyryň birinji ýarymynda**

§ 53. XIX asyryň birinji ýarymynda ABŞ-nyň ykdysady we syýasy ösüşi..........................................................................212
§ 54. ABŞ-nyň ýerleriniň Günbatarda giňelmegi...............................215
§ 55. Industrial jemgyýetde jemgyýetçilik-syýasy pikirleriň ösmegi .....................................................................................219

**Ýewropada 1848–1849-njy ýyllaryň rewolýusiýalary we olaryň netijeleri**

§ 56. Fransiýada 1848-nji ýylyň rewolýusiýasy ................................223

**Germaniýa, Italiýa, Awstriýa rewolýusiýalary**

§ 57. Prussiýada rewolýusiýanyň başlanmagy...................................227
§ 58. Italýan döwletlerindäki rewolýusiýalar....................................231
§ 59. Awstriýadaky rewolýusiýa .......................................................234

**Latyn Amerikasy**

§ 60. Ýewropa ýurtlarynyň Latyn Amerikasyndaky kolonial mülkleri..................................................................237
§ 61. Garaşsyzlyk ugrundaky uruşlaryň başlanmagy .......................241

Jumadurdy Annaorazow, Gülşat Orazmuhammedowa,
Muhammet Akmyradow, Hojaberdi Çakanow

# TÄZE TARYH

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
VIII synpy üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *A. Kiçiýewa* |
| Kompýuter bezegi | *M. Mullikowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *O. Atababaýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 18.04.2017.
Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$. Century Schoolbook garniturasy. Çap listi 15,5.
Şertli çap listi 15,5. Şertli-reňkli ottiski 62,25.
Hasap-neşir listi 13,82. Sargyt № 1718. Sany 104000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.

## Okuw kitabynyň peýdalanylyşy barada maglumat

| № | Okuwçynyň ady we atasynyň ady | Okuw ýyly | Kitabyň saklanyş ýagdaýy | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Okuw ýylynyň başynda | Okuw ýylynyň ahyrynda |
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |
| 5 | | | | |